**Iwan TURGENEW**

# B A H A R  B U L A K L A R Y

**(Powest)**

Şagalaňly ýyllam,
Bagtyýar günlem.
Bahar bulagy deý,
Geçdi deňimden.
**(Köne romandan)**

Ol gije sagat ikilerde öz iş otagyna dolanyp, şem ýakýan hyzmatkäri gapydan çykaransoň, pejiň golaýyndaky kürsä özüni goýberdi-de, iki eli bilenem ýüzüni tutdy. Henize çenli ol beýle derejedäki beden ýadawlygyna-da, ruhy argynlyga-da sataşmandy; tutuş agşam göze ýakymly zenanlaryň, medeniýetli kişileriň arasynda boldy. Zenanlaryň käbiri owadandy, erkekleriň bolsa hemmesi diýen ýaly akyllydy, zehinlidi, onuň özi-de gürrüňdeşlerinden asgyn däl, gaýtam, belent bolup göründi. Oňa garamazdan, rimlileriň bireýýäm aýdyp gidişi ýaly, «taýedium witaýe» — «beýle durmuşa bolan ýigrenç» onuň kalbynda henize çenli häzirkisi ýaly möwç almandy, beýdip demligini gysmandy. Şu mahal ýaşy birneme bärräk bolaýan bolsa, ol hasratdan, içgysgynçlykdan, öjükmeden ýaňa gözýaş ederdi. Ýowşanyň ysy ýaly ýiti hem ajy tagam onuň gursagyny doldurdy, haýsydyr bir ýapyşyp ýatan ýigrenji agyr zat güýzüň garaňky gijesi ýaly gysyp-gowrup barýardy. Şol garaňkylykdan, şol ajylykdan ol nädip ara açjakdygyny bilmedi. Ýatmagyň-a pikirini-de edip oturmaly däldi, uklanmajakdygyny ol anyk bilýärdi.

Ol oýlanmaga başlady, özi-de howlukman, ýöne ary köýen ýaly gazaply oýlandy, adamzat ähliniň başagaýlygy hakda, gerekmezligi hakda, pes ahlagy hakda pikir aýlady. Dürli ýaşdaky adamlar onuň aň derňewinden geçdi (özüniňem ýakynda 52 ýaşy dolupdy). Göz öňünden geçirenleriniň ýekejesine-de ol rehimdarlyk etmedi. Hemme ýerde hemme zat hemişeki bolşy ýaly, manysyzlykdan bimanylyga akdyrylýar, ýumşak suw gaýtadan ýumşadylýar, ýarym sapýüreklilik, ýarym düşünjelilik bilen şol bir özüňi köşeşdirmek. «Çaga nämä güýmense, şoňa güýmensin — aglamasa bolany, derrewem — şeýle boljagy hakykat — depäňden gar ýagan ýaly bolup garrylyk basar» diýip, ýagdaýa gözi ýetip duran halatynda-da adam öz-özüni aldaýar. Garrylyk bilen birlikde-de, kem-kemden güýjeýän, barha igledýän, ýuwaş-ýuwaşdan iýip gutaryp barýan ölüm howpy abanar welin, sen-men ýok, düýpsüz gorpa agdarylyp gidersiň. Üstesine-de, ömür şeýle oýun bilen gutarsa-ha ne ýagşy, ýogsam ýoluň ahyrynda, demre degen posa meňzäp güýç-kuwwatsyzlygyň, görginiň... ýaran bolmagy-da ahmaldyr. Adam durmuş deňzini, şahyrlaryň beýan edişi ýaly, apy-tupanly gomlara bürenendir öýtmän, keýpiňi bozmaýan, parahat, tä garaňky düýbüne çenli-de lowurdap duran närse hasaplaýar, özüni hem çala yraň atýan gaýygyň üstünde oturan ýaly göz öňüne getirýär. Aşakda, deňziň gyrmança basan düýbünde ullakan balyga çalymdaş aýylganç dan howply jandarlar çala göze

kaklyşýar. Olar durmuşyň ähli ýakymsyzlyklaryny, keselini, hasratyny, bimanylygyny, ýaramazlygyny, pukaralygyny, körlügini... aňladýar. Adam garap otyr welin, şol elhenç nägehanlaryň biri tümlükden saýlanýar-da, kem-kemden ýokaryk galýar, kem-kemden hem aýylganççlygy, örän aýylganççlygy aýyl-saýyl görnüp başlaýar. Sähel salymdan onuň gelip uran gaýygy agdarylýar. Ýöne ol wagşy jandar ýene reňkini ýitirýän ýaly bolup barha ara açyp, deňziň düýbüne ýetensoň, ýüzgüjini çalaja gymyldadyp ýatmak bilen bolýar. Ýöne takdyryň bellän güni gelip ýeter welin, ol nägehan gaýygy düňderip taşlar.

Ol başyny silkdi, kürsüden laňňa galdy, otagyň içinde biraz gezmeledi, ahyram ýazuw stolunyň başyna geçdi-de, tahyllary gezek-gezegine açyşdyryp, öz köne, esasanam, köpüsi aýallaryň ýazan hatlaryndan ybarat kagyzlaryny dörüşdirmäge başlady. Bu hereketi näme üçin edýändigini onuň özi-de bilmeýärdi, hiç zat gözlemeýärdem-de, haýsydyr bir gapdaldan dörän güýmenjä ünsüni bölüp, özüni halys eden oý-pikirlerden daşlaşmak isleýärdi. Gabat gelen hatlaryň birnäçesini açyp (olaryň birinde daşy reňki solup giden mata bilen daňlan güljagaz bar eken), ol egnini gysdy, buhary peje seretdi-de, hatlary bir gyra süýşürdi. Çaky, ol saralan kagyzlaryň gerekmejeklerini oda taşlamak isleýärdi. Tahyllaryň kä birine, kä beýlekisine howlukmaçlyk bilen elini sokuşdyryp, birdenem ol gözlerini giňden açdy-da, sekiz burçly çaklaňja gadymy gutyny howlukman çekip aldy, emaý bilen onuň gapagyny galdyrdy. Gutuda iki gat edilip goýlan nah matanyň aşagynda kiçijik gyrmyzy haç bar eken.

Ol az salym haçy aňk-taňk bolup synlady, birdenem duýdansyz gygyryp goýberdi, ýüzüne şatlygyňmy ýa ahmyryňmy alamaty çaýyldy. Adam kän wagt bäri gözünden gaýyp bolan, birmahal örän eý gören, ýyllaryň geçmegi bilen daş sypaty özgeren, ýöne şol köne tanşy bolup, garaşman durka gabat gelende şeýle ýagdaýa düşýär.

Ol ýerinden turup, pejiň ýanyna dolandy-da, oturgyja özüni goýberensoň, ýene ýüzüni tutdy. Aňynda: «Näme üçin şu gün? Hut şu gün?» diýen sowal döredi. Şol sowal hem bireýýäm bolup geçen kän-kän wakany onuň ýadyna saldy.

Ine, onuň ýatlan wakalary...

Ýöne, öňürti ol adamyň kimdigini aýtmak gerek. Ol Dimitriý Pawlowiç Sanin. Onuň ýatlan wakalary bolsa, ine, şulardan ybarat:

## I

Waka 1840-njy ýylyň tomsunda bolupdy. 22 ýaşyny dolduran Sanin Italiýadan Russiýa dolanyp gelýärkä, Frankfurtda düşledi. Ol aňyrsynda tükenmez baýlygy bolmasa-da, erkindi, entek öý-işik-de bolmandy diýen ýalydy. Ol işe durmanka, uzadan ýeriňe eliňi ýetirip ýaşamagyň ýalňyz serişdesi hasaplaýan edara gullukçysynyň hamydyny boýnuna ildirmänkä, dünýäden öten daşkyrak garyndaşyndan miras galan birnäçe müň manadyna daşary ýurtlary aýlanmak isledi. Sanin bu maksadyny aňry ýany bilen amala aşyrdy. Ol Frankfurta gelip düşen güni jübüsinde laýyk Peterburga ýetýänçä oňaýar ýaly sanalgyja pul galypdy. 1840-njy ýylda demir ýoluň mümkinçiligi hem çäklidi. Şonuň üçinem syýahatçy jenaplar diližanslardanam peýdalanýardylar. Sanin özüne agşam sagat 11-lerde ugraýan «beýwagenden» (diližana goşmaça tirkew) orun aldy. Ulagyň ugramagyna entek

wagt kändi. Howa-da diýseň ýakymlydy. Şol sebäpli öz döwrüniň belli myhmanhanasynyň restorany bolan «Ak guwda» naharlanan Sanin şähere gezelenje çykdy. Gaty bir islemese-de, Dannekerowyň Ariadnasyny görmäge bardy. Eserlerinden diňe «Werteri», onda-da fransuzçasyny okanam bolsa, ol Gýotäniň öýüne hem aýlandy, Maýn derýasynyň kenarynda gezim etdi, edepli syýahatçylarda adat bolşy ýaly, onuňam içi gysdy, ahyr soňunda-da, agşam sagat altylarda, tot-tozan siňen köwşüni süýräp, ýadaw halda, Frankfurtyň kiçeňräk köçeleriniň birine gadam basdy. Sanin soň ol köçäni kän wagtlap hakydasyndan çykaryp bilmedi. Ol köçäniň az sanly jaýlarynyň biriniň maňlaýyndaky ötegçilere «Jiowanni Rozelliniň italýan süýji-köke kärhanasy» diýen habary ýetirýän ýazgyny gördi. Ol hem-ä kiçeňräk kärhanady, hemem ýaşalýan öýdi. Sanin bir bulgur limonad içmek meýli bilen ol jaýyň bosagasyndan ätledi. Ýöne girilen ilkinji otagda sadaja kapasanyň aňyrsyndaky reňklenen şkafyň tekjesinde diňe altynsow reňkli belgi ýelmenen, dermanhanany ýatladýan birnäçe çüýşe, olaryň gapdalynda-da içi kakadylan çörekli, şokolad kökejikli, mampasaly aýna gapjagazlar bardy. Otagda bir çal pişikden gaýry janly-jandar görünmeýärdi. Çal pişik aýnanyň gapdalyndaky beýik örme oturgyjyň üstünde aýaklaryny çalşyryp ädimläp ýörşüne, gözlerini süzüp myrlaýardy we ol ýaşyp barýan Günüň içerik düşýän ýagtysyna aýdyň görünýärdi. Gyzyl ýüňden egrilen ullakan ýumak haşamly agaçdan ýasalan, agdarylan sebediň gapdalynda ýatyrdy. Goňşy otagdan howsalaly ses gelýärdi. Esli garaşan Sanin gapynyň jaňyny uzak jaňňyrdadansoň: «Bu jaýda habarlaşmaga hiç kim ýokmy?» diýip, gaty ses bilen gygyrdy. Şol pursat hem goňşy otagyň gapysynyň açylmagy bilen dörän ýagdaý Sanini biygtyýar gaty geňirgendirdi.

## II

Burum-burum gara saçlary seçelenip, ýalaňaç eginlerine dökülip duran on dokuz ýaşlaryndaky gyz, haraý isleýän ýaly, iki elini hem öňe uzadyp, tüweleý ýaly bolup otaga atylyp girdi-de, Sanine gözi düşensoň, derrew oňa tarap okduryldy. Nätanyş kişiniň elinden ýapyşan gyz, sojap-sojap: «Tizräk boluň! Halas ediň!» diýip, ony öz yzy bilen goňşy otaga tarap çekip başlady. Tabyn bolmagy islemezlikden däl-de, çakdanaşa haýran galýandygy sebäpli, Sanin desbi-dähel gyzyň yzyna düşübermän, bir duran ýerinde durdy. Ol şu ömründe beýle gözel gyza gabat gelmändi. Sesinde, seredişinde, solgun ýaňagyna elten sandyraýan barmaklaryndan, eliniň hereketlerinden örän aljyraňňydygy duýlup duran gyz nätanşa tarap ýüzüni öwrüp: «Ýöräň ahyryn, ýörüň-ä!» diýen badyna, Sanin onuň yzy bilen gyssanmaç açyk gapa ýöneldi.

Giren otagynda atyň ýalyndan, guýrugyndan alnyp edilen köne biçüw diwanyň üstünde sypatynda adam ruhy galmadyk on dört ýaşlaryndaky ýigdekçe ýatyrdy. Onuň sarymtyl menekli aksowult ýüzi mumy ýa-da gadymy mermeri ýatladýardy. Ýetginjek aljyrap ýören gyza şeýlebir meňzeşdi welin, haýran galaýmalydy. Ol gyzyň jigisi bolmaga çemeli. Oglanyň gözleri ýumukdy, gür gara saçlary gataňsy maňlaýynyň hem gyýlan hereketsiz, inçe gaşlarynyň üstünde tegmil ýaly bolup durdy, göm-gök dodaklarynyň arasyndan gysylan dişleri görünýärdi. Ol dem almaýan ýalydy, bir eli ýere sallanyp ýatyrdy, beýlekisi bolsa kellesiniň aşagyndady. Oglan

geýnüwlidi, ilik-düwmeleri hem ildirilendi, gaty çekilen ýakabagy bolsa boýnuny mäkäm gysyp durdy.
Biçäre gyz pelesaň urup, perýat edilip, oglana tarap okduryldy:
— Bu ölendir! Ölendir! Ýap-ýaňyja-da ol şu ýerde meň bilen gürrüňleşip otyrdy, birdenem ýykyldy-da, gymyldaman ýatyberdi, Eý, Hudaý! Indi muňa kömek edip bolmazmyka? Pantaleone! Pantaleone, lukman hany? — diýip, gyz birdenem italýança gepledi. — Sen lukmanyň yzyndan gitmediňmi?
Gapynyň aňyrsyndan:
— Sinýora[1], özüm gitmedim-de, Luizany iberdim — diýen boguk ses eşidilenden soň, müçesi ownuk bir goja, gyşyk aýaklaryny süýräp içerik girdi. Ol egni ilikleri gara, melewşe frakly[2], ýogyn düwlen ak ýakabagly, gysga pantalonly, aýagy gök ýüň joraplydy. Onuň naşyja ýüzi demir reňk, çal sepen gür saçynyň astyndan çala görünýärdi. Çar tarapdan hüžžerip ýokaryk galan, uçlary ýene aşak sallanan örme saçlary gojany hüpükli towuga meňzeş edip görkezýärdi. Ýüzüne dökülip duran şol çalymtyl hüžžük saçlarynyň aňyrsyndan görünýän jüýk bilen tegelejikden sary gözjagazlary bolsa ony towuga meňzedýärdi.
— Luiza menden tiz gidip geler. Men ylgabam bilemok ahyryn — diýip, beýik ökjeli köwüş geýen, ýasy dabanly, bogunlary agyryly aýaklaryny gezek-gezegine ýokaryk galdyran ýaşuly gepini italýança dowam etdi. — Men, ynha, suwam getirdim.
Ol gataňsy hem tagaşyksyz barmaklary bilen elindäki çüýşäniň uzyn bokurdagyndan gysymlap durdy.
— Ýöne lukman gelýänçä Emil öler! — diýip, aljyraňňy gyz Sanine elini uzatdy. — Eý, jenabym — o meýin Herr! — Eýsem, sizdenem delalat ýokmy?
— Gan almaly. Beýle ýagdaý ganjoşmanyň urgusydyr — diýip, Pantaleone diýilýän goja öz pikirini beýan etdi.
Sanin, lukmançylykdan düýpden başy çykmasa-da, on dört ýaşly ýetginjekde ganjoşma urgusynyň bolmaýandygyny anyk bilýärdi.
— Bu urgy däl. Oglan özünden gidipdir — diýip, Sanin goja seredip gepledi. — Sizde çotga barmydyr?
Goja Pantaleone ýüzjagazyny göterdi.
— Näme diýdiňiz-ä?
— Çotga, çotga — diýip, Sanin hem nemesçe, hem fransuzça gaýtalady. Ýene-de bir gezek çotga sözüni aýdyp, onuň eşik arassalanýan zatdygyny elleriniň hereketi bilen düşündirdi.
Goja ahyr gepe düşündi.
— Çotga diýsene! Spazzette! Çotgasyz öý bolarmy!
— Bar bolsa, getiriň-dä! Biz oglanyň eşiklerini çykaryp, endamyna çotga sürteris.
— Ýagşy.... Wenone! Kellesine suw akytmak hökman dälmi?
— Ýok. Ol soň. Ýöne çotgany tiz getiriň!
— Elindäki çüýşäni ýerde goýan Pantaleone otagdan howlukmaç çykdy-da, derrewem bir eli saç daralýan, beýlekisi geýim arassalanýan çotgaly dolanyp geldi. Gojanyň yzyna düşüp ýören buýra-buýra tüýli öýdeçi it hem içerde gopýan

[1]Sinýora—hanym — italýança aýal maşgala hormatly ýüzleniş.
[2]Frak—uzyn eteginiň öň tarapy dilik,erkek adamyň daşky eşigi (tejimeçiniň belligi).

aljyraňňylygyň manysyny aňjak bolýan ýaly, guýrugyny bulap, kä garra, kä gyza, käte hem Sanine bilesigelijilik bilen seredýärdi.

Sanin oglanyň iki tarapy-da hatar ilikli uzyn syýly daşky eşigini çakganlyk bilen çykaryp, köýnegininem ýeňlerini çermeşdirenden soň, onuň döşüni, ellerini dogumlylyk bilen çotgalamaga başlady. Pantaleone bolsa saç daralýan çotgany oglanyň ädigine, eşiklerine yhlas bilen sürtmäge durdy. Diwanyň gapdalynda dyza çöküp, iki eli bilenem kellesini tutup oturan gyz gabaklaryny gymyldatman, ähli ünsüni doganynyň ýüzüne gönükdiripdi.

Sanin hem çotga işledýärdi, hem-de assyrynlyk bilen gyzy göz astyndan synlaýardy: «Eý, Taňrym! Bu gyzyň beýle owadandygyny!»

## III

Gyzyň burny adaty burundan birneme ulurakdy, ýöne örän owadandy, «bürgütburun» diýilýänlerdendi, örän ownujak tüýjagazlar ýokarky dodagynyň üstünde çalaja bildirýärdi, oňa derek, ýalpyldap duran bolmasa-da, pil süňküne ýa-da süýtreňk ýantara juda meňzeş ýüzüniň reňki dup-durudy, ýalpyldap duran buýra saçy Palasso-Pittdäki Ýudifi Alloriýewanyňky ýalydy. Aýratynam, onuň göreçleriniň töweregi keşde bilen jäheklenen garamtyl çal gözleriniň şatlyk nuruny kalbyna aralaşan gorkudyr hasrat hem peseldip bilmändi... Sanin syýahat edip gelen ajaýyp ýerlerini özünden erksiz ýatlamaly boldy... Ol hatda Italiýada-da beýle gözellige gabat gelmändi! Tolgunýany sebäpli gyz demini haýal hem sojap-sojap alýardy, her dem alanda, doganynyňam dem almagyna garaşýan ýalydy.

Sanin ýigdekçäniň döşüne çotga sürtüp durşuna, diňe gyzy-da synlamaýardy. Pantaleonäniň özboluşly keşbi hem onuň ünsüni çekýärdi. Goja indi halys gurpdan gaçan kişidi, demini-de haşlap alýardy, elindäki çotgany her gezek aýlanda-da tisginip gidýärdi, gaty-gaty hyklaýardy, der siňip agralan örülgi saçlary bolsa ullakan agajyň suwuň akymyna açylan kökleri ýaly bolup, saga-sola hallan atýardy.

Sanin oňa:

— Iň bolmanda, onuň ädiklerini beri çykaryň ahyryn! — diýmek isledi.

Bolup geçýän ýagdaýyň adaty däldigini aňyp, howsala tapan it birden öň aýaklarynyň üstünde oturdy-da, üýrmäge başlady.

Goja:

— Tartaglia — sanaglia[3]! — diýip, «ýuwaş» diýen manyda ite ýüzlendi.

Hut şol pursat hem gyzyň ýüzi ýagtylyp gitdi, çytyk gaşlary ýokaryk galdy, öňküsindenem ulalan gözlerinde şatlyk uçgunlary peýda boldy.

Sanin ýigdekçä garady, onuň aksowult ýüzüne gan inip başlandygy göründi, gabaklary gymyldady, burun deşikleriniň gyralary titredi. Ol entegem gysylyp duran dişleriniň arasyndan howa sorup, uludan dem aldy.

— Emil! — diýip, gyz çasly gygyrdy. — Emilio mio!

Ýuwaş-ýuwaşdan açylan ullakan gara gözler, entek öçügsi garaýanam bolsalar, olarda şatlyk alamatlarynyň uçganaklaýandygyny aňyp bolýardy. Şol gowşaksy

---

[3]Myrryh (ital).

şatlyk solgun dodaklara-da baryp ýetdi. Soňra ýigdekçe sallanyp ýatan elini galdyrdy-da, ony gerim bilen aýlap, döşüniň üstünde goýdy.

— Emilio! — diýip gaýtalan gyz birneme dikeldi. Onuň ýüzi şeýlebir täsir ediji ýagdaýdady welin, edil häzir gözýaş dökmekligiň ýa-da ulili bilen gülüp goýbermekligiň nyşany bardy.

Gapynyň aňyrsyndan:

— Emil, bu nä boluş? Emil! — diýen sözler eşidildi-de, gowy geýnüwli kümüşsöw saçly, bugdaýreňk bir aýal haýdap içerik girdi. Onuň yzyndanam ýaşy durugşan erkek adam peýda boldy, soňky geleniň ýeňsesindenem hyzmatçynyň kellesi görnüp gitdi.

Gyz gelenlere tarap ylgady.

— Ol halas edildi, eje! Ol diri! — diýip, sandyraýan eli bilen gelen aýaly gujaklap, gyz begençli habaryny aýtdy.

— Näme boldy asyl? — diýip, aýal öňki sowalyny gaýtalady. — Men dolanyp gelýärkäm, jenap lukman bilen Luiza gabat geldim...

Gyz bolan ahwalaty beýan etmäge durdy, lukman hem kem-kemden özüni dürsäp başlan, henizem ýylgyrmasyny dowam edýän näsagyň golaýyna bardy. Ýetginjegiň bolşy adamlary azara goýanyndan uýalýan ýalydy.

— Görýän welin, siz näsagyň bedenine çotga sürten ýaly-la? — diýip, lukman hem Sanine, hemem Pantaleonä ýüzlendi. — Örän oňat edipsiňiz. Gaty dogry çözgüt. Ynha, bizem niçiksi däri-derman etmelidigini anyklarys... — Ol oglanyň ýüreginiň urşuny diňledi. — Hm-m! Hany, diliňizi görkeziň!

Aýal uly alada bilen oglana tarap egildi. Oglan öňküsindenem janly ýylgyryp, zenana nazar aýlanda ýüzi gyzardy.

Özüniň bu ýerde artykmaç adam bolup barýandygy baradaky pikir kellesine gelen Sanin süýji-köke satylýan dükana çykmak isledi, emma daşky gapynyň tutawajyna elini ýetirip-ýetirmänkä, haýdap gelen gyz ony saklady.

— Siz gidýäňizmi? — diýip, ol Saniniň ýüzüne mähirli nazaryny aýlady. — Men häzir sizi saklamaýyn, ýöne şu gün agşam bize gürrüňsiz gelmeli bolarsyňyz. Biz size şeýlebir minnetdar... belki-de, siz meniň doganymy göni gelen ajaldan halas edensiňiz. Minnetdarlyk bildirmek isleýäs. Ejemiň şeýtmek höwesi bar. Siz özüňizi tanyşdyryp, biziň bilen şatlanmaly bolarsyňyz...

Sanin:

— Ýöne men şu gün Berline ugraýaryn — diýen habaryny aýdyp-aýtmanka;

— Gitmäge ýetişersiňiz — diýip, gyz derrew onuň sözüni böldi. — Ýene bir sagatdan şokoladly içgini içmäge geliň. Söz berýäňizmi? Men-ä ýene onuň ýanyna barmaly. Gelersiňizmi?

Sanine gyzyň garaşýan ýeke sözüni aýtmakdan gaýry ýol galmady.

— Gelerin.

Owadan gyz çalt hereketleri bilen onuň elini gysdy-da, şol demde gözden gaýyp gitdi.

Sanin eýýäm köçede peýda boldy.

## IV

Sagat ýarym çemesi geçensoň, Rozelliniň süýji-kökeli dükanyna dolanyp gelende, Sanini iň ýakyn adam hökmünde kabul etdiler. Emilio endamyny çotgaladan ýerinde, diwanynyň üstünde otyrdy. Däri-derman bellän lukman oňa «duýga-joşguna gezek gelende örän ägä bolmalydygyny» tabşyrdy. Onuň hyjuwlylygynyň degna ýakynlygy üçin, ýürek kesellilere ýaramsyz täsirini ýetirmegiň mümkindigini belledi. Oglan ozal hem birnäçe gezek özünden gidipdi, emma tutgaýynyň şu günki ýaly uzaga çekip, agyr geçen gezegi bolmandy. Ýöne lukman howply ýagdaýyň yzda galandygyny aýtdy. Dertlerinden saplanyp ugran Emiliň egninde özüne gelşip duran giň biçüwli eşikleri bardy, ejesi bolsa onuň boýnuna mawy ýüň ýaglyk orapdy. Daşyndan garanyňda, Emiliň ýagdaýy oňatdy, şähdaçykdy, keýpiçag adama meňzeýärdi. Asyl tutuş içeri hem baýramçylyk howasyna dolan ýalydy. Diwanyň öňündäki arassa mata örtülen tegelek stoluň üstünde töweregi gap-gaç bilen, biskwitdir kökeler, hatda güller bilenem gurşalan, içi hoşboý ysy gelip duran şokoladly içgiden doldurylan ullakan farfor kofedan durdy. Iki sany gadymy şemdanyň hersinde inçejik mumly şemiň altysy ýanýardy. Diwanyň bir tarapynda ýumşak wolter kürsüsi birine «gujak açyp» garaşýardy. Şol «biri» hem Sanin bolup çykdy. Ony şol hormatly orunda oturtdylar. Onuň dükanda tanşanlarynyň hemmesi, şol sanda, Tartalýa atly it bilen pişik hem bu ýerdedi. Her kim özüni diýseň bagtyýar saýýardy, it, hatda keýpiniň çaglygyndan ýaňa asgyrybam goýberdi, diňe näz-kereşme edýäne meňzeýän pişik adaty bolşy ýaly ýüzüni çytýardy. Sanine özüniň kimdigini, nirede önüp-ösendigini, adyny aýtmaga mejbur etdiler. Ol milletiniň rusdugyny aýdanda, eneli-gyzyň ikisi-de, hut içlerini çekip geňirgendiler. Şol pursat olar Saniniň nemes dilinde örän oňat gepleýändigini, eger myhmanyň özi üçin amatly bolsa, eneli-gyz oňa fransuzça geplese-de garşy bolmajakdyklaryny nygtadylar. Sanin olaryň teklibinden peýdalanmaly diýen netijä geldi.
«Sanin! Sanin!». Eneli-gyz rus atlarynda-da beýle aňsat aýdyp bolýanynyň bardygyna haýran galdylar. Saniniň ady Dimitriý. Ony hem öý eýeleri juda haladylar. Öý bikesi ýaş mahallary «Demetrio e Polibio» diýen ajaýyp opera tomaşa edendigini ýatlap, «Dimitriniň» «Demetriodan» has gowudygyny belledi. Şeýlelikde, Sanin olar bilen bir sagat çemesi gürleşip oturdy. Eneli-gyz öz şahsy durmuşlarynyň hemme taraplary bilen Sanini jikme-jik tanyşdyrdylar. Gyzyň çal saçly ejesi has-da kän gepledi. Sanin oňa Leonora Rozelli diýilýändigini, ýigrimi bäş ýyl mundan ozal asly Wiçensden bolan, Frankfurta göçüp gelibem süýji-köke taýýarlamak hünärini dowam eden Jiowanni Battista Rozelli atly, az-kem gyzmarakdygyna, tekepbirräkdigine garamazdan, örän oňat adam, üstesine-de, respublikaçy bolan äriniň ýogalyp, dul galandygyny bildi. Şol habarlary aýdanda Rozelli hanym diwanyň ýokarsyndan asylgy, ýagly reňk bilen çekilen surata elini salgady. Çaky, respublikaçy hasaplanmaly suratkeş hem, Rozelli hanymyň uludan dem alyp bellemegine görä, suraty çekilýän bilen şekiliň meňzeşligini tutup bilmändir. Sebäbi merhum Jiowanni Battista suratda, birhili, gamgyn, Rinaldo Rinaldini ýaly ýowuz briganta meňzäpdir. Rozelli hanymyň özüniň dünýä inen ýeri bolsa «ölmez-ýitmez Korrejio tarapyndan haşamlanan şeýle täsin gümmezli gadymdan gelýän ajaýyp şäher Parmi» eken. Ýöne Germaniýa göçülip gelneli bäri kän wagtyň geçmegi bilen onuň özi-de nemese öwrüliberipdir. Soň hem ol hasrat bilen başyny ýaýkap, indi onuň göz dikip oturanynyň «diňe şu gyz bilen şu oguldygyny» (ol ogly bilen gyzyna tarap gezek-

gezegine barmagyny uzatdy) hemem gyzyna Jemma, ogluna-da Emilio diýilýändigini, olaryň ikisiniňem ýumşakdygyny, aýdylana gulak asýandyklaryny, aýratynam, Emilionyň şeýledigini nygtady. («Men ýumşak däl-dä?» diýip, Jemma derrew suňşurdy. «Ah, sen respublikaçy!» diýip, ene hem tiz jogap gaýtardy). Ol indi işiň süýji-köke öndürmegiň beýik ussady bolan adamsynyň diri döwründäkisi ýaly şowuna däldigini («Un grand' iomo!» diýip, Pantaleone ýowuz sypata girip, aýdylany alyp göterdi), oňa garamazdan, entek, Hudaýa şükür, ýaşap boljakdygyny nygtap, öňki aýdylanlaryň üstüne goşdy.

## V

Ejesiniň aýdýanlaryny diňläp oturan Jemma kä gülýärdi, kä uludan dem alýardy, kä onuň egninden sypalaýardy, kä barmagyny çommaldyp haýbat atýardy, käte-de Sanine seredýärdi. Iň soňunda-da, ol ýerinden turdy-da, boýnundan gujaklap, çukanakly ýaňagyndan ogşady. Gyjygy tutan ene şyg-şyglap uzak güldi. Pantaleone bilenem Sanini tanyşdyrdy. Asyl ol goja birmahallar bariton sesli opera aýdymçysy bolan eken. Teatrda işlemesini goýanyndan soň ol Rozellileriň maşgalasynda dost hem hyzmatkär aralykdaky adam bolup galyberýär. Germaniýada köp ýyllar bäri ýaşaýanam bolsa, Pantaleonäniň nemes dilini bilşi ýabygorludy, hatda paýyş sözlerini hem ýoýup ulanýardy. Ol öňýeten nemese diýen ýaly «Ferroflukto spiççebubbio» («nälet siňen dereksiz») diýip gargynýardy, italýan dilini bolsa, dogduk mekany «lingua toscano in bocca romana» («Toskan dili Rimiň agzynda») sözleri ulanylýan Sinigali bolany üçin, köstsüz bilýärdi. Emilio bolsa ýap-ýaňy uly howpdan sypan ýa-da näsaglykdan saplanyp ugran adam ýaly ýakymly duýgulara beslenip, läliksireýäne meňzeýärdi. Içerdäki häzirki ýagdaý-da onuň maşgala agzalary tarapyndan läliksiredilýändiginden habar berýärdi. Ol Sanine uýaljyrap minnetdarlyk bildirse-de, süýji bilen şerbete hüjüm etmekde welin utanmaýardam, çekinmeýärdem. Sanin ullakan gapdaky ergin şokolady iki gezek götermäge hem örän tagamly biskwiti köp iýmäge mejbur boldy. Ol bir bölek biskwiti ýuwdup-ýuwutmanka, Jemma ikinjisini hödürleýärdi, gyzyň hödürinden ýüz öwürmek hem gelşiksizdi. Kän mahal geçmänkä, Sanin özüni öýünde ýaly duýup başlady, sagat dili bolsa diýseň çalt aýlanýardy. Ol, umuman, Russiýa we onuň howasy hakda, rus daýhany, jemgyýeti, aýratynam, kazaklar hakda, on ikinji ýylyň urşy hakda, Beýik Pýotr barada, Kreml, rus aýdymlary, jaňlary hakda kän gürrüň bermeli boldy. Eneli-gyzyň ikisiniň-de Russiýa diýilýän uzakdaky giň ülke barada bilýän zatlary ujypsyz eken. Rozelli hanym ýa-da başgaça atlandyrylyşyna görä frau[4] Lenoräniň merhum ärinden galan kitaplaryň birindäki «Sungat gözelligi» diýen täsin makalada okan habarynda, geçen asyrda Peterburgda buzdan gurlan tanymal köşgüň häzir bardygyny-ýokdugyny soramagy Sanini haýran etdi.

Onuň:

— Eýsem, siz Russiýada hiç mahal tomus bolýan däldir öýdýärsiňizmi? — diýen sowalyna frau Lenore şu mahala çenli şeýle pikir edendigini, ol ýurtda hemişe gyş bolup, adamlar hem harbylar ýylboýy possun geýýändir öýdendigini boýun alyp,

---

[4] Frau — nemes hem käbir başga günbatar milletlerde aýallara hormatly ýüzleniş (terjimeçiniň belligi).

ýöne myhmanparazlygyň ýokary derejededigini, daýhanlaryň hiç zada baş galdyrman, örän ümsümdiklerini bilýändigini aýtdy. Sanin eneli-gyza Russiýa barada has takyk maglumatlar bermäge çalyşdy. Gürrüň rus sazynyň üstünden baranda, Saninden derrew haýsydyr bir aýdym aýtmak haýyş edildi hemem içerdäki garasyna derek ak, agyna derek hem gara düwmeler goýlan kiçijik fortepiano görkezildi. Sanin ýalbar-ýakar hem etdirip durman, fortepianonyň başyna geçdi. Ol sag eliniň iki, çep eliniňem üç (başam, orta, külbike) barmagy bilen saz çalyp, inçeden belent sesde ilki «Sarafan», soň hem «Daş düşelen köçeden» diýen aýdymy aýtdy. Enesi bilen gyzy onuň sesinem, aýdan aýdymlarynam magtadylar, ýöne hemme zatdan beter rus diliniň owazlylygy, ýakymlylygy olaryň hasda göwnünden turdy. Öý eýeleri myhmandan aýdymyň sözleriniň manysyny düşündirmegi haýyş etdiler. Sanin olaryň haýyşyny bitirdi, ýöne «Sarafanyň», aýratynam, «Daş düşelen köçedäki» («Daş düşelen köçeden ýaş gyz suw almaga barýardy») rus poeziýasynyň belent derejesi eneli-gyza düşnüksizligi sebäpli, Sanin Glinkanyň Puşkiniň sözlerine döreden «Şol ajaýyp pursat meniň ýadymda» diýen aýdymyny ilki goşgy, soň aýdym görnüşinde aýdyp, yzyndanam setirlerini, ýüzleýrägem bolsa, manysyna görä, nemesçä terjime etdi. Ol aýdym eneli-gyzyň göwnünden turdy. Frau Lenore rus dilindäki «pursat» sözüniň italýan dilinde-de bardygyny belledi. Ol Puşkini Pussekin diýip aýtmak bilen, Glinka ikisiniň adynyň ýaňlanyşynyň hem özi üçin has ýakyn bolup duýulýandygyny nygtady. Sanin hem öz gezeginde öý eýeleriniň haýsy-da bolsa, bir aýdym aýtmaklaryny haýyş etdi. Olaram näzlerini çekdirjek bolup durmadylar. Frau Lenore fortepianonyň başyna geçdi-de, Jemma bilen bilelikde iki bolup aýdylýan bir aýdym hem «stornello» aýtdy. Frau Lenoräniň ýaş mahallary gowy, owadan pessaý sesi bolan eken. Jemmanyňam sesi, birneme pesrägem bolsa, ýakymlydy.

## VI

Ýöne Saninde Jemmanyň sesi däl-de, özi mähir oýardy. Ol yzyrakda, bir gapdalda oturyşyna, hiç hili gözelligiň, hatda şol döwrüň iň ýörgünli şahyry bolan Benediktowyň şygyrlarynda keşbi çekilýän ajaýyp palma daragtynyň-da Jemmanyň syratly bedeni bilen bäsleşip bilmejekdigi barada oýlanýardy. Jemma aýdymyň has duýguly ýerlerinde nazaryny ýokaryk aýlanda, Saniniň baha berşiçe, ol nazaryň täsiri bilen para-para bolup pytramajak asman bolmaly däldi. Hatda gapynyň söýesine egnini ýaplap, eňegi bilen agzyny ullakan ýakabagynyň aňyrsynda gizläp, şol ugurdan hünärmen ýaly hondan bärsi bolup saz diňleýän Pantaleone goja-da, gyzyň ajaýyp gözelligine höwes bilen seredýärdi, oňa haýran galýardy. Ýogsam ol bir ýerde ýaşap, günde görüp ýören gözelligi bilen bireýýäm öwrenişip gidäýmeli ýalydy welin... Gyzy bilen bileleşip aýdan aýdymyny tamamlan frau Lenore Emiliň hem örän oňat «hakyky kümüş» sesiniň bardygyny, ýöne onuň häzir adamyň sesiniň özgerýän döwrüne gadam basandygyny (Emilio, dogrudanam, arasy kesilmeýän ba:s sesi bilen durman gepleýärdi), şonuň üçinem oglana şu mahal aýdym aýtmaklygyň gadagandygyny belledi. Oňa derek Pantaleonäniň welin, myhmany hormatlap, ýaşlygyny ýatlamagynyň mümkindigini ýaňzytdy. Şol pursat hem ýüzüniň terzi üýtgän Pantaleone närazy sypata geçdi, gaşlary çytyldy, saçlary hüžžerdi. Ol ýaş mahaly bir adamça aýdym aýdandygyny, häzir sesi bolmasa-da, ozal şu mahal öňe

çykýan aýdymçysumaklara meňzemeýän hakyky ussatlygyň mekdebini döreden nusgawy aýdymçylaryň ýörgünli döwrüne degişli bolan adamdygyny, bu günki bogazyny ýyrtýan mähirsiz seslilerden däldigini nygtady. Modenede özüne, ýagny Werezadan bolan Pantaleone Çippatola bir öwre lawr ýapraklaryndan gurnalan täç geýdirendiklerini, hatda şol mynasybetli teatrda birnäçe ak kepderini uçurandyklaryny-da, Tarbisskiý — «il principe Tarbusski» — diýen ýakyndan gatnaşýan bir rus knýazynyň her gezek agşam naharyndan soň özüni Russiýa çagyrandygyny, üýşmek-üýşmek altyn wada berendigini, ýöne Dantäniň watany bolan — il paese del Dante — Italiýadan daşlaşyp bilmändigini beýan etdi. Ondan soň hem... özüniň ägä bolmany sebäpli, bir betbagtçylyga uçrapdy... Gürrüň şu ýere ýetende goja sözüniň arasyny böldi, iki gezek uludan dem aldy, utanyp, ýüzüni aşak saldy, ýene aýdym aýtmaklygyň ajap zamanasyna dolandy, çäksiz hormat, ýürekden sarpa goýýany belent sesli tanymal aýdymçy Garsiany ýatlady.

«Ana, ol adamdy! Beýik Garsia — «il gran Garsia» — häzirki tenorjyklar — tenoracci — ýaly kiçi dilden bärden aýdym aýdyp, özüni kemsitmezdi, ol sesi döşden, döşden — voce di petto, si! — çykarardy». Goja kiçijik, guraksy ýumrugy bilen kükregine urdy.

— Şu ýerden! Eý, Hudaý, üstesine-de, ol nähili aktýordy! Edil ýanardagyň bardy, signori miei, ýanardag, un Vesuvio! Maňa onuň bilen bile oýnamak bagty miýesser edipdi. Tanymal ussat Rossininiň «Otello» operasynda Garsia Otellonyň keşbini ýerine ýetiripdi, menem Ýagonyňkyny. Ol:

L’ i... ra da ver... so da ver... so il fato
Io piü no...no...no... non temero!

(Ykbalyň gazabyndan men indi gorkman) — diýip gygyranda, teatr tutuş durky bilen titrärdi. Menem pes oturmazdym. Men onuň yzyndan:

L’ i... ra da ver... so da ver... so il fato
Temer piü non dovro!

(Ykbalyň gazabyndan men indi gorkmaly däl) — diýip gygyrardym. Birdenem ol ýyldyrym çakyp, gaplaň arlaýan ýaly sesini doly goýbererdi:

«Morro!.. ma vendicato...
(Ölerin! Ýöne arymy ýerine salyp ölerin...)

— Ynha, ol ýene... Ynha, ol ýene... Ol ýene «Matrimonio segreto»-dan («Pynhan nika») belli Pria she spunti-ni («Peýda bolmazyndan öň») aýdanda... Ol şu ýerde, il gran Garcia, I cavalli di galoppo (Atlary öňürdikledip...) sözlerden soň Senza posa caccera (Atlary dynç bermän öňürdikletmek)... diňläň, nähili ajaýyp, som’ e stupendo! Ol şu ýerde şeýderdi, — Goja gysga çekimli ses bilen aýdylýan üýtgeşik bir heňe tutanda, onunjy nota ýetip sakynmaly boldy. Ol üsgürindi, elini silkip aňyrsyna bakdy-da samyrdady: «Näme üçin siz meni köseýäňiz?» Şol mahal oturgyçdan syçrap turan Jemma ellerini gaty çarpyp: «Ajap! Ajap!» diýip gygyrdy-

da, işden, hünärden daşlaşan biçäre Ýagonyň ýanyna baryp, iki eli bilenem onuň eginlerinden tutdy, mähir bilen silkişdirdi. Diňe Emil rehimsizlik bilen gülýärdi. Get äge est sans pitie — ol ýaşda rehim-şepagat bolmaýar — diýip, Lafonten ozal aýdyp geçipdir.
Sanin gojaman aýdymçyny köşeşdirmek isläp, soňky syýahaty mahaly azda-kände geplemegi öwrenen italýan dilinde ony birneme mahabatlandyrdy. «Si» sözi ýaňlanýan Dantä ýurdy barada «paese del Dante, dove il si sionadan» gep açdy. Ol sözlem «Lasciate ogni speranza» (ähli umytdan el üzüň) bilen ýaş syýahatçynyň şahyrana italýan dilinden ýygnan gory çäklenýärdi. Ýöne Pantaleone onuň ugrundan gopmak isläp atan çeňňegine ilmedi. Eňegini öňkülerindenem beter ýakabagynyň aňyrsynda gizläp, yzgytsyz guşa, onda-da, gargamy ýa çaýkele meňzedi. Şol arada, adaty läliksiredilen çagalarda bolşy ýaly, Emil çalaja gyzardy-da, Jemma eger myhmanyň göwnüni açmak isleýän bolsa, oňa Malsyň gülküli sahna oýunlaryndan birini okap bermekden gowy çykalga tapmajakdygyny ýatlatdy. Umuman, Jemma oňat okamagy-da başarýardy. Gyz güldi-de, mydama şolar ýaly bir zat tapýandygy üçin jigisiniň eline kakyp goýberdi. Bolsa-da, ol öz otagyna gitdi-de, derrewem eli kiçeňräk kitaply yzyna dolandy, stol başynda çyranyň öňüne geçip oturdy. Jemma töweregine garanjaklady-da, tüýs italýan hereketi bilen «geplemäň» diýýän manyda barmagyny çommaltdy, şondan soňam kitap okamaga başlady.

## VII

Mals Frankfurtyň 30-njy ýyllardaky edebiýatçysydy. Ol özüniň ýerli şiwede gysgajyk, ýeňil okalýan gülküli sahna eserlerinde, düýpli bolmasa-da, täsin, şüweleňli gülki bilen Frankfurtyň käbir ýerli adamlarynyň keşplerini açyp görkezýärdi. Asyl Jemma-da artistlerçe okamaga diýseň ökde eken. Ol özüne italýan ganyndan geçen ýüz hereketleri, el hereketleri ulanmak ukyby bilen her gahrymanyň aýratynlygyny, hüý-häsiýetini açýardy. Ol gerek ýerinde öz näzik sesine-de, owadan ýüzüne-de dözümsizlik etmeýärdi... Haçan-da, akylyndan azaşan kempir ýa-da samsyk burgomistr diňleýji bilen tanyşdyrylanda ýüzüni gülkünç kürşerdýärdi, gaşlaryny bürüşdirýärdi, seňrigini ýygyrýardy, peltekleýärdi, çyňsaýan ýaly ses edýärdi... Okaýan mahaly onuň özi gülmeýärdi, ýöne diňleýjileriň o quel ferroflucto Tedesco (haýsydyr bir lagnat siňen nemes) barada gürrüň giden badyna närazylyk bilen otagy terk eden Pantaleoneden başgasy okalyşyň arasyny şowhunly gülki bilen bölenlerinde, kitaby dyzynyň üstünde goýan Jemmanyň özi-de gülkä goşulýardy. Gülen mahaly gyz kellesini arkan taşlaýardy welin, buýra-buýra gara saçlary ýumşak halkalar ýaly bolup boýnunda, titreýän eginleriniň üstünde oýnaýardy. Gülki sesi ýatyşansoň bolsa, Jemma kitaby ýokaryk galdyrýardy-da, zerur keşbe girip, ýene-de çyny bilen okamagyny dowam edýärdi. Sanin baka-baka onuň bolşuna haýran galmak duýgusyny köşeşdirip bilmedi. Myhmany geň galdyrýan esasy zat hem «Şeýle ajaýyp gyz ýüzi nähili ýol bilen birden-ä gülkünç, birdenem beýle ýadaw keşbe girip bilýärkä?» diýen sowalyň jogabydy. Jemma — jeunes premieres — ýaş gyzlaryň sözlerini welin, onçakly ussatlyk bilen okap bilmeýärdi. Aýratyn-da, söýgi sahnajyklary oňa başartmaýardy. Onuň şeýledigini özi-de duýýardy, şonuň üçinem gyzlaryň sözlerini okanda, dabara bilen berlen wadalara, badyhowa sözlere

ynanmaýan ýaly, oňa az-kem ýaňsyly gülki äheňini goşup okaýardy. Ýöne şol pagtabent sözlerden ýazaryň özi-de mümkingadar çeke durýan ýalydy.
Sanin agşamyň geçip gidenini hem duýman galdy. Özüniň ýolagçydygyny sagat eýýäm onuň zaňyny çalanda ýadyna saldy. Ol bir zat çakan ýaly bolup, oturgyçdan syçrap turdy.
— Size näme boldy beýle? — diýip, onuň bolşuny gören frau Lenore sowal bermän oturyp bilmedi.
— Men bu gün Berline ugramalydym-a. Diližansa petek alypdym.
— Diližans haçan ugraýar?
— On biriň ýarynda.
— Onda siz indi, barybir, ýetişmeýäňiz — diýip, Jemma gepe goşuldy. — Gowusy, galaýyň. Men size ýene kitap okap bererin.
— Siz petegiň doly bahasyny tölediňizmi ýa-da diňe ujundan az-kem berdiňizmi? — diýip, frau Lenore bilesigelijilik bilen sorady.
— Tutuş töledim-le — diýip, Sanin ýüzüni çytyp jogap gaýtardy.
Sanine gözlerini süzüp sereden Jemma gülüp goýberdi, ejesi onuň bolşuna närazylyk bildirdi.
— Ýaş ýigid-ä puluny köýdüripdir, senem gülýärsiň.
— Zeleli ýok — diýip, Jemma ýylgyrdy. — Ýaş ýigit oň üçin garyp galmaz. Biz bolsak ony köşeşdirmegiň aladasyny ederis... Limonad içesiňiz gelýärmi?
Sanin bir bulgur limonad içdi. Jemma ýaňadandan kitaba ýapyşdy, hemme zat ýene öňki akymyna akdy.
Sagat on ikiniň zaňyny urdy. Sanin öý eýeleri bilen hoşlaşmaga durdy.
— Siz indi birnäçe gün Frankfurtda galmaly bolarsyňyz — diýip, Jemma myhmana habar berdi. — Onsoňam, siz nirä howlugýarsyňyz? Başga şäher hem bu ýerden üýtgeşik däldir. — Az-kem dymansoň, ol ýylgyryp gepledi. — Dogrudanam, ol ýerde-de üýtgeşik hezillik bolmaz.
Gyza hiç hili jogap gaýtarmadyk Sanin oýlandy. Gitme diýilmäninde-de, jübüsi gara şaýysyz gitjek ýeri ýokdy, ýüz tutmak islän Berlinde ýaşaýan heserdeşinden jogap gelýänçä, Sanin Frankfurtda bialaç galaýmalydy...
— Galyň, galyň! — diýip, frau Lenore hem dillendi. — Sizi Jemmanyň adaglysy jenap Karl Klýuber bilenem tanyşdyrarys. Dükanda işi agdyk bolany sebäpli, bu gün bärik gelip bilmedi... Siz, megerem, şeýledäki mawut bilen ýüpek matalar satylýan iň uly dükany görensiňizem. Ol şo dükanda esasy adam. Ol siz bilen tanyşlyk açmagyna örän begener.
Frau Lenoräniň aýdan habary, näme üçindigini Hudaý bilýär welin, Sanini birneme aljyratdy. Onuň kellesine: «Adagly ýigit gaty bagtly eken» — diýen pikir geldi. Ol Jemma seredende, gyzyň gözlerinde ýaňsyly ýylgyryş alamaty dörän ýaly boldy. Sanin öýdäkiler bilen baş atyp hoşlaşdy.
— Ertire çenlimi? Dogrudanam, ertire çenli hoşlaşýarys dälmi? — diýip, frau Lenore sowal berdi.
— Ertire çenli! — diýip, Jemma, hantamaçylyk bilen däl-de, öz aýdany hökman bolaýmaly ýaly, tassyklaýjy äheňde gepledi.
Sanine:
— Ertire çenli! — diýmekden başga söz tapylmady.

Emil, Pantaleone, tüýlek Tartalýa üçüsi ony köçäniň çatrygyna çenli ugratdylar. Pantaleone özüniň Jemmanyň kitap okaýşyndan närazylygyny aýtman kanagat edip bilmedi.

— Utanmaly ahyryn! Ýüz-gözüni gyşardan bolýar, jyňňyldan bolýar — una carricatura! Meron ýa-da Klitemnestra ýaly beýik, gynançly keşpleri şekillendirmäge derek ol haýsydyr bir nejis nemes aýalynyň agzyna öýkünen bolýar. Beýtmegi menem başarýan... — Ol öňe seredip, barmaklaryny ýazyp, boguk sesi bilen: — Mers, kers, smers — diýdi. Tartalýa onuň bolşuna üýrüp goýberdi, Emil bolsa güldi. Goja hyrra yzyna aýlandy.

Sanin mazaly bulaşyk keýp bilen «Ak guw» myhmanhanasyna dolanyp geldi. Ol myhmanhananyň umumy zalynda goş-golamlaryny goýupdy. Nemes-fransuz dilinde edilen gep-gürrüňler henizem onuň gulagynda ýaňlanyp durdy. Ol özüne berlen sadaja otagdaky düşeginde ýatyrka-da:

— Gelinlik! — diýip pyşyrdady. — Owadanlygyna-ha söz ýok! Ýöne men näme üçin ýoldan galmaly boldumkam?

Dilinde näme diýse-de, ertesi Sanin Berlindäki heserdeşine hat ýollady.

## VIII

Ol irden, entek geýinmäge-de ýetişmänkä, myhmanhananyň hyzmatçysy iki sany jenabyň gelendigini habar berdi. Olaryň biri Emil eken. Beýleki uzyn boýly, syratly, ýüzi nurana ýaş ýigit gerr[5] Karl Klýuber, ajaýyp gyz Jemmanyň adaglysy bolup çykdy.

Şol döwürde tutuş Frankfurtyň ýekeje dükanynda-da jenap Klýuber ýaly, şeýle edepli, şeýle tekepbir, şeýle ýumşak kommi ýokdur diýip çaklamaly bolsa gerek. Onuň kemçiligi tapylmajak eşikleri sypatynyň, kaşaňlygynyň, özüni haýran ediji oňat alyp barşynyň derejesine bap gelýärdi. Dogry, onda iňlislere mahsus bolan (ol iki ýylyny Angliýada geçiripdi) az-kem hondan bärsilik, özüne erk etmäge başarnyk bardy. Ilkinji gezek nazar salanyňda-da ol görmegeý, birneme talabediji görünýän, gowy terbiýe alan, ýuwlan käşir ýaly arassa ýaş ýigidiň bolşy, özünden belende baş egmäge, özünden pese höküm etmäge öwrenişendir diýen netijä getirýärdi. Ol dükanyň germewiniň aňyrsynda duranda, hökmany suratda alyjynyň ynamyny, hormatyny gazanmalydy. Gowy edilip krahmallanan ýakasyna gözüň düşenden, beýle adamyň aňrybaş päkdigine müňkürlik etmäge hiç hili esas bolmaly däldi. Onuň sesi hem daş sypatyna kybapdaşlykda garaşaýmaly sesdi: ýognasdan ynamlydy, ýakymlydy, äheňi mylaýymdy, onçakly ýiti hem däldi. Beýle ses bilen eliňde işleýänlere: «Şol ýiti gyrmyzy reňkli lion mahmalyny görkeziň!» ýa-da: «Bu hanyma oturgyç süýşüriň!» diýen ýalyrak görkezme berseň ýerine düşerdi.

Jenap Klýuber duşuşygy özüni tanyşdyrmakdan başlady. Ol şeýlebir asyllylyk bilen baş egdi, aýaklaryny edep bilen süýşürdi, gelşikli hem mylaýymlyk bilen köwşüniň ökjelerini biri-birine degirdi welin, onuň beýle inçe hereketlerini gören her kimde: «Bu adamyň içki geýimleri-de, kalby-da aňrybaş päkizedir» diýen duýgy döräýmelidi. Onuň sadalyk, ýöne ynam bilen uzadan ýalaňaç sag eliniň (şwed ellikli

[5]Gerr — jenap.

çep elindäki arassalykdan ýaňa lowurdaýan saýawanly başgabyň içinde ikinji ellik ýatyrdy) ýeňine edilen bezeg görlenden däldi, timarlanan dyrnaklarynyň her haýsysy özbaşdak, gutarnykly kämillikdi. Soňra ol saýlama nemes sözleri bilen özüniň geljekki garyndaşyna, gelinliginiň doganyna bahasyna ýetip bolmajak ýagşylyk edeni üçin daşary ýurtly jenaba hormat goýýandygyny, minnetdarlyk bildirmek isleýändigini beýan etdi. Adagly ýigit ýaňky sözleri aýdan mahaly başgaply elini Emile tarap salgap goýberdi. Emil bolsa, utanýan ýaly bolup, aýna tarap öwrüldi-de, barmagyny agzyna ýetirdi. Jenap Klýuber eger daşary ýurtly jenaba öz tarapyndan bir ýakymly ýagşylyk edip biläýse, özüni bagtyýar saýjakdygyny nygtady. Sanin hem, ol dilde geplemek onçakly aňsat düşmese-de, nemesçeläp, özüniň eden ýagşylygy uly iş bolmasa-da, oňa şatdygyny aýdyp, myhmanlaryna oturmaklaryny haýyş etdi. Gerr Klýuber mürehede minnetdarlyk bildirip, örän tiz hereket bilen fragynyň etegini bir tarapa çekdi-de, oturgyja geçdi. Ol şeýle ýeňillik bilen geçişi ýaly, oturyşy-da wagtlaýyn, amanat ýaly bolup göründi. Kesesinden garasaň: «Ol adam edeplilik görkezýäni üçin mürehedi kabul eden bolmaly, häziriň özünde turup gider» diýen ýaly çaklama oýarýardy. Dogrudanam, ol derrew atylyp turdy, ýygralyk bilen tans edýäne meňzäp, iki ädim ätledi-de, bu ýerden gitmek höwesi bolmasa-da, gitmelidigini, dükanynda aladanyň başdan agdykdygyny, iş diýilýän zadyň ilkinji nobatdaky närsedigini, ýöne ertir ýekşenbe bolansoň, frau Lenore hem freýleýn[6] Jemmanyň razylygy bilen Sodende göwün açyş gezelenjini gurýandygyny, oňa daşary ýurtly jenaby hem çagyrmagy bagt hasap edýändigini, onuň şol gezelenji özüniň gatnaşmagy bilen bezemekden ýüz öwürmejegine umyt bildirýändigini beýan etdi. Sanin gezelenji bezemekden ýüz öwürmedi. Şonluk bilenem, gerr Klýuber ikinji gezek hoşlaşyk hereketlerini gaýtalansoň, ýakymly nohut reňkli pantalonyny owadan galgadyp, täzeje köwşüniň ökjesini täsin jygyldadyp çykyp gitdi.

## IX

Äpişgä tarap ýüzüni öwrüp duran Emil, Sanin oturgyç hödürläninden soň, çep egniniň üstaşyry yza aýlandy-da, gelejekki giýewsi çykan badyna, çaga ýaly ýüz-gözüni oýnadyp, gyzaryp, özüniň bu ýerde ýene bir salym galmagyna Saninden rugsat sorady. «Bu gün men özümi hasam oňat duýýan — diýip, ol ýagdaýyny beýan etdi. — Ýöne lukman maňa iş etmezligi tabşyrdy».

— Galasyňyz gelse, galyberiň! Siz maňa asla päsgel bereňizok — diýip, Sanin özi nämedir bir iş etmek zeruryýetliginden sypjak bolsa, ilkinji gabat gelen ýapyşalgadan peýdalanmaga höwesek hakyky rus adamy ýaly, oglanyň haýyşyny bada-bat kanagatlandyrdy.

Oňa minnetdarlyk bildiren Emil örän gysga wagtyň içinde Sanin bilenem, onuň otagy bilenem öwrenişdi. Ol içerdäki zatlary gözden geçirdi, hersiniň diýen ýaly nireden satyn alnandygy, olaryň näme aýratynlygynyň, näme gymmatynyň bardygy barada soraşdyrdy. Ol öý eýesi sakgalyny syranda kömekleşdi, oňa murt goýbertmän ýalňyşýandygyny aýtdy, ahyrynda-da ejesi hakynda, gyz dogany hakynda, Pantaleone, hatda tüýlek Tartalýe hakynda-da, olaryň ýaşaýyşlary hakynda kän zatlar

---

[6] Freýleýn — nemeslerde gyz maşgala hormatly ýüzleniş (terjimeçiniň belligi).

habar berdi. Emiliň ýygralygy derrew ýom-ýok boldy, birdenem ol düýn özüni howpdan halas edeni üçin däl-de, örän ýakymly adamdygy sebäpli, Sanin bilen çakdanaşa içgin gyzyklandy. Ol öz pynhan syrlaryny oňa ynanmagy-da soňa goýup oturmady. Emil ejesiniň ony täjir edip ýetişdirmek isleýändigini, özüniň welin, suratkeş bolup, sazanda bolup, aýdymçy bolup doglandygyny, hut şol hünärler üçin dünýä inendigini, hakyky höwesiniň teatrdygyny, ony hatda Pantaleonäniň hem goldaýandygyny joşgun bilen gürrüň berdi. Ejesiniň Emili söwdagär edip ýetişdirmek maksadyny sözi geçginli jenap Klýuber hem goldaýar eken. Aslynda, oglany täjirlik ýoluna gönükdirmek gürrüňini ilki tapan hem täjirlik hünäri bilen dünýäde bäsleşip biljek hiç hili käriň ýokdugyna gaty ynanýan jenap Klýuber bolupdyr. Mawut, mahmal satyp, köpçüligi aldamak ýa-da «Narren, oder Russen Preise[7]», ýagny ruslaryň goýan biderek bahasyndan nep görmek hem onuň esasy matlabydy.
— Indi bolsa bize gitmeli — diýip, Emil özüne timar bermegi tamamlan, Berline-de hat ýazyp bolan Sanine öz teklibini aýtdy.
— Size gitmäge entek ir ahyryn.
— Ir bolanda näme? — Emil Sanine mähremlik bilen seretdi. — Gideliň! Ýüzugra poçta sowlarys-da, ýöräbereris. Siz barsaňyz, Jemma örän begener. Bizde ertirlik edinersiňiz... ejeme-de men hakda, meniň gelejegim barada bir zatlar aýdarsyňyz...
— Ýeri, bolýa-da! — diýip, Sanin oglan bilen ylalaşdy. Olar tirkeşip daş çykdylar.

## X

Saniniň peýda bolmagyna Jemma, dogrudanam, şatlandy, frau Lenore-de ony örän mähremlik bilen garşy aldy. Çaky, Sanin öten agşam olaryň ikisiniňem göwnünden turan bolmalydy. Emil otagdan çykmazyndan öňürti, Saniniň gulagyna «Ýadyňyzdan çykaraýmaň!» diýip pyşyrdady-da, ertirlik naharyny taýýarlamagyň aladasy bilen gitdi.
Sanin oňa:
— Çykarman — diýip jogap gaýtardy.
Frau Lenore onçakly sagat aýalam däldi, çakyzalydy. Şonuň üçinem ol häzir gymyldamajak bolup, kürsüde gyşaryp otyrdy. Jemmanyň egninde bili gara gaýyş kemer bilen guşaklanan, sary reňkli giň biçüw öý eşigi bardy. Olam ýadaw görünýärdi, reňki hem solgundy, gözleriniň daşyna gararak halka aýlanypdy, ýöne nazary öçügsi däldi, aksowuldraklygy bolsa gyzyň asyllydan ýakymly ýüzüne nähilidir bir täsin pynhanlyk goşýardy. Aýratynam, gyzyň näzik elleri şol gezek Sanini has-da haýran etdi. Jemma buýra-buýra bolup, ýaldyrap öwşün atýan gara saçlaryny düzedişdireninde ýa-da ýokaryk galdyranynda, Rafaeliň Fornarinasynyňky ýaly aralary açygrak, uzyndan inçe hem nepisden çeýe barmaklaryndan Sanin gözlerini aýryp bilmeýärdi.
Howa örän yssydy. Ertirlik naharyndan soň, Sanin gaýtmakçy bolanda, bular ýaly günde, gowusy, hiç ýere çykmazlykdyr diýdiler. Ol maslahaty kabul edip öýde galdy. Saniniň hem eneli-gyzyň oturan, aýnalary akasiýa agaçlary ösüp oturan kiçeňräk baga

[7] Öňler, soň-soňlaram, maý aýyndan başlap, ruslaryň kän gelmegi bilen Frankfurtyň dükanlarynda harytlaryň nyrhy ýokarlanypdyr. «Rus» nyrhy diýen gep şol ýagdaýdan gelip çykýar (awtyoryň belligi).

tarap bakýan düýpdäki otag örän salkyndy. Agaçlaryň altyn güllere beslenen gür şahalarynyň töwereginde balarydyr sary ary, eşegarylar güw berýärdi. Tutusy goýberilen ýarym açyk aýnalardan arylaryň dyngysyz owazy eşidilýärdi. Ýagdaý daşardaky howanyň jöwzalydygyndan habar berýärdi. Şol sebäpli-de ýapyk hem ýaraşykly otagdaky salkyn howanyň gadyry has-da bildirýärdi.
Sanin öten agşamkysy ýaly köp gepledi, ýöne gürrüň Russiýa hakynda-da, rus durmuşy hakynda-da bolmady. Ol täze dostunyň göwnünden turmak üçin ertirlikden soň hasaphanada iş öwrenmegi üçin jenap Klýuberiň dükanyna ugradylan Emiliň haýyşyny ýatlap, suratkeş bilen täjirligiň bähbitli hem bähbitsiz taraplaryndan gep açdy. Ol frau Lenoräniň täjirçiligiň tarapyny çalanyna — garaşan zady bolany üçin — geňirgenibem durmady. Ýöne Jemma-da ejesiniň pikirine goşuldy oturyberdi.
— Eger-de sen suratkeş, has beterem, aýdymçy bolsaň — diýip, elini aşak-ýokaryk hereketlendirip, gyz öz aýdanyny tekrarlady — hökmany suratda birinji orunda bol! Ikinji ýerden netije ýok. Seniň birinji ýere ýetjegiňi öňünden aýdyp biljek barmy?
Umuman, italýanlaryň adam alalamak meselesine onçakly üns bermeýändigi sebäpli, bu ýerde köpden bäri hyzmat edýändigi hem garry adam bolandygy üçin Pantaleone-de öý eýeleri bilen bir stol başynda oturmaga rugsat edilýärdi. Ol hem edilýän gürrüňe goşulyp, çeper döredijiligiň tarapynda dag bolup durdy. Ýöne, dogrusyny aýtsaň, onuň getiren tutaryklary düýpli däldi. Ol başga zatdan öňürti ylhamyň joşgunynyň — d’un certo ectro d’ ispirazione — bolmalydygy barada gep açdy. Frau Lenore hem onda şol «estro»-yň, elbetde, bolandygyny ýatlady.
Şol ikaralykda:
— Meňem duşmanlarym bardy — diýip, Pantaleone keýpsiz dillendi.
— Eger-de Emilde şol «estro» döräýende-de, duşmanlarynyň bolmajagyny sen (mälim bolşy ýaly, italýanlar kän «siz-biz» diýşip durmaýarlar) nireden bilýäň?
— Onda Emili täjire öwrüberiň! — diýip, Pantaleone gepini gyşartdy. — Ýöne özi süýji-köke çykarmak bilen meşgul bolanam bolsa, Jiowan Battista bu meseläni başgaça çözerdi.
— Meniň ýanýoldaşym Jiowan Battista dana adamdy. Ol ýaşlygynda gyzyklananam bolsa...
Hiç zat eşitmek islemedik goja turup gidip barýarka-da:
— A! Jiowan Battista!.. — diýip, teýene bilen gaýtalady.
Jemma bolsa, eger Emil watanperwer bolup, Italiýany azat etmäge ähli güýjüni sarp etmek islese, beýle beýik hem mukaddes maksat üçin, elbetde, geljekki bolelin ýaşaýşyňdan geçse bolar, ýöne teatr üçin welin, ertirki gowy günüňden ýüz öwrüp bolmaz — diýip gygyrdy. Frau Lenore birden tolgundy. Ol gyzyna özüniň respublikaçylygy bilen kanagatlanyp, iň bolmanda, doganyny bir ýoldan sowmazlygyny ýalbaryp haýyş etdi. Şol sözleri aýdansoň, frau Lenore ah-wah edip başlady, «ýarylmaga taýýar» kellesiniň şatlap durandygyndan zeýrendi. (Frau Lenore myhmana sarpa goýup, gyzy bilen fransuz dilinde gepleşdi).
Jemma şol dem ejesiniň ugruna seretmäge başlady; maňlaýyna ilki atyr çalyp, soňam ýuwaşjadan üfledi, emaý bilen ýaňagyndan ogşady, kellesini ýassyga goýdy, geplemegi gadagan etdi, soň ýene ogşady. Şol hereketleriň yzyndanam ol Sanine ýüzlendi-de, ýarym degişme, ýarym göçgünli äheň bilen ejesiniň nähili gowudygyny,

nähili owadan bolandygyny, «owadan bolan» diýip, geçen zamanda aýtsa-da, onuň şu mahalam ajaýypdygyny belledi: «Nähili owadan gözleri bar! Görüň, serediň!»
Jemma jübüsinden derrew bir akja ýaglyk çykardy-da, ejesiniň ýüzüni ýapdy, soň ýaglygy gyrasyndan tutup, ýuwaşjadan aşak süýşürdi. Şeýdibem, ol kem-kemden ejesiniň maňlaýyny, gaşlaryny, gözlerini açdy, az-kem garaşybam fraudan gabaklaryny galdyrmagy haýyş etdi. Ene gyzynyň aýdanyny berjaý etdi... (Frau Lenoräniň gözleri, dogrudanam, örän owadandy). Jemma haýran galmakdan ýaňa gygyryp goýberdi hem ýaglygy ejesiniň ýüzüniň onçakly owadan däl aşaky bölegi açylýança çekdi-de, ony ýene ogşamaga başlady. Frau Lenore güldi, ýüzüni çalarak bir tarapa sowdy, gyzyny oýun-henek bilen ýalandan iteklän boldy. Gyzy hem enesi bilen gidişýänden bolup, at oýnatdy, oňa tarap pişigiň ýa-da fransuzlaryň ýasama edähedi ýaly däl-de, mydama güýjüň ýeterlikdigi duýulýan italýan gözelligi bilen gysmyljyrady.
Ahyry frau Lenore özüniň ýadandygyny aýtdy... Jemma derrew oňa oturan ýerinde biraz ymyzganmaklygy maslahat berdi. «Biz bolsak jenap rus ikimiz — «awes le monsieur russe» şeýlebir ümsüm, şeýlebir ümsüm, edil kiçijik syçan ýaly —«comme des petites souris» — ümsümje oturarys. Frau Lenore jogaba derek ýylgyrdy, gözlerini ýumdy, az-kem tukatlanyp irkildi. Jemma çakganlyk bilen onuň gapdalyndaky oturgyçda ornaşansoň, gymyldaman oturdy. Ol diňe kä mahal bir eliniň barmagyny dodagyna ýetirdi, beýleki eli bilen bolsa ejesiniň kellesiniň aşagyndaky ýassygy saklady, Sanin sähelçe gymyldaýsa-da, oňa göz gytagyny aýlap, «ýuwaş» diýen manyda «çüşş!» etdi. Beýle ýagdaý myhmanyň jadylanan ýaly bolup, doňup oturmagyna getirdi. Sanin kalbynyň ähli duýgurlygyny ulanyp, o ýerinde-bu ýerinde gadymy ýaşyl bulgurlarda oturdylan, gyzyl nokat bolup, gyzaryp görünýän ýaşajyk kaşaň bägülli ýarym garaňky otagdan, ak gar ýaly ýassyk bilen töweregine ak jähek aýlanan, ýadawam bolsa, ýüzi mähirli zenanyň elini sadalyk bilen özüne tarap çekip, uklap ýatyşyny synlamakdan, ýaş, seresaply, duýgur, mylaýym, akylly, päkize, gara kölege örtülenem bolsa, barybir, lowurdap duran gara gözleriniň ajaýyplygyny wasp etmäge söz tapylmajak näzeniniň töwerege ýaýran täsin gözelliginden lezzet aldy... Bu nä boluş? Düýşmi? Ertekimi? Ol nähili kysmat bilen bu ýerlere düşüp ýör?

## XI

Daşky gapynyň jaňy jyňňyrdady. Başy sütük telpekli, egni gyzyl keltekçeli, daýhan ýigit dükana girdi. Ir ertirden bäri bu ýere ýekeje alyjy-da boýnuny uzatmandy. «Biziň söwda etjek bolşumyzam, ynha, şeýleräk-dä!» diýip, uludan dem alan frau Lenore ertirlik nahary wagtynda Sanine ýagdaýyny aýdypdy. Zenan oýaly-ukuly ýatyrdy. Jemma onuň ýassygyndan elini aýryp bilmeýäni üçin pyşyrdap, Sanine: «Baryň, gelen bilen maňa derek söwda ediň!» diýdi. Sanin daraklygyna basyp, derrew dükana geçdi. Ýaş ýigide üç ýüz gram ýaly narpyzly köke gerek eken.
— Mundan näçe pul almaly? — diýip, içerä boýnuny uzadan Sanin Jemmadan pyşyrdap sorady.

— Alty kreýser[8] — Jemma hem Saniniňki ýaly pyşyrdy bilen jogap gaýtardy. Sanin dörtden bir funt kökäni çekensoň, kagyz gözläp tapdy, kökäni kagyzdan ýasan guýgujyna guýdy. Ony alyja uzadyp, puluny aldy... Ýaş ýigit elindäki telpegini döşüniň üstünde goýup mynçgap durşuna, Sanine geň galyjylyk bilen garady. Goňşy otagdan dükana tarap seredip oturan Jemma bolsa agzyny berk ýumup, gülmekden zordan saklanýardy. Ýaňky alyjy gapydan çykyp-çykmanka, ýene bir alyjy, soň üçünjisi peýda boldy... «Meň elim ýeňil bolsa gerek!» diýip, Sanin içini gepletdi. Ikinji alyja bir bulgur orşad, üçünjä ýarym funt süýji gerek eken. Sanin gapjagazlary eýläk-beýläk süýşürişdirip, çemçäni höwes bilen kakyşdyryp, barmaklaryny çakganlyk bilen bankalara, gaplara sokuşdyryp, alyjylaryň haýyşlaryny bitirdi. Hasaplaşygyň netijesinde ol orşady öz nyrhyndan arzan satyp, süýji üçin bolsa iki kreýseri artyk alypdyr. Jemma ýuwaşlyk bilen gülmesini dowam edýärdi. Saniniň özi-de üýtgeşik bir keýpiçaglyk duýdy, süňňünde aýratyn bir ýeňillik peýda bolandygyny bildi. Göräýmäge, ol, şeýdip, germewiň aňyrsynda asyr boýy durup, orşaddyr, süýji sataýjak ýalydy. Şol mahal hem beýleki otagdaky gözüň doýmaýan ajaýyp bir gözellik oňa tarap kinaýaly ýylgyryş, dostlukly nazar bilen seredýärdi. Penjireleriň öňünde ösüp oturan kaştanlaryň uly ýapraklarynyň arasyndan jyklaýan tomus Gününiň şöhlesiniň ýaşylsow reňki, günortanyň kölegesi tutuş otagy bezeýärdi, argyn ýürek bolsa ýaşlygyň ýakymly gamsyz-gussasyzlygyndan, aladasyzlygyndan ýaňa meýmireýärdi.
Dördünji bolup gelen adam dükana kofe içmäge sowlany üçin Pantaleonä ýüz tutmaly boldy (Emil jenap Klýuberiň dükanyndan entek gaýdyp gelmändi). Sanin ýene Jemmanyň ýanyna baryp oturdy. Frau Lenore henizem irkilip ýatyrdy, gyzy bolsa onuň ýatyşyndan çäksiz lezzet alýardy.
— Ukuda mahaly ejemiň çakyzasy köşeşýär — diýip, Jemma habar berdi.
Sanin öz söwda edişi barada pyşyrdy bilen gepe başlady, süýji-köke önümleriniň bahalary bilen gara çyndan gyzyklandy. Jemma hem Saniniň sowallaryna jikme-jik jogap gaýtardy. Şonuň bilen birlikde-de, olaryň ikisi-de, örän gyzykly oýun oýnaýandyklaryna düşünip, içlerinden güldüler. Birdenem köçe tarapda peýda bolan şarmanka «Freýşýusadan»: «Durch die Felder, durch die Auen» («Jülgeler üstünden, meýdan üstünden») diýen ariýanyň heňini çalmaga başlady. Naýynjar ses hem sandyrap, hem sykylyk atyp dymyk howada zarynlady. Şarmanka saz guralynyň sesine Jemma tisginip gitdi: «Ejemi oýarar!» Sanin derrew daşaryk çykdy-da, şarmankaçynyň eline birnäçe kreýser tutdurdy. Şeýlelik bilenem, ony saz çalmagy goýup, bu ýerden gitmäge mejbur etdi. Sanin öýe dolananda, Jemma çalaja baş atmak bilen minnetdarlyk bildirdi. Ol oýa batyp ýylgyrdy-da, Weberiň örän gowy mukamynyň üsti bilen Maksyň başky söýginiň ähli düşnüksizligini ýüze çykarýan sözlerine çala eşidilýän ses bilen hiňlendi. Soňra ol Saninden «Freýşýusy» bilýänini-bilmeýänini, Weberi halaýanyny-halamaýanyny sorady, özi italýan bolsa-da, *şeýle* sazy has gowy görýändigini nygtady. Weberden başlanan gürrüň şygryýete, romantizme, şol mahallar hemmeler tarapyndan okalýan Gofmanyň üstünden düşdi...
Frau Lenoräniň bolsa, arasynda käte çalaja hor çekip, şol irkilip ýatyşydy. Aýnanyň gyralaryndan inçejik çyzyk bolup girýän Gün şöhlesi hem, bildirmän, ýöne

[8]Kreýser — Germaniýada XIX asyra çenli dowam eden maýda pul (terjimeçiniň belligi).

togtamaýan hereket bilen poluň ýüzüne, öý goşlarynyň, Jemmanyň köýneginiň, gülleriň, ýapraklaryň üstüne syýahat edýärdi.

## XII

Asyl Jemma Gofmana uly sarpa-da goýmaýanlygy bilen birlikde, onuň döredijiligini hem gyzyksyz hasaplaýar eken. Onuň hyýaly, bulaşyk hekaýalary demirgazyk häsiýetli günortaly gyzyň göwnaçyk hüý-häsiýetine bap gelmeýärdi. Ol eserlere hormat goýman: «Olaryň hemmesi erteki, çagalar üçin ýazylan zatlar» diýip, töweregindäkilere ynandyrýardy. Jemma Gofmanda inçe şahyranalygyň ýokdugyny hem, garjaşyk duýgy bilenem bolsa, aňýardy. Ýöne onuň adyny unudan bir powesti bardy welin, şony Jemma örän halapdy. Dogrusyny aýtsaň-a, gyza ol powestiň diňe başlanyşy ýarapdy, soňuny bolsa ol ýa okamandy, ýa-da okanam bolsa, unudypdy. Eserde gürrüň bir ýaş ýigidiň süýji-köke satylýan dükanda çakdanaşa owadan grek gyzyna gabat gelşi hakda gidýär. Gyzyň ýanynda oňa göz-gulak bolup ýören syrly, gaharjaň hem geň goja bar. Ýaş ýigit bir bakyşda gyza aşyk bolýar. Gyz edil bendilikden boşatmagyny haýyş edýän ýaly, oňa şeýlebir naýynjar seredýär welin... Az salymlyk daş çykan ýaş ýigit yzyna dolananda, dükanda gyza-da, goja-da gözi ilmeýär. Ol gözlege başlaýar, täzeje yzlarynyň üstünden barsa-da, olary hiç ýerden tapmaýar, hiç wagt tapyljaga-da meňzemeýär. Gözel gyz ýigit üçin ömürlik ýitene dönýär. Ýigit ilki gören naýynjar garaýşyny unutmaga özünde güýç, erk tapmaýar, ömrüniň bagt guşy bolmaly gözel hemişelik elinden gidendir diýen pikir ony jebir-jepa çekmäge mejbur edýär...

Gofman, megerem, powestini edil şol çözgüt bilen tamamlaýan däldirem welin, Jemma ony öz tapan netijesi bilen gutarýandyr diýip pikir edýär, şolam aňynda galypdyr.

— Şolar ýaly sataşmak, şeýdip aýra düşmek durmuşda biziň çak edişimizden has kän gabat gelýär — diýip, Jemma ýagdaýa öz baha berşini aýtdy.

Dymyp oturan Sanin esli wagtdan soň... jenap Klýuber hakynda dil ýardy. Häzire çenli Klýuberi ýatlamadyk kişi ilkinji gezek onuň adyny tutdy.

Süýem barmagynyň dyrnagyny çalarak dişlän Jemma nazaryny bir tarapa dikip, oýa batdy. Soňra ol ertirki gurýan gyzykly bolmaly gezelenji üçin adaglysyny öwensoň, çaltlyk bilen Sanine seretdi-de, ýene dymdy.

Sanin gürrüňi nämeden başlajagyny bilmedi.

Içerik öz galmagal-şowhuny bilen giren Emil ejesiniň oýanmagyna sebäp boldy. Sanin onuň gelmegine begendi.

Frau Jenore kürsüden turdy. Peýda bolan Pantaleone naharyň taýyndygyny habar berdi. Maşgalanyň dosty, ozalky aýdymçy, hyzmatçy bu öýüň nahar-şoruna-da seredýärdi.

## XIII

Sanin nahardan soňam bu ýerde galdy. Ony ýene-de aýylganç jöwza bahanasy bilen sakladylar, yssy halys basmarlanda bolsa, akasiýanyň saýasynda kofe içip oturmak üçin baga çagyrdylar. Sanin teklipden ýüz öwürmedi. Ýagdaý onuň göwnünden

turdy. Birmeňzeş, gyzyksyz durmuş akymynyň aňyrsynda ajaýyp gözellikler gizlenip ýatyrdy. Sanin bolşundan zyýat aýratyn bir bähbidem talap etmän, ertirki gün hakda-da oýlanman, düýnki günem ýatlaman şu güne uly lezzet bilen berlipdi. Jemma ýaly ajaýyp maşgalanyň golaýynda bolmagyň özi nämä degmeýär! Ol bahym Jemmadan jyda düşer, aýralygyň hemişelik bolaýmagy-da ahmaldyr. Häzirlikçe bolsa Ulandonyň romansyndaky ýaly şol bir durmuş naýçasy olary sapagyna baglap, öz akymy bilen alyp barýar — şatlan, keýp çek, syýahatçy ýigit! Bagtyýar syýahatça hemme zat ýakymly, eziz bolup duýulýardy. Frau Lenore Sanini özi hem Pantaleone bilen italýanlaryň «tresette» diýilýän kart oýnuny oýnamaga çagyrdy, öwrenmesi kyn däl oýnuň oýnalyşyny öwretdi hem myhmanyň birnäçe kreýser puluny utdy. Sanin hoş boldy. Pantaleone Emiliň haýyşy bilen tüýlek Tartalýany başarýan zatlaryny görkezmäge mejbur etdi. Item taýagyň üstünden bökdi, «gepledi», ýagny üýrdi, asgyrdy, açyk duran gapyny burny bile ýapdy, hojaýynynyň geýilme kemi galmadyk köne köwşüni getirdi, iň soňunda-da, esgerleriň beýik depeli, gaşsyz başgabyny kellesine geýip, dönüklik edeni üçin Napoleon imperatoryň ýowuz ýazgarmasyna sezewar bolan Bernadott marşala meňzän boldy, Napoleonyň keşbini bolsa, elbetde, Pantaleone döretdi. Ol ellerini döşünde çalşyryp, üçburç başgabyny gözüne çenli çümre geýip, gödek hem edepsiz fransuzça, onda-da, — eý, Hudaý, nähili derejede fransuzça — geplemek bilen imperatora meňzemänem durmady. Tartalýa hojaýynynyň öňünde günäkär ýaly tutuş göwresi bilen ýygrylyp, guýrugyny ýamzyna gysyp, gyşyk geýlen başgabyň aşagyndan süzülen gözlerini gyrpyldadyp otyrdy. Wagtal-wagtal Napoleon sesini gataldanda, «Bernadott» art aýaklarynyň üstüne galýardy. Ahyr Napoleon ganygyzmalykdan ýaňa özüniň fransuz häsiýetini ahyryna çenli görkezmelidigini hem unudyp: italýança «Fuori, traditore!» («Güm bol, dönük!») — diýip gygyranda, «Bernadott» aldyrany bar ýaly howlukmaçlyk bilen diwanyň aşagyna sümlüp, derrewem, oýnuň gutarandygyny habar berýän ýaly, ol ýerden begençli ses bilen üýrüp daşyna çykdy. Tomaşaçylar uzak wagt gülüşdiler. Sanin hemmedenem kän güldi.

Jemmanyň bolsa aýratyn ýakymly, dyngysyz hem keltejik jyňňyrdaýan jaň ýaly özüne çekiji gülküsi bardy. Şol gülki Saniniň kalbyny lerzana getirdi. Eger şeýtmek mümkin bolsa, ýaş ýigit şol ýakymly gülküsi üçin gyzy höwes bilen ogşardy.

Ahyr, gije-de gelip ýetdi. Herki zatda bolşy ýaly, hormatlanmakda-da serhet bar, çeniňem bilmeli! Öýdäkileriň hemmesi bilen birnäçe gezek sagbollaşyp, hemmelere birnäçe gezek «Ertire çenli!» diýip (Emil bilen-ä ol ogşaşdam), myhmanhana ugran Sanin kä gülýän, kä pikire batýan, kä parahat, käte hatda hemme zada göwnübir ýaly, nähili-de bolsa hemişe özüne çekiji gyzyň keşbini hem özi bilen alyp gitdi. Jemmanyň kä edil gündizlik ýaly giňden açyk, aýdyň, şadyýan, käte ýary kirpikleri bilen örtülen, gijäniň garaňkysy ýaly gara gözleri başga görnüşlerdir göz öňüne getirmelere-de mylaýymlyk, täsinlik bilen aralaşyp, Saniniň nazarynyň öňünde durdy. Jenap Klýuber hakda-da, özüni Frankfurtda galmaga iteklän sebäpler barada-da, gepiň keltesi, dek düýn biynjalyk eden zatlar barada-da Sanin bir gezegem oýlanmady.

## XIV

Saniniň özi hakynda-da birki söz aýtmaly ahyryn.
Ilki bilen-ä, ol görmeksiz hem däldi, uzyn boýly, syrdam, ýüz şekili onçakly açyk däl, mylaýymdan mawy gözli, altyn öwüsýän saçly, akýagyz ýigitdi. Iň esasy bolsa, ol sadadan mylaýym, ynanjaň, açyk, ilki başda birneme samsyklaç-şadyýan ýaly daş görnüşli bolup göze ilýärdi. Beýle daş sypatly adamy ozallar derrew agramly begzada maşgalasynyň çagasydyr, «atasynyň» — gowy bariniň ogludyr, biziň giň giden ýarym sähra ülkämizde bol-telkilikde ösen diýip çaklaýar ekenler. Ýöreýşi säginip-säginip ýöreýän, sakanaklap geplegen, ýylgyryşy sereden badyňa ýylgyrýan çaganyňky ýaly, iň soňunda-da, terlik, sagatlyk hemem mylaýymlyk, mylaýymlyk, mylaýymlyk — ine, Sanin depesinden-dabanyna çenli şu aýdylanlardan ybarat. Ikinjiden bolsa, ol kemakyl hem däldi, ýuwaş-ýuwaşdan öwrenen zady kändi. Daşary ýurda aýlanyp gelýänem bolsa, şähdaçykdy: şol döwrüň ýaşlarynyň iň gowy bölegini gurşap alan biynjalyk duýgulardan ol känbir habardaram däldi.
Soňky mahallarda biziň edebiýatymyzda «täze adamlar» üns bilen gözlenensoň, niçiksi ýol bilenem bolsa tämiz, onda-da S. Peterburgdan getirilýän flensburg ustrisasy ýaly arassa bolmak isleýän ýaş ýigitleriň keşbini öňe sürüp başladylar, Sanin ol ýaşlardan däldi. Gürrüň deňeşdirmä ýeten bolsa, Sanin biziň gara toprakly ýerlerimiziň baglarynda ösüp oturan topbak-topbak ýaprakly, sapylan alma agajyny ýada salýardy ýa-da, has takygy, öňki «hojaýynlaryň» athanalaryndaky ýap-ýaňy boýnuna tanap atylyp, münüş öwredilýän, gowy seredilip läliksiredilen, ýogynaýak, arassa, hamy ýylmanak, üçýaşar aty ýada salýardy. Soňky wagtlarda durmuş mazaly ýepbekläp, ençeme kynçylykly, synagly ýollardan geçensoň, onuň bilen iş salşan adamlar Sanin diýip, düýpden başga adamy gördüler.
Şol günüň ertesi Sanin entek ýorganda ýatyrka, bezemen geýnüwli, eli taýaklyja, ýüz-gözüne çalyp bilen zadyny çalan Emil otaga kürsäp girdi-de, gerr Klýubertiň häzir paýtun getirýändigini, howanyňam gowy boljakdygyny, hemme zadyň ýola düşmek üçin taýyn edilendigini, ejesiniň gezelenje gitmeýändiginiň sebäbiniň bolsa ýene çakyzasynyň gozgamagyndan gorkýandygyny habar berdi. Ol ýeke minuty hem ýitirmeli däldigini ynandyryp, Sanini gyssamaga başlady. Dogrudanam, jenap Klýuber, Sanin entek üst-başyna serenjam bermegi tamamlamanka, üstüni basdy. Ol gapyny kakdy, içerik girdi, hormat goýýandygyny aňladyp, öý eýesine bilini epip baş atdy, dyzynda goýan saýawanly başgabynyň üstüne gelşiklilik bilen elini goýup oturdy, näçe garaşmaly bolsa-da, garaşjakdygyny aýtdy. Çakdanaşa bezemen bolansoň, ýeňles görkezýän eşik geýnen ýüzi nurana ýigit, soňuna garaman, üstüne atyr baryny sepinensoň, her bir hereketinde ýiti, hoşboý ys göterilýärdi. Ol owadan bolmasa-da, iki sany daýaw güýçli at goşulan, «lando» diýlip atlandyrylýan giň paýtunly gelen eken. On bäş minut geçenden soň, Sanin, Klýuber hem Emil üçüsi şol paýtun bilen süýji-köke dükanynyň öňüne dabara bilen baryp saklandylar. Rozelli hanym gezelenje gitmekden kes-kelläm boýun towlady, Jemma onuň ýanynda galmak isledi, ýöne ejesi ony öz ýanyndan «kowdy».
— Men höwre mätäç däl, ýatjak. Pantaleonäni-de siz bilen ibererdim welin, dükanda söwda etmäge adam galjak däl.
— Tartalýany äkitmek bolýarmy? — diýip, Emil ejesine sowal berdi.
— Äkidiberiň!

Tartaliýa, gepe düşünýän ýaly, begençli hereketler bilen dyrmaşyp, derrew paýtunyň oturgyjyna mündi-de, gabat gelen zady ýalaşdyrmaga başlady. Çaky, it paýtuna birinji gezek münmeýän bolarly. Jemma etegi mele ýüpli ullakan sypal saýawanly başgap geýipdi. Başgabyň aşak eplenen öň tarapy Günden goramak üçin onuň ýüzüni tutuş diýen ýaly ýapýardy. Başgapdan düşýän kölegäniň bir tarapy gyzyň dodagynyň üstüne çenli baryp ýetýärdi, päkize dodaklar bolsa ýüzi ýaprakly bägüliň gülýapragy ýaly näziklik bilen gyzaryp lowurdaýardy. Neresse çaganyňky ýaly päkize dişler ajaýyp dodaklaryň arasyndan ogryn garaýardy. Jemma paýtunyň yzky ornunda Saniniň gapdalynda oturdy, Klýuber bilen Emil hem olaryň garşysyna geçdiler. Aýnanyň aňyrsyndan frau Lenoräniň aksowult ýüzi göründi, Jemma oňa ýaglyk bulady, atlar ýöräp ugradylar.

## XV

Kiçeňräk şäherçe Soden Frankfurtdan ýarym sagatlyk ýolda ýerleşýär. Ol Russiýada suwy döş kapasasy näsag adamlara, göýä, nepi degýändigi sebäpli, meşhur bolan Taunus dagynyň eteginde owadan ýerde ýerleşýär. Frankfurtlylar ol ýere, köplenç dynç almak üçin gidýärler. Çünki ajaýyp seýilgähli Soden şäherçesinde ösüp oturankerkawlaryň hem lipalaryň saýasynda ýerleşýän garbanyşhanalardan piwodyr kofe içmek diýseň lezzetlidi. Frankfurtdan Sodene barýan ýol Maýn derýasynyň sag kenaryny syryp gidýär, tä barýançaňam, iki tarapyňy-da miweli daragtlar bezeýär. Paýtun öran oňat ýol bilen assaja gidip barýarka, Sanin Jemmanyň öz adaglysyna bolan garaýşyny assyrynlyk bilen synlady. Sanin olary ilkinji gezek bile görýärdi. *Gyz* özüni sadalyk bilen parahat, adatdakylaryndan-da has sabyrly hem agras alyp barýardy. *Klýuber* bolsa Jemma golunyň astyndakylara sadadan ýakymly lezzet almaga rugsat beren tekepbir terbiýeçi ýaly bolup seredýärdi. Onuň Jemmanyň ugrundan gopmak üçin, fransuzlar aýtmyşlaýyn, «duýduryş hereketlerini» edişi-de Saniniň gözüne ilmedi. Çaky, jenap Klýuber adaglanan gyzy bilen mesele çürt-kesik çözülen hasap edýändigi sebäpli, gyzyň göwnünden turmagyň, onuň üçin alada galyp ýörmegiň geregi-de ýokdur öýdýärdi. Barybir, tekepbirlik endigi ondan sähelçe-de daşlaşmaýardy. Hatda Sodeniň tokaýly daglaryna, jülgelerine, nahara çenli edilen gezelençde tebigatyň gözelliginden lezzet alyp ýören mahalynda Klýuber tebigata-da şol öňki, käte içinde adaty hojaýynlyk talabedijiligi hem peýda bolýan tekepbirligi bilen garaýardy. Mysal üçin, ol bir çeşmäniň ýalpagrak oý ýerden owadanlyk üçin saga-çepe gyşarmaga derek örän göni akym bilen akýandygyna närazylyk bildirdi, zýablik diýilýän saýraýan tokaý guşunyň aýaklaryny çalşyryşyny hem halamady. Jemmanyň içi gysmaýardy, gaýtam tersine, häzirki ýagdaýdan lezzet alýardy. Ýöne, Saniniň baha berşine görä, ol ozalky Jemma däldi. Ol ýüzüniň kölege örtülen ýalydygyndanam bolman (onuň gözelligi öňem lowurdap şöhle saçyp duran gözellik däldi), Jemmanyň joşgunly ruhy kalbynyň teýine çümüp giden ýalydy. Ol saýawanyny açyp, elligini hem çykarman, sowatly gyzlaryň boluşlary ýaly, agraslyk bilen gezim edýärdi, kän geplemeýärdi. Sanin hakynda-ha aýdybam durmaly däl welin, Emil hem özüni onçakly erkin duýmaýardy. Üstesine-de, özara gürrüňiň mydama nemes dilinde edilmegi-de Sanini gelşiksiz ýagdaýa salýardy. Diňe Tartalýa tapdan düşmeýärdi. Ol gabat gelen jokjokylaryň yzyndan kowalap, gaty-gaty

üýrýärdi, çuň çukurlaryň, tööňeleriň, küýze ýaly bolup ýatan daşlaryň üstünden böküp geçýärdi, ylgap barşyna, suwa özüni oklap, çalt-çaltdan içýärdi, silkinýärdi, çyňsaýardy, gyp-gyzyl dilini eginlerine çenli ýetirip, ýene ok ýaly bolup atylyp gidýärdi. Jenap Klýuber gezelenje gelenleriň içi gysmaz ýaly, elinden gelenini edýärdi. Ol adamlaryň ýaýbaň şahaly gaba çam agajynyň kölegesinde oturmaklaryny haýyş etdi-de, gapdal jübüsinden çaklaňja bir kitap çykardy. Ol ady «Knallerbsen, oder Du sollst und wirst lachen!» («Petardy, ýa-da Sen gülmeli, hökman gülmeli bolarsyň!») diýen, başdan-aýak gülküli degişmelerden düzülen kitaby okamaga başlady. Degişmelerden on ikisi dagy okaldy, ýöne adamlaryň keýpiniň üstüne ullakan keýpiköklük goşulmady. Diňe Sanin edeplilik görkezip, çalarak ýyrşardy hemem jenap Klýuberiň özi, her degişme okalandan soň gysgajyk, çyndanam bolsa gedemlik bilen güldi. Güldi. Sagat on ikilerde adamlar Sodeniň iň gowy garbanyşhanasyna geldiler.

Naharlanmak aladasyny etmelidi.

Jenap Klýuber nahara daş-töweregi ýapyk bassyrmanyň aşagynda oturmagy maslahat bermekçi bolanda, Jemma birden oňa garşy boldy. Ol diňe çar tarapdan şemal gelip duran açyk ýer — garbanyşhananyň öňündäki bagda goýlan kiçijik stollaryň birinde oturylmasa nahar iýmejekdigini, sebäbi diňe tanyş ýüzleri görmekden irendigini, başga-başga adamlary hem görmek isleýändigini aýtdy. Käbir stollaryň başynda bolsa eýýäm täze gelen adamlar otyrdylar.

Giňgursaklyga salyp, gelinliginiň ynjyklygyna boýun bolan jenap Klýuber stol eýesi bilen gepleşmäge gidende, Saniniň özüne gözüni aýyrman, soragly seredýänligindenmi, nämemi, Jemma ýüzüni aşak salyp, dodaklaryny gysyp durdy. Saniniň bolşy onuň gaharyny getirýän ýalydy. Yzyna dolanyp gelen jenap Klýuber naharyň ýene ýarym sagatdan taýýar boljakdygyny aýdyp, oňa çenli goýlan şekilleri şar bilen ýykmaly kegli diýilýän oýny oýnamagy teklip etdi. Ol, birhili, gelşiksizräk «he-he-he» etdi-de, oýnuň işdäň açylmagyna-da kömek edýändigini habar berdi. Onuň özi kegli oýnamaga ussat eken. Ol gopbamlyk bilen muskullaryny oýnadyp, şary zyňanda, edermenlik eden ýaly geň görnüşe girýärdi, aýaklaryny tapyrdadýardy. Ol pälwan kysymdy, beden gurluşy iňňän gelşiklidi, owadan ak ellerine altyn öwüşginli hindi fulýaryny çalýardy.

Nahar iýilmeli pursat geldi, adamlar kiçijik stoluň daşyna aýlandylar.

## XVI

Nemes naharynyň nähilidigini kim bilmeýär? Içinde düwün-düwün hamyrly belke gaýyp ýören, tropik ýurtlarda bitýän dalgan agajynyň ysly köki atylan şurruk kürtük çorba. Ýanyna ýumşap giden köne ýeralmasy, myssyk kelem, gyrlan ajy hren goýlan ak ýagy gurap, daş ýaly bolup giden gaýnadylan sygyr eti. Köneliginden ýaňa heňläp ugran, kaporsaly, sirkeli, miwe baly bilen gowrulan ýylanbalyk hem hökmany suratda berilýän üstüne gyzyl reňkli turşurak suwuklyk guýlan pudinge meňzeş «Mehlspeise». Ana, Soden garbanyşhanaçysy öz myhmanlaryny edil şonuň ýaly nahar bilen hezzetledi. Oňa derek arpa suwy bilen çakyr welin erbet däldi. Ýöne, aýratyn bir şowhun bolmasa-da, naharlanyşygyň özi oňat ýagdaýda geçdi. Hatda jenap Klýuberiň bada göterende «biziň söýýänligimiz üçin» («was wir lieben!»)

diýen sözleri-de joşgun döretmedi. Naharlanyşygyň wagty edeplilige, agraslyga ýugrulan ýalydy. Nahardan soň sarymtyl, suwuk — tüýs nemes kofesini berdiler. Jenap Klýuber edeplilik bilen Jemmadan çilim çekmäge-de rugsat sorady. Ýöne şol pursat asla garaşylmadyk hem ýakymsyz, hatda ýaramaz bir ýagdaý ýüze çykdy.
Goňşy stollaryň biriniň başynda Maýns goşun galasynyň birnäçe serkerdesi otyrdy. Seredişlerinden hem özara pyşyrdylaryndan many alsaň, olary Jemmanyň owadanlygy aňk eden bolmalydy. Çaky, serkerdelerden öň Frankfurtda bolan biri gyzy tanaýan ýaly bolup seredýärdi, Jemmanyň kimdigini bilýän ýalydy. Ol birden eli bulgurly (jenap serkerdeler örän içgilidiler, stollaryň üsti hem çüýşeden doludy) ýerinden turdy-da, Jemmanyň oturan stoluna golaý bardy. Ol agymtyl sary saçly, görk-görmekli ýigitdi. Ýöne aşa köp içmegi onuň ýüz-gözüni üýtgedipdi. Onuň ýaňaklary titreýärdi, gabaklary çişip giden gözleri elek-çelekdi, gaýduwsyzdy. Ilkibada ýoldaşlary ony saklajak boldular, soňam näme bolsa — şol bolsun edip, goýberdiler.
Birneme çaýkanyp gelýän serkerde Jemmanyň öňünde saklandy-da, erkiniň garşysyna, özüni ele aljak bolýandygy duýulýan haýbatly sesine bat berip: «Tutuş Frankfurtdaky, tutuş dünýädäki iň ajaýyp kofe taýýarlaýanyň saglygyna içýärin! (Ol bulguryny başyna çekdi) Aýdan sözümiň öwezini dolmak üçinem onuň ajaýyp barmajyklary bilen ýolnan şu bägüli alýaryn!». Serkerde stoluň üstünde, Jemmanyň öňünde ýatan bägüli aldy. Jemma ilkibada bolýan ýagdaýa geň galdy, gorkdy, gany gaçan ýaly bolup, ýüzi agardy... Soňra-da gorkusy gahar-gazap bilen çalyşdy, birden tutuş, saçlaryna çenli gyzardy, onuň özüni kemsidene tarap gönügen gözleri, birwagtyň içinde garaňkyrady hem ýaldyrady, tümlüge büreldi, öňi alnyp bolunmajak ýigrenç ataşy bilen lowurdady. Gyzyň beýle nazary serkerdäni utandyrana meňzedi: ol düşnüksiz bir zatlary samrady-da, baş egenden soň yzyna öz ýoldaşlarynyň ýanyna gitdi. Ýoldaşlary ony ýeňiljek gülki hem el çarpma bilen garşyladylar.
Jenap Klýuber ýerinden laňňa galdy-da, dim-dik duran ýerinden başgabyny geýdi, öz mertebesini saklap, onçakly gaty ses bilenem däl-de: «Bu görlen ahwalat däl! Görülmedik gödeklik!» («Unerhört! Unerhörte! Frechheit!») diýdi, derrewem agras ses bilen hyzmatçyny çagyrdy-da, tizden-tiz hasaplaşylmagyny talap etdi. Olam hiç, üstesine, jenap Klýuber paýtuny häzir çagyrmagy tabşyrdy, yzyndanam adamlar kemsidilýänligi üçin bu ýere edepli kişileriň gelmeli däl ekendiginem nygtady. Jenap Klýuber şol sözleri aýdan mahaly öz ornunda gymyldaman oturan, döşi galkyjaklan Jemma uludan dem aldy. Ol öz adaglysyna edil serkerdä seredişindäkisi ýaly dykgatly nazaryny dikdi. Emil gahar-gazapdan ýaňa galpyldaýardy.
— Turuň, freýleýnim! — diýip, jenap Klýuber öňki talabediji äheňi bilen gepledi. — Size bu ýerde oturmak gelşikli däl. Biz garbanyşhananyň içine girmeli bolarys.
Jemma sesini çykarman ýerinden turdy, Klýuber oňa tirsegini hödürledi, gyz adaglysyna elini uzatmaly boldy. Klýuber apaň-apaň basyp, garbanyşhana tarap ýönelende, nahar iýlen ýerden daşlaşylýanlygy sebäpli, ol has ulumsy görnüşe girdi. Emil neresse-de olaryň yzyndan mytdyldap ugrady.
Jenap Klýuber eden hyzmaty üçin stol eýesine arak baha-da bermän, hasap-hesibe güýmenýänçä, çalt-çalt ädimläp giden Sanin serkerdeleriň oturan stolunyň ýanyna bardy-da, Jemmanyň göwnüne degene (şol pursat ol alyp gaýdan bägülüni ýoldaşlaryna gezek-gezegine ysgadýardy) fransuzça pert-pert äheň bilen ýüzlendi:

— Siziň ýaňky eden hereketiňiz, merhemetli hökümdar, edepli adama, siziň egniňizdäki serkerde eşigine mynasyp däl. Şonuň üçinem men ýanyňyza siziň edep-ekram görmedik, bihaýa adamdygyňyzy aýtmaga geldim.
Ýaş ýigit aýak üstüne galdy, ýöne beýleki, harby derejesi ulurak serkerde eliniň hereketi bilen ony aşak oturmaga mejbur edensoň, fransuz dilinde Sanine ýüzlendi:
— Siz ol gyzyň nämesi, garyndaşymy, doganymy ýa-da adaglysymy?
— Men ol gyza düýpden ýat adam — diýip, Sanin jogap gaýtardy. — Men rus, ýöne men beýle gödeklige göwnübir garap bilmeýärin. Ýöne, gerek bolsam, meni tapyp bilersiňiz, ynha, salgym, jenap serkerde.
Aýtjagyny aýdan Sanin öz salgysy ýazylan petegi stoluň üstüne taşlady, şol pursat harbylaryň biri Jemmanyň gülüni öňündäki nahar gabyna gaçyrdy welin, Sanin ony derrew garbap aldy. Ýaş ýigit ýene oturgyjyndan gobsunanda ýoldaşy: «Döngof, ýuwaş!» («Dönhof, sei still!») diýip, ony ýene saklady hem özi ýerinden turup, çekgesine harbylarça elini ýetirip, hereketinde-de, sesinde-de hormat alamatyny aňladyp, ertir irden olaryň polkundan bir serkerdäniň Saniniň ýaşaýan ýerine barmagyny özüne hormat hasap etjekdigini aýtdy. Sanin çalarak baş egip, özüniňkileriň ýanyna ýetmäge gyssandy.

***

Jenap Klýuber Saniniň esli salym eglenmegine, onuň serkerdeler bilen gep alşanyna üns bermedik boldy. Ol atlary paýtuna goşanda haýal-ýagallyk edýänine erbet gaharlanyp, paýtunçyny gyssady. Jemma-da Sanine hiç zat diýmedi, hatda oňa seretmedem. Çytyk gaşlaryndan, gapyşyp duran gansyz dodaklaryndan, göwresiniň doňan ýalylygyndan many alsaň, gyzyň kalbynda şatlyk ýokdy. Sanin bilen diňe Emiliň gepleşesiniň gelip durandygy bildirýärdi. Ol Saniniň serkerdeleriň stolunyň ýanyna barmagyny, olaryň öňüne bölejik ak kagyza edilen ýazgyny taşlap gaýdanyny görensoň, sebäbini soramakçydy... Emil neressäniň ýüregi gürsüldeýärdi, ýaňaklary gyzarypdy. Ol Saniniň boýnuna bökmäge, gözýaş dökmäge ýa-da häziriň özünde onuň bilen gidip nejis serkerdeleri suwasalma ýençmäge taýyndy. Ýöne ol özüni ele alyp, asylly rus dostunyň her bir hereketini üns berip synlamak bilen çäklendi.
Paýtunçy atlary ahyr paýtuna goşdy, gezelenje gelenleriň hemmesi ýerli-ýerine geçdi. Emil Tartalýanyň yzy bilen paýtunçynyň gapdalynda ornaşdy. Oglan ol ýerde özüni erkin duýýardy, üstesine-de, asla görmek islemeýän kişisi Klýuber hem öňünde gözüne dürtülip oturmaýardy.

***

Klýuber ýol boýy boş ýaňrap geldi... ýeke özi ýaňrady... hiç kim oňa garşy hem gitmedi, aýdanlaryny goldanam bolmady. Ol töweregi ýapyk teläriň astynda naharlanmagy ündände gulak asylmanyny aýratyn nygtady. Onuň islegine garşy gidilmedik bolsa, hiç hili ýakymsyzlyk hem döremezdi! Soňra, serkerdelere gezek gelende, döwletiň bagyşlanmaz ýaly derejede geçirimlilik edýändigi, olaryň özlerini alyp baryşlaryna göz-gulak bolunmaýandygy, jemgyýetiň harby däl adamlaryna geregiçe sarpa goýmaýandygy barada (das bürgerliche Element in der Societät)

birnäçe gödek, hatda liberal pikirleri-de aýtdy. Şol zatlaryň netijesinde-de, wagt geçmegi bilen soňy rewolýusiýa baryp ýetjek närazylyk döreýärmiş. Klýuber oňa ýakymsyz tutaryk hökmünde-de Fransiýany mysal getirip, duýgudaşlyk bilen bolsa-da agras dem aldy. Şonuň bilen birlikde-de ol özüniň-ä häkimiýete ýürekden hormat goýýandygyny, hiç mahal, hiç haçan rewolýusioner bolmajakdygyny, olar ýaly bibaşlygy görse, öz närazylygyny beýan etmän durup bilmejekdigini aýtmak bilen öňküleriniň üstüni ýetirdi. Soň hem jenap Klýuber ahlaklylyk, ahlaksyzlyk barada, edep-ekram, mertebe duýgusy barada birnäçe umumy bellik etdi.

Nahardan ozalky gezelenç wagtynda-da Klýuberiň bolşuny gaty goldamany sebäpli Sanindenem birneme daşrakda duran, onuň şaýat bolýan zatlaryndanam utanan Jemma adaglysynyň häzirki ýaňramalaryndan soň-a, uýalyp, ýere girip bilmedi. Sanin bilen gepleşmän gelse-de, gyzyň hasratynyň yzasy gezelenjiň ahyrynda lezzetli duýga öwrüldi. Ol birden Sanine naýynjar nazar aýlady... Saniniň kalbyndaky Jemma bolan nebsagyryjylykly duýgy jenap Klýubere bolan närazylykdan güýçlüdi. Ol edýän pikirlerine doly aňy bilen baha bermese-de, ertir nähili ýagdaýyň gopjagy näbelli bolsa-da, başa-baş söweşe çakylyk almagy mümkin bolsa-da, şu günüň dowamynda dörän wakalara içinden begenmänem durmady.

Ezýet baryny beren (partie de plaisir) gezelenç ahyr tamam boldy. Öý dükanynyň öňünde Jemmany paýtundan düşüren Sanin onuň gaýtarylyp alnan bägülini hiç hili söz diýmän, eline berdi. Jemma tutuş göwresi bilen ot alan ýaly boldy-da, Saniniň elini gysyp, bägüli derrew gizledi. Agşam ýaňy düşüp ugranam bolsa, Sanin öýe girmek islemedi. Eýwanda peýda bolan Pantaleone frau Lenoräniň ýatandygyny habar berse-de, Jemma Sanini öýe çagyrmady. Emil müýnli ýaly, Sanin bilen utançly halda hoşlaşdy. Oglan ýadyrgaýan ýaly onuň bolşuna geň galdy. Klýuber Sanini ýaşaýan ýerine çenli ugradyp, hoşlaşanda-da tekepbirlik bilen baş atdy. Edep-ekramly, özünden göwni suw içýän nemes üçin (hernäçe tekepbirlik etse-de) bu günki bolan waka gelşiksizdi. Ol hemme kişi üçinem şeýle bolupdy.

Ýöne welin Saniniň kalbynda şol duýgy, ýagny gelşiksizlik duýgusy bahym ýitip gitdi. Onuň ornuny näbelli, gümürtik bolsa-da, ýakymly, hatda gaty begençli keýpiçaglyk eýeledi. Sanin otagyň içinde eýläk-beýläk gezmeledi, hiç zadyň pikirini hem etmek islemedi, sykylyk atdy. Ol özünden örän hoşaldy.

## XVII

«Jenap serkerdä sagat on bolýança garaşaryn — diýip, ertesi irden ýuwnup-ardynyp bolansoň, Sanin aýgyt etdi. — Şoňa çenli gelmese, goý, onuň özi meni gözlesin!» Ýöne nemesler üstüne Gün dogrup ýatmaýarlar. Sagat entek dokuz hem bolmanka, nobatçy gelip, jenap fon Rihter atly podporuçigiň (der Herr Seconde Lieutenant) Sanini görmek isleýändiginiň habaryny getirdi. Sanin çalasynlyk bilen uzyn syýly, iki ýanlaýyn iliklenen daşky geýimini geýip, myhmanyň getirilmegini buýurdy. Jenap Rihter Saniniň garaşyşynyň tersine, juda ýaş ýigit, asyl entek oglanragam eken. Ol özüniň sakgalsyz, murtsuz ýüzüne wajyp agraslyk bermegiň aladasyny etse-de, isleginden netije çykmaýardy, hatda özüniň utanýandygyny hem ýaşyrmagy başarmaýardy, oturgyçda oturjak bolanda-da, gylyjyna büdräp, tas ýykylypdy. Poruçik sakynyp, sakawlap, gowşak fransuzçalap, öz dosty baron fon Döngofyň

tabşyrygy bilen gelendigini, tabşyrygyň bolsa jenap fon Saninden düýn onuň adyna aýdan kemsidiji sözleri üçin ötünç soramagy talap etmekden, bardy-geldi, ol isleg jenap fon Sanin tarapyndan ret ediläýse, baron fon Döngof özüni kemsideni başa-baş darkaşa çagyrmaga taýyndygyny habar bermekden ybaratdygyny beýan etdi. Sanin ötünç soramaklyga meýliniň ýokdugyny, ikiçäk darkaşa çykmaga taýyndygyny aýtdy. Ol jogapdan soň jenap fon Rihter öňküsi ýaly sakynyp-sakynyp, garpyşygy taýýarlamak üçin kim bilen, haçan, nirede gepleşik geçirmelidigini sorady. Sanin iki sagat çemesi geçensoň, gepleşik geçirmäge fon Rihteriň ýanyna özüniň barmagynyňam ahmaldygyny, şoňa çenli özüniň araçy emin tapmagyň aladasyny etjekdigini aýtdy. (Şol iki aralykda-da ol: «Jähennem bolmuş, ol araçy emini men nireden tapaýyn?» — diýip içini gepletdi. Ýerinden turup baş egip ugran jenap fon Rihter, wyždany ezýet berýän ýaly, bosaga ýetip saklanansoň, yza öwrülip, dosty baron fon Döngofyň düýnki bolan wakada haýsydyr bir möçberde özüniňem günäsiniň bardygyny boýun alýandygyny, şonuň üçinem sähelçe ötünç soralsa-da — «des exghizes lecheres — köşeşjekdigini Sanine habar berdi. Sanin ol habara «ýeňil-u-agyr» hiç hili ötünç soramak meýliniň ýokdugyny, çünki ol özüni günäli hasaplamaýandygyny duýdurmak bilen jogap gaýtardy.

— Beýle boljak bolsa... — diýip, jogapdan göwni suw içmedik jenap fon Rihteriň ýüzi öňküsindenem gyzardy. — Onda iki tarapdanam «dostluk okuny» — des goups de bisdolet a i’amiaple! — atyşaýmaly bolar.

— Beýle gepiň manysyna men asla düşünmeýärin — diýensoň, Sanin jenap fon Rihtere sowal berdi: — Ol aýdanyňyzy oky asmana atmak diýip kabul etmelimi?

— Ýok, olar ýaly däl, beýle däl — diýip, halys aljyran fon Rihter düşnüksiz gepläp başlady. — Ýöne men oňa şeýle düşünip... Dartgynlygyň iki sany medeniýetli adamyň arasynda döränligi sebäpli... Men siziň araçy emininiňiz bilen gepleşerin...

Şeýdip, ol öz sözüni soňlaman böldi-de, çykyp gitdi.

Ol bosagadan aňryk ätlän badyna oturgyja özüni goýberen Sanin ýere bakyp oýa çümdi: «Bu näme boldugy? Durmuş nädip birden çepbe çöwrüldi duruberdi? Geçmiş, geljek seljerilmez ýaly bulaşyp, ýok bolup barýar, diňe meniň Frankfurtda kimdir biri bilen, nämedir bir zat üçin garpyşýanym galýar». Bir däli daýzasy Saniniň ýadyna düşdi. Ol daýzanyň tans edip, aýdyma hiňlenmesi bardy:

Podporuçik,  
Sen eýjejik  
Amurjygym.  
Meň bilen tans et, kepderijik!

Sanin uly ili bilen güldi-de, däli daýza öýkünip hiňlendi: «Podporuçik, meň bilen tans et, kepderijik!»

— Bolsa-da, wagt ýitirmän hereket etmeli — diýip, Sanin gaty sesi bilen gepläp ýerinden turanda, öňünde eli kagyzly Pantaleonäniň durandygyny gördi.

— Men birnäçe gezek gapyny kaksamam, siz jogap bermediňiz welin, öýde ýokmukaňyz öýtdüm — diýen goja haty uzatdy. — Sinýorina Jemma ýollady.

Sanin, aljyramakdan ýaňa näme edýänini hem aňşyrmaýan ýaly bolup, haty desbidähil açdy-da, okady, Jemma Saniniň özüne belli mesele boýunça örän biynjalyk, bolýandygyny hem gaty tiz duşuşmak isleýändigini ýazýardy.
— Senýorina biynjalyk bolýar — diýip, göräýmäge, hatyň mazmuny bilen tanyş Pantaleone gepläp başlady. — Ol maňa siziň näme bilen meşgullanýandygyňyzy bilmegimi hem sizi öz ýanyna alyp barmagymy tabşyrdy.
Goja italýana sereden Sanin oýa batdy. Onuň kellesine derrew bir pikir geldi. Ilki pursat ol pikir düýpden geň bolup duýuldy...
«Oňa garamazdan... näme üçin bu emin bolmaly däl?» diýip, ol özüne sowal berdide:
— Jenap Pantaleone! — diýip, batly seslendi.
Goja tisginip gitdi, eňegini ýakabagy bilen gizledi, Sanine nazaryny dikdi.
— Düýn näme bolanyndan siz habarlymy? — diýip, Sanin sowal berdi.
Dodaklaryny ýalaşdyran Pantaleone gür saçlaryny silkip:
— Hawa — diýdi.
(Emil gelen badyna bolan wakalary oňa aýdypdy).
— Bilýäňiz-dä onda. Näme diýseňizläň? Ýaňy bir serkerde ýanymdan gitdi. Ol utançsyz meni başa-baş çaknyşyga çagyrýar. Men çagyryşy kabul etdim. Ýöne araçyeminim ýok. *Siz* ol işi boýnuňyza almarsyňyzmy?
Ol habara tisginip giden Pantaleone gaşlaryny şeýlebir ýokaryk gerdi welin, olar maňlaýa düşüp duran saçlaryň aşagynda gizlendiler.
— Siz darkaşa gürrüňsiz giräýmelimi? — diýip, şol pursada çenli fransuzça geplän goja ahyr italýan diline geçdi.
— Gürrüňsiz. Şeýtmesem, ömrüm boýy masgaraçylygyň astynda galaryn.
— Hüm. Eger men ol işi göwnemesem, siz başga emin gözlemeli bolýaňyzmy?
— Ýogsa näme. Hökman.
Pantaleone utanyp aşak bakdy.
— Soramaga ejaza beriň, sinýor, de Sanini!. Siziň ol başa-baş çaknyşygyňyz bir şahsyň abraýynyň üstüne gelşiksiz kölege bolup şek ýetirmezmi?
— Beýle çak etmeýärin. Ýöne, nähili-de bolsa, gaýry çykalga ýok. Atylan ok daşdan gaýtmaz.
— Hüm, — eden Pantaleone tutuşlygyna diýen ýaly ýakabagynyň aňyrsyna bukuldy.
— A, ol ferreflukto Kluberio, näme etsem diýýä? — Goja birdenem ýüzüni ýokaryk tutup gepledi.
— Olmy? Ol hiç zadam edenok.
— Ol-a bolmaýar. — Pantaleone ýigrenç bilen eginlerini gysdy. — Nähili-de bolsa, men size minnetdarlygymy aýtmaly. Şu mahalky çöken ýagdaýymda-da meni agramly, päk adam saýyp, — un galant'uomo! — kabul edeniňiz üçin, nähili-de bolsa, men size minnetdar bolmaly. Şeýtmek bilen, siz özüňizi — galant'uomo — sypaýy adam hökmünde äşgär etdiňiz. Ýöne men siziň teklibiňiz hakda oýlanyp görmeli.
— Oýlanmaga wagt ýok, gadyrly jenap Çi... çippa...
— Tola, — diýip, goja Saniniň yzyny aýdyp bilmän goýan sözüniň üstüni ýetirdi. — Maňa oýlanmak üçin aňyrsy bir sagat gerek bolar. Ol mesele meniň rehim-şepagatly

dostlarymyň gyzyna baryp direýär... Şonuň üçinem men oýlanmaga borçly. Ýene bir sagatdan, asyl kyrk bäş minutdan siz meniň gelen netijämi bilersiňiz.
— Ýagşy. Men garaşaryn.
— Indi bolsa... Men sinýorina Jemma näme jogap bermeli?
Sanin bir tagta kagyz aldy-da, şeýle sözleri ýazdy: «Örän arkaýyn boluň, meniň gadyrly tanşym! Men ýene üç sagatdan ýanyňyza baranymdan soň, size hemme zat düşnükli bolar. Ýagdaýym bilen gyzyklanýanyňyz üçin size ýürekden minnetdardyryn».
Sanin ýazan hatyny Pantaleone berdi.
Goja seresaplyk bilen haty goltuk jübüsine salyp, ýene: «Bir sagatdan!» diýensoň, gapa tarap ýöneldi-de, birdenem hyrra yzyna öwrüldi, haýdap Saniniň ýanyna geldi, elinden ýapyşdy, ony özüniň bezegli ýakasyna gysdy, gözlerini ýokaryk dikdi: «Adamkärçilikli ýetginjek! Uly ýürek! — (Nobil giovanotto! Gran cuore! — Sandan galan goja (a un vecchiotto) — öz merdana goluňyzy gysmaga rugsat ediň! (la vostra valorosa destra!)» Soňra ol biraz yza tesip, iki elini hem dabara bilen ýokaryk göterdi-de, çykyp gitdi.
Sanin onuň yzyndan garady... gazeti alyp, okamaga başlady. Ýöne gözleri setirleriň üstünden manysyz hereket etdi. Ol hiç zada düşünmeýärdi.

## XVIII

Bir sagatdan soň hyzmatkär ýene Saniniň ýanyna geldi, ýüzüne: «Warezeli Pantaleone Çippatola (cantante di camera). Onuň aly hezreti gersog Modenskiniň köşk aýdymçysy» diýlip ýazylan, onçakly arassa bolmadyk tanyşlyk petegini berdi. Hyzmatkäriň ýanyndanam Pantaleonäniň özi hem peýda boldy. Ol depesinden dabanyna çenli öňküsinden başga eşik geýnendi. Egninde reňki saralyp ugran gara frak, ak pikeden[9] tikilen keltekçe, onuň üstünde-de sinkiň ergininden haşamlanyp edilen tompak zynjyrjygy tolkun atýan ýalydy, hakyk gaşly agyr möhür inçeden gara pantalonynyň uzaboýuna aşak düşüp durdy. Gojanyň sag elinde gara towşanyň derisinden edilen saýawanly başgaby, çepinde iki sany galyň zamşa elligi bardy, ýakabagyny bolsa adatdakysyndanam ýokardan daňyp, düwnünem has-da uly düwüpdi, krahmallanan bezegli ýakasyna «pişik göz» (oeil de chat) diýlip atlandyrylýan daşly iňňebagjyk ildirilendi, sag eliniň süýem barmagynda atanaklaýyn goýlan eliň şekiliniň üstünde ot bolup ýanýan ýürek gaşly ýüzük bardy. Gojanyň üst-başyndan zaýa bolan zadyň, kamfaranyň, müşgüň ysy gelip durdy. Onuň göwresiniň ynjalyksyz titreýşi iň bir biperwaý tomaşaçyny-da aňk etmelidi. Sanin oňa tarap ýöneldi.
— Men siziň araçy eminiňiz! — diýip, fransuzça geplän Pantaleone tansçylaryň edişleri ýaly daraklyklarynyň arasyny giňden goýup, tutuş göwresi bilen öňe egildi. — Tabşyrygyňyzy diňlemek üçin geldim. Siz rehim-şepagatsyz çaknyşmak isleýäňizmi?
— Näme üçin rehimsizlik bilen, meniň gadyrly jenabym Çippatola? Men dünýä malyny berselerem, düýnki gepimi yzyna alman. Ýöne, oňa garamazdan, ganhoram

---
[9] Matanyň görnüşi.

däldirin! Biraz garaşyň, häzir garşydaşymyň araçy emini geler welin, men goňşy jaýa geçerin, siz hem onuň bilen hemme zady şertleşersiňiz. Eden hyzmatyňyzy hiç mahal unutmajagyma-da ynanyň. Men size ýürekden minnetdar!

— Namys ähli zatdan belentdir! — diýen Pantaleone öý eýesiniň mürähet ederine-de garaşman, oturgyja özüni goýberdi, derrewem fransuzça bilen italýançany garyşdyryp gepläp başlady. — Eger şol täjir Kluberio ferroflukto spiçebubbio özüniň gönümel borjunyň nämedigine düşünmedik bolsa ýa-da gorkup namartlan bolsa, özi üçin erbetlik. Olar ýaly ejiziň gyzan bazardaky bahasy gara şaýydyr. Bolany şol! Darkaşyň şerti hakynda aýtsamam — men siziň sekundantyňyz, siziň bähbidiňizem meniň üçin mukaddeslikdir. Men Paduýede ýaşan mahalym ol ýerde ak dragunlaryň polky hem ýerleşýärdi. Serkerdeleriň köpüsini oňat tanaýardym. Siziň ynanç diýýän närsäňiz (prinçip) barada-da Tarbuskiý ikimiz kän gürrüň edipdik.... Ol araçy diýýäniň bahym gelmelimi?

— Men oňa sabyrsyzlyk bilen garaşýaryn. Ana, gelýärem-le! — diýip, köçä tarap sereden Sanin habar berdi.

Pantaleone ýerinden turdy, sagadyna garady, käkil saçyny düzetdi, pantalonynyň aşagynda galgap duran jähegini howlukmaçlyk bilen aýakgabynyň gonjuna sokdy. Podporuçik ýigit ozalkysy ýaly gyzaryp hem utanjyrap içerik girdi.

Sanin araçylary bir-biri bilen tanyşdyrdy.

— M-r Richter, souslieutenant! — M-r Zippatola artiste! (jenap Rihter podporuçik! — jenap Çippatola, artist!)

Goja gözi düşen podporuçik az-kem geňirgendi. Artist diýlip tanyşdyrylan gojanyň öz işiniň daşyndan aşpezlik sungaty bilenem meşgullanýandygyny şu pursat podporuçigiň gulagyna kimdir biri pyşyrdap habar beräýse, ol näme diýerdikä?.. Ýöne Pantaleone welin, beýle garpyşyklary gurmak, olara gatnaşmak özi üçin adaty bir iş ýaly sypata girdi. Belki, häzirki ýagdaýda-da geçen artistlik tejribesini ýatlamagy oňa kömek eden bolsa gerek. Belki-de, ol araçy emin bolmagy teatrda oýnalýan keşp diýip kabul edendir. Podporuçigem, Pantaleone-de esli salym dymyp oturdy.

— Başlaýasmy indi? — diýip, öňündäki hakyk daşly möhrüni oýnap oturan Pantaleone öňürti gepledi.

— Başlaýas! — diýip, podporuçik jogap gaýtardy. — Ýöne... diňe bir garşydaşyň gatnaşmagynda...

— Men häziriň özünde sizi ikiçäk goýaryn, jenaplar — diýen Sanin, baş egdi-de, içki — ýatylýan otaga geçip, gapyny içinden gulplady.

Ol özüni ýatalga taşlap, Jemma hakda oýlanmaga başlady... ýöne eminleriň edýän gürrüňi ýapyk gapynyň aňyrsyndanam eşidilip durdy. Olar fransuz dilinde gepleşýärdiler, ikisiniň-de ol dili bilişleri gaty ýüzleýdi, iki dilbilmez bolup hersi özüçe zaýalansoň, ýakymly fransuzçanyň şireliliginden nam-nyşan galmaýardy. Pantaleone ýene Paduýedäki dragunlary, Tarbuskanyň prinçipini, podporuçik bolsa «exghizes lecheres» hem «goups â i'amiaple» ýatlady. Emma goja haýsydyr bir «exghizes!» barada eşitmegem islemedi. Birdenem ol Sanini aňk edip, gürrüňdeşine diňe külbike barmagynyň dünýädäki ähli serkerdelere... (oune zeune damigella innoucenta, du'a ella sola dans soun pêti doa vale piu gue toutt le zouffissie del mondo!) degýän käbir päk gyzlaryň bardygyny belledi hem birnäçe gezek «Ol

masgaraçylyk! Ol masgaraçylyk!» (E ouna onta, ouna onta!) diýen sözleri gaýtalady. Başda poruçik gürrüňdeşine hiç hili garşylyk görkezmedi, soň welin onuň sesinde gaharly sandyrama duýuldy hem ol bu ýere ahlak barada düşündiriş diňlemek üçin gelmändigini ýaňzytdy.
— Siziň ýaşyňyzdaky adama dürs gürrüňleri diňlemek mydama peýdalydyr! —diýip, Pantaleone nygtady.
Jenap eminleriň arasyndaky gepleşik birnäçe gezek dartgynly derejä çenli baryp ýetdi. Bir sagatdanam gowraga çeken gepleşigiň ahyrky netijesi şeýle boldy: «baron fon Döngof bilen jenap de Sanin ertir sagat 10-da Ganaunyň golaýyndaky kiçeňräk tokaýda ýigrimi ädim aralykdan atyşmaly. Her kimiň, araçynyň yşaraty bilen, iki gezek ok atmaga haky bar. Sapança el bilen herekete getirilýän bolmaly, nili hyrsyz bolmaly. Jenap fon Rihter çykyp giden badyna, ýatylýan jaýyň gapysyny uly şagalaň bilen açan Pantaleone gepleşigiň netijesini beýan etdi. Ol ýene: Sanine «Brawo, Russo! Brawo, giovanotto!» (Gerçek rus! Gerçek ýaş ýigit!) Sen ýeňiji bolarsyň!» diýip ýüzlendi.
Birnäçe minut geçenden soň, olaryň ikisi-de Rozellileriň süýji-köke dükanyna tarap ugrady. Sanin atyşyk hakyndaky syry örän berk saklamagy hakda Pantaleone tabşyrdy. Jogaba derek diňe barmagyny ýokaryk galdyran goja gözlerini süzdi-de: Sergedezza! (Pynhanlyk!) diýip iki sapar pyşyrdady. Ol biraz ýigdelen ýalydy, arkaýyn hereket edýärdi. Bolup geçýän, ýakymsyzam bolsa, adatdan daşary wakalar, gojanyň oý-hyýallaryny garşydaşynyň başa-baş çaknyşyga çakylygyny kabul eden döwürlerine alyp gitdi. Ýöne ol çaknyşyga çakylygyň kabul etmeklik hakyky durmuşda däl-de, sahnada bolup geçipdi. Umuman, bariton sesli aýdymçylar sahnada keşp döredenlerinde hekgermegi, herrelmegi gowy görýärler.

## XIX

Bir sagatdan hem gowrak wagt ýoluny garawullap duran Emil Saniniň öňünden haýdap çykdy-da, gulagyna gyssanmaç pyşyrdap, düýnki bolan ýakymsyzlykdan ejesiniň bihabardygyny, ol hakda ýaňzytmagyňam gerek däldigini, ony ýene jenap Klýuberiň dükanyna iberýändigini, ýöne gitmejekdigini, nirededir bir ýerde gizlenjekdigini habar berdi. Aýtjagyny birki sekundyň içinde aýdyp gutaran oglan egninden ýapyşyp, Sanini gyssanmaç ogşady-da, köçäniň ugry bilen aşak ylgap gitdi. Dükanda Sanini garşylan Jemma oňa bir zat aýtjak boldy-da, başarmady. Onuň dodaklary çalaja tibirdeýärdi, süzük gözleri ýalt-ýult edip oýnaklaýardy. Ol gyzy ynam bilen köşeşdirmek üçin dörän ýagdaýyň soňunyň netijesiz gutarandygyny aýtdy.
— Şu gün siziň ýanyňyza gara beren bolmadymy?
— Biri geldi. Ol ikimiz düşünişdik... biz onsoň... kanagatlanarly netijä geldik.
Jemma dükanyň germewiniň aňyrsyna dolanyp bardy.
«Meň aýdanlaryma ynanmady» diýip, Sanin pikir etdi, bolsa-da, ol goňşy otaga geçdi. Ol ýerde frau Lenore bar eken.
Çakyzasy geçenem bolsa, ol örän göwnüçökgün görünýärdi. Ol Sanini görüp, begençli ýylgyrdy, ýöne bu gün hiç hili täsin zat bilen güýmäp bilmejekdigi üçin öz

ýanynda içgysgynç boljakdygyny duýdurdy. Ýanyna baryp oturan Sanin frau Lenoräniň gözleriniň gyzarandygyny, gabaklarynyň ýellenendigini gördi.
— Size näme bolýar, frau Lenore? Aglaýan-a dälsiňiz?
— Ýuwaş-ş! — diýip, ol süýem barmagyny agzyna ýetirdi-de, başyny atyp, gyzynyň bolýan goňşy otagyna tarap ümledi. — Olar ýaly sözleri Jemma beri eşidäýmesin...
— Ol aýdýanyňyzy goldaýan welin, siz näme üçin gözýaş etdiňiz?
— Ah, mosýe Sanin, näme üçin aglanymy özüm bilmesem nädeýin!
— Kimdir biri keýpiňizi bozan-a däldir-dä?
— Ýok-la. Birden kejebäm darygyberdi. Jiowan Battist ýadyma düşdi... öz ýaşlygymy ýatladym. Onsoňam, neme... hemme zat gaty tiz geçdi ötägitdi, gadyrdanym. Kem-kemden garrap barýan... Şol ýagdaý bilen asla ylalaşyp bilemok. Öz göwnüme özümi öňkim ýalymykam öýdýän. Garrylyk bolsa.. ine, ol, ine, ol! — frau Lenoräniň gözleri nemlendi. — Görýän welin, siz maňa garap haýran galyp otyrsyňyz öýdýän? Ynha, sizem gojalarsyňyz, ezizim. Garrylygyň neneňsi ajy ezýetdigine şonda düşünersiňiz.
Sanin ony hoşamaý sözler eşitmäge hantamadyr öýdüp, enäniň ýaşlygynyň çagalarynda gaýtalanýandygyny ýatlatdy, hatda köşeşdirmek meýline täsiri ýeter öýdüp, ol tarypa mynasyp diýip bälçireşmek hem isledi. Ýöne frau Lenore ol hereketlere gara çyny bilen garşy boldy. Şeýlelikde, Sanin beýle sussupesligiň manysyna düşünip, garrylygyň döreden göwnüçökgünligidigine, ony hiç zat bilen köşeşdirmegiň, ünsüni sowmagyň mümkin däldigine, öz-özünden ýok bolup gidäýýänçä garaşmalydygyna akyl ýetirdi. Oňa özi bilen kartyň tressette diýilýän görnüşini oýnamagy hödürlemekden gaýry hiç hili çykalga Saniniň kellesine gelmedi. Kart oýnamaga bada-bat razylyk beren aýalyň, birhili, keýpi hem göterilen ýaly boldy.
Sanin onuň bilen nahara çenli, nahardan soňam kart oýnady. Oýna Pantaleone hem gatnaşdy. Onuň aýallaryňky ýaly zülpi hiç mahal maňlaýyna, beýle aşak düşmändi, eňegi hiç mahal ýakabagynyň aňyrsynda beýle derejede gizlenmändi! Onuň her bir hereketi şeýlebir ünslülige, dykgatlyga ýugrulandy welin, synlanyňda bu adam beýle erjellik bilen nädip syr saklap bilýärkä diýen pikir biygtyýar kelläňe gelýärdi.
Ýöne — sergedezza! Sergedezza!
Pantaleone şol gezek uzynly günüň dowamynda Sanine hertaraplaýyn yhlas görkezmek bilen boldy. Stol başyna geçilende, zenanlardanam öňürti nahary ilki Saniniň öňünde goýdy, kart oýnalanda-da, ondan ýörite utulýardy, garşydaşynyň göçümine päsgelçilik döretmeýärdi, aýdan gepi şu mahal ýerine düşmese-de, ruslaryň dünýädäki iň rehimli, iň batyr, iň kesgin adamlardygyny nygtaýardy.
Sanin onuň bolşuna: «Ah sen, jögi goja!» diýip, öz ýanyndan baha berdi.
Ol frau Rozelliniň garaşylmadyk ýerden keýpiniň göterilmegine geň galmak däl-de, esasanam, onuň gyzynyň özüne bolan gatnaşygyna üns berdi. Ýok, gyz ondan daşlaşman, gaýtam, tersine, mydama Saniniň golaýjygyna gelip oturýardy, onuň gepine-sözüne üns berýärdi, synlaýardy, oňa garamazdan, Jemma Sanine söz diýmeýärdi, myhmanyň özi gepbaşy tapsa-da, ol ýerinden turup, ýuwaşjadan daşlaşmak bilen bolýardy. Jemma ýene yzyna dolanyp, ýene haýsydyr bir künçde oturýardy, özi-de bir zat barada oýa batýana meňzeýärdi, has takygy, ýagdaýa

düşünmeýän ýaly bolup dymýardy. Frau Lenoräniň özi gyzynyň ýagdaýynyň adaty däldigini aňyp, näme bolýandygyny telim gezek sorady.
— Hiç zadam bolanok, eje — diýip, gyzy jogap gaýtardy. — Sen meniň käte-käte şeýle ýagdaýa düşýändigimi bilýärsiň ahyryn.
— Ol aýdýanyň-a dogry! — diýip, enesi gyzynyň jogaby bilen ylalaşdy.
Uzynly gün şunuň ýaly ne şagalaňly, ne sus, ne begençli, ne gynançly ýagdaýda geçip gitdi. Jemma özüni başgarak alyp baranlygynda, Sanin, belkem, ýigitlik isleg-höwesiniň erkine hötde gelip bilmän, az-kem özüni görkezmekçi bolardy ýa-da, belkem, soňunyň baky aýralyga sapmagy ahmal ýagdaý sebäpli, hasrat duýgusynyň öňünde ýan bererdi... Ýöne ol Jemma bilen hatda gürleşibem bilmänsoň, agşamky kofe içişligiň öň ýany peýda bolan ýarym sagat wagty sazyň tutuk heň çykarýan perdelerini basmaly boldy.
Emil öýe giç dolandy hem jenap Klýuber baradaky beriljek sowallardan gaçmak üçin içerdäkilerden tiz ara açmaly diýen pikire geldi. Saniniňem hoşlaşmaly wagty ýetdi.
Ol Jemma bilen sagbollaşmaga durdy. Sanin, näme üçindir, «Onegindäki» Lenskiý bilen Olganyň aýrylyşyklaryny ýadyna saldy. Ol elini mäkäm gysyp durka, Jemmanyň ýüzüne garajak boldy, ýöne ol ýüzüni çalarak bir tarapa sowup, elini çekip aldy.

## XX

Sanin eýwana çykan mahaly asman eýýäm ýyldyzdan dolan eken. Uly, kiçi, sary, gyzyl, gök, ak ýyldyz näçe diýseň bardy. Olar üýşüp, biri-birinden öňürdip göge şeýlebir şöhle saçýardylar. Asmanda Aý ýokdy, ýöne onsuzam ýarym ýagty, kölegesiz alagaraňkylykda her bir jisim aýdyň bolup görünýärdi. Ýaşaýan otagyna barmaga höwessiz Sanin köçäniň ahyryna çenli gitdi. Onuň kalby, öýe girmän, arassa howada gezim edilmegini isleýärdi. Ol yzyna aýlanyp, heniz süýji-köke dükanly öýüň deňine hem ýetmänkä, Rozellileriň jaýynyň köçä tarap çykýan aýnalarynyň biri garaşylmadyk ýerden takyrdap açyldy. Aýnanyň garaňky dörtburçlugynda (içerde çyra ýanmaýardy) zenan sudury peýda boldy, yzyndanam «Monsieur Dimitri!» diýen ses eşidildi.
Sanin şol pursadyň özünde aýna tarap atyldy... Jemma!
Jemma aýnanyň aşaky erňegine tirsegini diräp, eglip durşuna:
— Monsieur Dimitriý — diýip, ägä bolýan ýaly ses bilen ýuwaş gepledi. —Günüň dowamynda men size nämedir bir zat... gowşurmak isledim, ýöne başarmadym, ynha, indi... size birden gözüm düşdi-de, şeýtmek nesibede bolan eken diýen netijä geldim. Nesibe-dä...
Jemma şol söze ýetende erksiz saklandy. Ol gepläp bilmedi. Edil şol pursadyň özünde-de adaty däl bir ýagdaý döredi.
Ümsümligini söz bilen beýan etmek mümkin däl parahat agşamda, bulutsyz, kir-kimirsiz aýdyň asmanyň astynda tüweleý ýaly bolup şeýlebir çapgyn şemal turdy welin, dabanyň astyndaky ýer hem sandyraýan ýaly boldy, ýyldyzlaryň inçe şöhlesi titräp, akyp barýan suwa meňzedi, howanyň özi hem tüsse bolup burugsady. Sowuk däl-de, gyzgyna golaý tüweleý agaçlar bilen garpyşdy, jaýlaryň üçegine, diwarlaryna, köçelere özüni urdy. Ol göz açyp ýumasy salymda Saniniň başyndaky başgabyny

sypyryp, asmana alyp gitdi, Jemmanyň gara togar saçlaryny ilki burum-burum etdi, yzyndanam ýokarlygyna seçelendirdi. Saniniň kellesi penjiräniň aşaky erňegi bilen deňleşip durdy. Ol özünden erksiz penjirä tarap başyny egmeli boldy welin, Jemma iki eli bilenem Saniniň egninden tutdy, onuň kellesini öz döşüne goýdy. Goh-galmagal, zenzele bir minut çemesi dowam etdi. Harasat, goh baryny turzan tüweleý äpet guşlaryň sürüsi ýaly bolup aňyrlygyna ýol saldy... Älemiň öňki imisalalygy ýene gaýdyp geldi.

Başyny galdyryp, depesindäki şeýlebir näzik, biraz biynjalyk, tolgunýan ýüzi, şeýlebir ullakan, aýylganç, ajaýyp gözleri, şeýlebir owadan gyzy nazary bilen gujaklanda Saniniň ýüregi doňup galdy, öz döşüne dökülen burum-burum ýüpek saçlary ýüzüne sylyp öpdi. Şeýle ýagdaýda hem ol zordan:

— O Jemma! — diýmegi başardy.

— Näme bold-a? Ýyldyrym çakdymy? — diýip, ýalaňaç ellerini Saniniň egninden aýyrman, ala gözlerini ýuwaşlyk bilen töwerege aýlan gyz sowal berdi.

Sowalyň jogabyna derek:

— Jemma! — diýen mylaýym söz gaýtalandy.

Gyz titräp gitdi, yza, otagyň içine göz aýlady, köýneginiň üstündäki keltekçäniň aşagyndan çykaran, eýýäm süllerip giden bägüli Sanine tarap zyňdy.

— Men şu güli size bermek isläpdim...

Sanin onuň düýn edepsiz serkerdäniň öňünden öz alyp gaýdan bägülidigini bildi...

Ýöne penjire eýýäm ýapyldy, garaňky aýnanyň aňyrsyndan hiç zat görünmedi, ýagtylyk, yşyk duýulmady.

Sanin öýüne başgapsyz dolandy. Ol başgabyny tüweleýiň alyp gidendigini hem aňmady.

## XXI

Ol Gün dogmazynyň öň ýany uka gitdi. Tomus tüweleýiniň täsiri bilen Sanin Jemmanyň çaksyz owadandygyny, onuň özüne ýaraýandygyny (şeýledigini ol öňem bilýärdi) bilmek däl, asyl edil şonuň ýaly garaşylmadyk halda söýmegiň bäri ýanyna ýetendigini hem duýdy. Oňa bolan söýgi hakdaky pikirleri, edil tüweleý ýaly, şol pursat zym-zyýat boldy. Ýeri, şu pursadam çaknyşyk bilen öýke ýazmak meselesi nireden döräp ýör diýsene! Gamgyn duýgy ony heläkläp başlady. Hany, Saniniň çaknyşykda ok degip ölmedik ýagdaýyny göz öňüne getireliň. Şeýle bolanda-da, onuň başga biriniň gelinligine bolan söýgüsinden näme netije çykarka? Aýdaly, şol «başga birinden» garaw hem ýokmuş-da, Jemmanyň özi hem Sanini söýjekmiş ýa-da eýýäm söýýärmişinem-dä. Şeýle bolaýanda näme? Bolaýanda näme! Ol örän gözel gyz ahyryn.

Sanin otagyň içinde gezmeledi, stol başyna geçdi, bir tagta kagyz alyp, birnäçe setir hat ýazdy, derrewem ýazanlarynyň üstüni çyzym-çyzym edip garalady... Garaňky penjiräniň öňünde, ýyldyzlaryň şöhlesine saçlary ýaýylan gyzyň ajaýyp bedenini göz öňüne getirdi, onuň mifiki aýal hudaýlarynyň ellerine meňzeş mermerden ýasalan ýaly ellerini ýatlady. Ol eller häzirem täsirli agramy bilen Saniniň egninden basyp duran ýaly boldy. Soňra ol öňüne zyňlan bägüli eline aldy. Onuň süllerip giden

ýapraklaryndan indi başga, bägüliň özünde bolmalysyndanam has täsirli, has ýakymly ys göterilýän ýaly boldy.
«Birdenem ol öldürilse ýa-da maýyp ediläýse?»
Ol ýorgana-da geçmän, eşiklerini hem çykarman, oturan kürsüsiniň üstünde uka gitdi.

***

Kimdir biri ony egninden tutup silteşdirdi.
Gözüni açan Sanin Pantaleonäni gördi.
— Aleksandr Makedonskiniň Babyl darkaşynyň öňüsyrasynda ýatyşy ýaly ýatyr-ow!
— Sagat näçe boldy? — diýip, Sanin sowal berdi.
— On bäş minuty kem ýedi. Ganauwa çenli hem iki sagatlyk ýol geçmeli. Biz belleşilen ýere olardan öň barmaly. Ruslar mydama duşmandan öňürdýärler. Men Frankfurtyň iň gowy paýtunyny hem getirdim!
Sanin ýuwunmaga durdy.
— Sapançalar nirede?
— Olary şol ferroflukto tedesko eltýär. Lukmanam şol alyp barýar.
Pantaleone düýnki ýagdaýdan soň gujurlyjady, ýöne Sanin bilen ulaga müneninden soň, paýtunçy gamçysyny şuwwulladanda atlar atylyp gitdiler welin, ozalky aýdymçy hem Paduý dragunlarynyň dosty bilen garaşylmadyk ýagdaý boldy. Ol birden alada galdy. Bir zatdan çekinýän ýaly boldy. Onuň içinde nädogry dikeldilen diwar ýaly bir zat agdarylana meňzedi.
Ol birden inçejik sesi bilen:
— Biziň bu edip ýören zadymyz näme? Eý, Hudaý, *santissima Madonna!* («Keramatly Madonna!») — diýdi-de, saçlaryny penjeledi. — Sen nämeler edip ýörsüň, samsyk garry köpek, däli, frenetico?
Ýagdaýa geň galyp gülen Sanin gojanyň bilinden gujaklady-da, oňa fransuz nakylyny ýatlatdy: *«Le vin est tire — il faut le boire»* («Bir işe başladyňmy, soňlaman goýma!»)
Goja:
— Hawa, hawa — diýdi. — Ikimiz bulgurymyzy bu gezek götereris welin, barybir, men sähne. Men sähne! Hemme zat ýerbe-ýerdi, ümsümlikdi, birdenem: tark-tark, tatyr-tadyr.
— Edil orkestrdäki titti ýaly — diýip, Sanin ýylgyryp durka gepledi. — Ýöne bu işde siz günäkär däl ahyryn.
— Özüm däldigimi bilýän. Ýogsa näme! Barybir, bu hereket eden-etdilik bolýar, Diavolo! Diavolo! — diýip, iki gezek gaýtalan Pantaleone, uludan dem alyp, saçlaryny selkildetdi.
Paýtun bolsa şol gidip barýardy, gidip barýardy.

***

Ertiriň howasy ajaýypdy. Frankfurtyň ýaňy janlanyp ugran köçeleri örän arassa hem owadan bolup görünýärdi, jaýlaryň aýnalary ak gurşun ýaly lowurdaýardylar. Diňe paýtun şäheriň derwezesinden çykandan soň, mawy, ýöne entek tutuk asmandan

torgaý sürüsiniň ýiti sesi eşidildi durdy. Birden köçäniň öwrüminde, belent deregiň aňyrsyndan görnen tanyş göwre birnäçe ädim ýöräp aýak çekdi. Sanin şol tarapa üns bilen seretdi. Eý, Hudaý! Emil!

— Eýsem, ol hem bu wakadan habarlymy? — diýip, ol Pantaleone ýüzlendi.

— Men özümiň samsykdygymy size ýol boýy aýdyp gelýärin ahyryn — diýip, aljyran italýan gaty sesi bilen jogap gaýtardy. — Ol garamaňlaý oglan maňa uzynly gije ýatuw bermedi. Şu gün ir bilen men oňa ähli syry açmaly boldum.

«Ana, saňa gerek bolsa *segredezza!*» diýip, Sanin içini gepletdi.

Paýtun Emiliň deňine bardy. Paýtunça atlaryň jylawyny çekmegi tabşyran Sanin garamaňlaý oglany ýanyna çagyrdy. Ýüz-gözi özünden gidip ýykylan günündäki ýaly örän solgun görünýän gözgyny haldaky oglan uýala-gorka ädimläp, paýtunyň ýanyna geldi. Ol aýak üstünde-de zordan saklanýardy.

— Siz bu ýerde näme işläp ýörsüňiz? — Sanin haýbat bile sowal berdi. — Näme üçin öýden gaýtdyňyz?

— Maňa... maňa özüňiz bilen gitmäge rugsat beriň! — Emil howsalaly ses bilen bazzyk-buzzuk gepläp, ellerini gowşurdy. Onuň dişleri hem ysytma tutýanyňky ýaly şat-şat edip durdy. — Menem äkidiň. Men size azar bermen!

— Eger-de siz meni sähelçe hormatlaýan, sylaýan bolsaňyz, häzir yza, öýüňize ýa-da jenap Klýuberiň dükanyna gidiň! — diýip, Sanin oglanyň asla eşitmek islemedik jogabyny berdi. — Hiç kime-de hiç zat aýtman, dolanyp gelerime garaşyň!

— Siziň dolanmagyňyzamy? — diýip, düwünýän ýaly kynlyk bilen geplän Emiliň ýaňlanan sesiniň arasy üzlüp-üzlüp gitdi. — Birdenem sizi...

— Emil! — diýip, oglanyň gepiniň arasyny bölen Sanin paýtunça gözi bile yşarat etdi. — Özüňizi ele alyň, Emil. Öýüňize tarap ugraň! Haýyş edýän, maňa «hä» diýiň, gadyrdanym! Siz meni sylaýandygyňyzy aýdýarsyňyz. Çyndan sylaýan bolsaňyz, diýenimi ediň-de, öýe gaýdyň! Haýyş edýän.

Sanin Emile elini uzatdy. Hamsygan oglan yraň atyp, öňe egildi-de, Saniniň elini dodagyna ýetirdi. Şondan soň ol ýoldan aýryldy-da, düz meýdana düşüp, yza, Frankfurta tarap ylgady.

— Ana saňa ýüregi ýukalyk! — diýip, Pantaleone ýaňsyly samrady. Sanin oňa ýüzüni çytyp seretdi. Goja paýtunyň burçuna gysyldy. Ol öz günäsiniň manysyna düşünýärdi. Üstesine-de, wagt geçdigi saýy goja *özüniň,* dogrudanam, araçy emin bolandygyna has beter geňirgenýärdi. Ulag tapanam, ähli etmeli zatlary ýola goýanam, özüniň asuda tünegini ir sagat altyda terk edip gaýdanam onuň *özüdi.* Üstesine, onuň aýaklary hem syrkyrap agyryp başlady.

Sanin Pantaleonä az-kem goltgy bermek isledi. Onuň atan oky nyşana degdi, gojanyň inçe damary tapyldy.

— Hany, siziň öňki ruhubelentligiňiz, merhemetli sinýor Çippatola? Il, antico valor — nirede?

Sinýor Çippatola birneme dikelip, ýüzüni çytdy-da:

— Il atico valor? — diýip, ýogyn ses bilen sowal berdi. — Non e ansora spento (ol entek gutarnykly ýitirilmedik) — il antico valor!

Ol hekgerdi, dogumlandy, özüniň geçmişdäki ýeten derejesini, operany, tenor sesli beýik aýdymçy Garsiany ýatlady. Şeýlelik bilenem, ol ýetilmeli ýere keýpikök bolup

bardy. Oýlanyp görýärsiň welin, jümle-jahanda sözden güýçli, sözden ejiz zat ýok ýaly!

## XXII

Darkaşyň geçmeli tokaýy Ganaudan dörtden bir mil aralykdady. Pantaleone bilen Sanin, gojanyň ozal aýdyşy ýaly, bu ýere garşydaşlardan öňürti geldi. Olar paýtunça ulagy tokaýyň gyrasynda goýmagy tabşyryp, özleri hem gür agaçlaryň içine sümlüp, goýy kölegede aýak çekdiler. Garşydaşlara bir sagat çemesi garaşmaly boldy.
Garaşmaklyk Sanine onçakly agyr hem bolup duýulmady. Ol ýodajykdan öňe-yza ýöräp, guşlaryň owazyna gulak asdy, olaryň hatar gurap uçuşlaryny synlady, şeýle ýagdaýa düşýän rus adamlarynyň köpüsiniň bolşy ýaly, hiç zadyň pikirini etmezlige synanyşdy. Bu gezek welin, ol oýlanmaly boldy: agşamky tüweleý ýykan bolmagyda ahmal, agdarylyp ýatan ýaşajyk lipa agajynyň üstünden bardy. Lipanyň ömrüniň üzüleni bellidi: ähli ýapraklary süllerip, jansyzlygyň nyşanyny alamatlandyrýardy. Bu ýagdaý Sanini oýlanmaga mejbur etdi, kellesine «Bu nämekä? Bu nämäniň alamatyka?» — diýen ýakymsyz pikir geldi. Derrewem ol sykylyk atdy-da, ýatan agajyň üstünden ätläp, aňyrlygyna ýöredi. Pantaleone bolsa nemeslere hüňürdeýärdi, gargynýardy, hyklaýardy, kä arkasyny, kä dyzlaryny gaşaýardy. Ol hatda tolgunmakdan ýaňa pallap hem goýberdi welin, pallamak onuň kiçijik hem bürşük ýüzüne täsin görnüş berdi. Ol ýagdaýy synlan Sanin tas ulili bilen gülüpdi.
Ahyr gumak ýoldan gelýän paýtunyň tigirleriniň sesi eşidildi. «Şolar!» diýen Pantaleone az-kem tolgunma bilen dikeldi-de, hüşgär bolup durdy. Ol öz tolgunmasynyň üstüni «brrrr!» diýen ses hem tämiz howasynda diýseň dury eşidilýärdi. Bol düşen gyraw ot-çöpleri hem agaçlaryň üstüni mazaly örtenem bolsa tokaýa eýýäm yssy aralaşypdy. Kän mahal geçmänkä, serkerdeleriň ikisi-de tokaýyň belent agaçlarynyň astynda peýda boldy. Olaryň ýanynda pes boýly, dolmuş, äwmezek, ýüzi ukuly ýaly harby lukman bardy. Onuň bir elinde, gerek bolaýsa diýlip alnan, palçykdan edilen içi suwly küýze bardy, çep egninde bolsa hirurgiýa enjamly hem hasaly torbasy hallan atyp gelýärdi. Daşyndan göräýmäge, ol şu günki bolmaly waka ýaly işlere gaty öwrenişen hem şondan gelýän girdeji onuň gazanç çeşmeleriniň biri ýalydy. Lukman darkaşa girýänleriň hersinden dört sany, ikisinden sekiz sany onluk alýardy. Jenap fon Rihter sapançaly gutyny göterip gelýärdi, jenap fon Döngof hem — «göz üçin» şeýdýän bolmagam ahmal — ýörände-de, elindäki kiçijik çybygy oýnaýardy.
— Pantaleone! — diýip, Sanin birden pyşyrdady. — Bardy-geldi, meni öldüräýseler — hemme zadyň bolmagy ahmaldyr, — gapdal jübimdäki kagyzy alyň. Oňa bägül dolangydyr. Şol kagyzy güli bilen sinýorina Jemma gowşuryň! Eşidýäňizmi? Söz berýäňizmi?
Goja oňa sessiz nazar aýlap, tassyklaýjy manyda baş atdy. Ýöne onuň Saniniň eden haýyşyna düşünenini-düşünmänini welin, bir Hudaý bilýärdi.
Garşydaşlar hem araçy eminler, düzgüne görä, baş atyşdylar. Lukman welin, gaşynyda gymyldatmady. Ol: «Maňa medeniýetli adamlaryň edebiniň dahyly ýok» diýýän ýaly, äwmezlik bilen pallap, otuň üstüne çökdi. Jenap fon Rihter jenap «Tşibadola» atyşyk üçin ýer saýlamalydygyny aýdýar. Jenap «Tşibadola» bolsa zordan aýlanýan

dili bilen (onuň ýene «diwary ýykylypdyr»): «Özüňiz hereket ediberiň, men kesesinden seredäýerin» diýip jogap gaýtarýar.
Jenap fon Rihter hereket edip başlady. Ol uzaga-da gitmän, tokaýyň içinden gülgülälege bezenip ýatan boş ýerini tapdy, aralygy ädimi bilen ölçäp, iki tarapyň serhedini-de, ujy gyssagara çişlenen taýajyklardan gazyk edip belledi. Ol gutudan sapançalary çykaransoň, çommalyp oturdy-da, ýaraglara ok saldy, bir sözde aýtsaň, derçigen ýüzüni akja ýaglyk bilen birsyhly süpürip, güýjünde baryny edip, jan çekip işledi. Onuň ýanynda edilýän hereketi synlap ýören Pantaleone bolsa gaty üşän adama meňzeýärdi. Çaknyşmaly iki adam darkaşa taýynlygyň bütin dowamynda temmi üçin terbiýeçiden öýkeläp duran iki sany mekdep okuwçysy ýaly bolup, aňyrrakda durdular.
Aýgytly pursat gelip ýetdi.Her kim öz sapançasyny aldy.

Şu ýerde hem jenap fon Rihter Pantaleone çaknyşygyň umumy kabul edilen düzgünine görä, iki araçynyň ýaşulusy hökmünde, ediljek beýle hereket hiç mahal, hiç hili netije bermedigem bolsa, onuň hälki bir durmuşa geçmeýän boş düzgündigine garamazdan: «Bir, iki, üç» diýen howply sany aýtmazyndan öň, garşydaşlara ýaraşmaklyk baradaky soňky teklip hem haýyş bilen ýüz tutmalydygyny ýatlatdy. Haýyşyň, teklibiň netijesizdigine garamazdan, ol ýüzleniş çaknyşygyň adalatly araçysy hasaplanýan şaýadyň (unparteischer Zeuge) gönümel borjy hasaplanýar. Üstesine-de, şol düzgüne eýermek bilen jenap Çippatola jogapkärçiligiň käbir bölegini hem öz üstünden aýyrýardy. Dogry, garşydaşlara ýüzlenmegi bitarap, adalatly şaýat amala aşyrmalydy. Şeýle şaýadyň bu çaknyşykda ýokdugy sebäpli, jenap fon Rihter ol aýratyn hukugy öz hormatly kärdeşine berýändigini aýtdy. Sanini çaknyşyga çagyran serkerdäni görmegem islemeýän Pantaleone bolsa eýýäm agaçlaryň şahalaryny özüne pena edinip, gizlenip duransoň, jenap fon Rihteriň aýdanlarynyň hemmesine birbada düşünmän galdy. Onsoňam jenap fon Rihteriň burnuna salybrak gepleýändigi zerarly, onuň sözlerine düşünmegem aňsat däldi. Ýöne birden tisginen goja, haýdap öňe çykdy-da, ellerini titredip döşüne urdy hem-de öz garym-gatym dilinde, boguk sesi bilen: «A-la-la-la... *Che bestialita!* Deux zeun'ommes comme ça que si battono — perche? Che diavolo? Andate a casa!» (Bu nä wagşylyk! Iki ýaş ýigit garpyşýar — nämüçin? Öýli öýüňize gidiň!) — diýip gygyrdy.
— Men ýaraşmak islämok! — Sanin howlugyp gepledi.
— Menem razy däl! — Saniniň yzy bilen garşydaşy hem dillendi.
Jenap fon Rihter aljyraňňy hala düşüp duran Pantaleonä ýüzlendi:
— Beýle bolsa, «Bir, iki, üç!» diýip gygyryň!
Goja ýene derrew çöp-çalamlyga kürsäp urdy, şol ýerdenem üç eplenip, gözlerini süzüp, ýüzüni bir tarapa sowup, bogazyna sygdygyndan gygyrdy:
— Una... due... e tre![10]
Ilkinji bolup Sanin atdy. Onuň garşydaşyndan sowa geçen oky agaja degip ses etdi. Baron Döngof Saniniň yzysüre atsa-da, sapançanyň nilini bilgeşleýinden ýokaryk tutdy.

[10]Una... due... e tre! — (Bir, iki, üç!).

Dartgynly ümsümlik ara düşdi. Hiç kim duran ýerindenem butnamady. Pantaleone çalarak ah çekdi.
— Dowam etmäge buýruk berýäňizmi? — diýip, Döngof ýagdaýy bilmek isledi.
— Siz näme üçin ýokaryk atdyňyz? — diýip, Sanin gygyrdy.
— Ol siziň işiňiz däl.
— Siz ikinji gezegem ýokaryk atmakçy bolýaňyzmy? — diýip, Sanin ýene sowal berdi.
— Belki, şeýle bolar. Ony öňünden aýdyp biljek däl.
— Bir bellik etmäge rugsat beriň, jenaplar! Garşydaşlara özara gepleşmek bolmaýar. — diýip, fon Rihter kadanyň bozulýandygyny duýdurdy.
— Men öz atmak nobatymdan ýüz öwürýärin! — diýip, Sanin sapançasyny ýere taşlady.
— Menem çaknyşygy dowam etdirmekçi däl — diýip, gygyran Döngof hem sapançasyny zyňyp goýberdi. — Ondanam başga men indi özümiň üç gün mundan ozalky pikirimiň ýalňyş ekendigini hem boýnuma alýaryn.
Ol aýagynyň astyndaky otlary basgylap, esli duransoň, elini öňe uzatdy. Sanin derrew garşydaşyna golaý bardy-da, onuň elini gysdy. Iki ýaş ýigit birek-birege ýylgyryp seredişdiler. Olaryň ikisiniň-de ýüzi gyzyl reňke boýaldy.
— Bravi! Bravi! — diýip, Pantaleone birden akylyndan azaşan ýaly bolup gygyrdy, ellerini çarpdy. Ol gizlenen ýerinden çal kepderi ýaly bolup çykdy. Bir tarapda ýykylan agajyň üstünde oturan lukman derrew ýerinden turdy-da, küýzesindäki suwy dökdi. Soňra ol haýal-ýagallyk bilen iki tarapa çaýkanyp, tokaýyň gyrasyna tarap ýöneldi.
— Namys astynda galmadyk. Çaknyşyk tamam boldy! — diýip, fon Rihter netijäni yglan etdi.
— Fuori! Goltgy beriň! — diýip, Pantaleone köne endigine görä, ýene haýkyryp goýberdi.

***

Jenap serkerdeler bilen baş egip hoşlaşylandan soň, paýtuna münen Sanin tutuş durkunda, dogrusy, kanagatlanma bolmasa-da, çydamlylyk görkezilip geçirilen synagdan soňky ýagdaý ýaly bir ýeňillik duýdy. Ýöne onuň kalbynda utanja meňzeş bir duýgy hem özüniň bardygyny bildirdi. Bolup geçen ýalan, serkerde ýasamalygy, talyplyk oýny ýaly bir zatda Sanin özüni keşbi ýerine ýetiren adam hasaplady. Ol äwmezek lukmany hem ýatlady. Sanin özüniň Döngof bilen gol tutuşyp diýen ýaly tokaýdan çykyp gelýärkä, lukmanyň ýylgyranyny, dogrusy, seňrigini ýygranyny göz öňüne getirdi. Soňra hut şol lukmana tölenmeli dört onlugy Pantaleone sanap berende içini gepletdi. «Ah! Ýakymsyz ýagdaý!»
Hawa, bolan işiň netijesi Sanine utanç, aýyp bolup täsir etdi. Ýöne, beýleki tarapdan garasaň welin, Sanin şondan başga näme edip biljekdi? Ýaş serkerdäniň dogumlysyran bolşuny jogapsyz goýup Klýubere meňzäýmeli däldi ahyryn. Sanin Jemmanyň tarapyny çaldy. Sanin Jemmanyň abraýyny gorady. Dogry, ol şeýle. Ýöne, barybir, onuň kalbyny bir zat dyrnaçaklaýan ýalydy, ol utanýardy, ol bolan ýagdaýy hatda aýyp iş hasaplaýardy.

Oňa derek Pantaleone guş bolup uçýardy! Ony birden tekepbirlik gurşady. Söweş meýdanyndan uly ýeňiş bilen dolanyp gelýän general hem eden işi üçin Pantaleonäniň häzirki gomparyşy ýaly gabarylyp bilmezdi. Saniniň darkaş mahaly özüni alyp barşy gojanyň kalbyny buýsanç duýgusy bilen doldurdy. Goja ony gahryman diýip atlandyrdy, öz ýalbar-ýakaryna, töwellasyna gulak gabartmandygyna begendi. Ol Sanini «Don-Žuandaky» komandoryň mermerden ýa-da bürünçden ýasalan heýkeli bilen deňedi. Goja özüniň welin az-kem aljyraňňylyk duýandygyny boýun aldy. «Men artist ahyryn. Meň gurluşym joşgunly, kalbym göçgünli, siz bolsa garyň ogly, dagyň granit gaýasynyň ogly!»
Sanin halys göçen artisti nähili ýol bilen köşeşdirjegini bilmedi.

***

Edil iki sagat çemesi mundan ozal ýoluň ugrunda, öňki sataşan ýerinde, ýene Emil gabat geldi. Öňki gezekkisi ýaly agaçlaryň aňyrsyndan çykan, ýüz-gözi begençden doly oglan gaşly papagyny bulaýlap, şadyýan gygyryp, göni paýtuna tarap atylanda, tas tigriň aşagyna düşüpdi. Ol atlaryň saklanmagyna-da garaşman, ulagyň ýapyk gapysynyň üstünden aşyp, Sanin bilen bir göwrä öwrüldi.
— Siz dirimisiňiz? Ýara düşen ýeriňiz ýokmy? — diýip, oglan gyssanmaç sowal berdi. — Töwellaňyza gulak asman, Frakfurta dolanmanym üçin, siz meni bagyşlaň! Yza gaýtmaga aýagym ädilmedi. Men size şu ýerde garaşmaly etdim. Çaknyşyk nähili geçdi? Aýdyň-da. Siz ony öldürdiňizmi?
Sanin oglany zordan köşeşdirip, ýerinde oturtdy.
Pantaleone artykmajy bilen ýaňrap, çaknyşygyň wakalaryny jikme-jikligi bilen Emile aýdyp berdi. Ol gürrüňiniň arasynda bürünçden edilen şekili, komandoryň ýadygärligini ýene bir gezek ýatlamagy-da, elbetde, unutmady! Hatda ýerinden turan goja, paýtun yraň atanda, deňagramlylyk saklaman ýykylmazy ýaly, aýaklarynyň arasyny giňden açdy, ellerini döşünde goýdy, birinemi, bir ýeremi egniniň üstaşyry ýigrenji nazary bilen seretdi, şeýdip, ol komandor Sanini hakykata öwrüp şekillendirdi! Käte ýa özi geplän wagty bolmasa, ýa-da tiz ýerinden turup, çaltlyk bilenem gahryman dostuny ogşan pursady ünsüni böläýmese, Emil aýdylýan zatlary üns bilen, sarpa goýup diňleýärdi.
Daş düşelen köçä düşen paýtun ahyr Saniniň ýaşaýan myhmanhanasynyň öňünde saklandy.
Ol Emil bilen gojany hem ýanyna alyp, basgançak bilen ikinji gata galanda, birden garaňky dälizde çalasyn ädim urup gelýän aýal maşgalanyň sudury göründi. Onuň ýüzi ýuka matadan edilen nykap bilen örtülendi. Ol Saniniň öňüne gelip saklandy, çalarak çaýkandy, sandyrap dem aldy, derrewem aşak, köçä tarap ylgap gözden gaýyp boldy. Myhmanhana hyzmatkäriniň geň galyp habar bermegine görä, ol zenan bir sagatdanam kän wagtdan bäri daşary ýurtly jenaba garaşypdyr. Zenan bir pursatlyk gara berenem bolsa, Sanin onuň Jemmadygyny aňmaga ýetişdi. Ol syk dokalan goňur ýüpek perdäniň aňyrsyndanam gyzyň gözlerini tanady.
— Eýsem, freýleýn Jemma-da bu wakalardan habarlymydy? — diýip, sözleri süýndürip, närazy äheň bilen nemesçelän Sanin yz ýanyndan gelýän Emil bilen Pantaleonä nazar aýlady.

Aljyran Emiliň ýüzi gyzardy.
— Men oňa hemme zady aýtmaga mejbur boldum — oglan gümmi-sümmi etdi. — Ol ýagdaýy aňýandygy üçin men saklanyp bilmedim. Indi onuň aýdylanynyň-aýdylmanynyň parhy ýok ahyryn? — diýip, Emil birden janlandy. — Hemme zat oňatlyk bilen gutardy, Jemma-da siziň baş bitindigiňizi öz gözi bilen gördi.
Sanin ýüzüni sowdy.
— Siziň ikiňizem ýaňra ekeniňiz! — Bu sözleri haýpygelijilik bilen aýdan Sanin otaga girdi-de, oturgyja geçdi.
— Gaty görmäň, haýyş edýän — diýip, Emil ýalbaryjy äheň bilen dillendi.
— Bolýa. Men gaty görmäýin. (Sanin, dogrudanam, gaty görmeýärdi. Onsoňam, diýse-diýmese-de, onuň Jemmanyň *hiç zat* bilmezligini islemeginden islemezligi ýakyndy). Ýeri, bolýa-da gujaklaşyp durmalyň. Ýagşy. Indi siz gaýdyberiň! Häzir men ýeke özüm bolmak isleýän. Ýatjak. Ýadapdyryn.
— Ajaýyp pikir! — diýip, Pantaleone gygyrdy. — Size rahatlanmak gerek. Siz gowy dynç almaga doly hukuk gazandyňyz, pähimli sinýore! Gideli, Emilio! Özümizem daraklygymyza basyp, ýuwaş ýöremeli! Daraklyga basyp... Ýuwaş-ş!
Sanin ýatmakçydygyny aýtmak bilen ýoldaşlaryndan sypmak isleýärdi. Ýöne ýeke galanyndan soň welin, ol, dogrudanam, bedeniniň ähli ýerinde ýadawlyk duýup ugrady. Öten agşam ol uzynly gijäni gözüni ýumman geçirdi diýen ýaly, şonuň üçinem ýassyga başyny goýan badyna uka gitdi.

## XXIII

Sanin birnäçe sagatlap oýanman ýatdy. Soňra çaknyşyk düýşüne girdi. Ýöne bu gezek ol garşydaş hökmünde jenap Klýuber bilen duşuşýardy. Darkaş meýdanyndaky arçanyň üstünde bir totuguş otyrdy. Ol Pantaleone bolmaly. Totuguş — Pantaleone çüňküni silkip: «Bir-bir-bir! Bir-bir-bir!» diýip gygyrýar.
«Bir... bir... bir!» soňabaka Saniniň gulagyna has aýdyň eşidildi. Öl gözüni açdy-da, başyny ýassykdan göterdi. Kimdir biri onuň gapysyny kakýardy.
— Giriberiň! — diýip, Sanin garjaşyk ses bilen gygyrdy.
Myhmanhananyň hyzmatkäri peýda boldy-da, bir aýal maşgalanyň ony görmegiň örän möhümdigini habar berdi.
Saniniň kellesinde Jemma hakyndaky pikir uçganaklap gidenem bolsa, özi bilen görüşmek isleýän aýal maşgala Jemmanyň ejesi frau Lenore bolup çykdy.
Frau Lenore gapydan giren badyna özüni oturgyja goýberdi-de, ur-tut aglamaga başlady.
— Size näme boldy, meniň eýjejik mähriban Rozellim? — diýip, onuň gapdalyna baryp oturan Sanin myhmanynyň elini mähir bilen sypalady. — Näme boldy? Haýyş edýän, hany, köşeşiň!
— Wah, *Herr Dimitri,* men örän... gaty betbagt ekenim!
— Siz betbagtmy?
— Wah, tüýs betbagt ekenim! Beýle bolar öýtmändim. Ynha, birdenem bulutsyz asmanda ýyldyrym çakan ýaly bolup...
Ol zordan demini dürsedi.
— Näme boldy? Düşündiriň ahyryn! Bir owurt suw bereýinmi size?

— Ýok. Minnetdar! — Ýaglygy bilen gözlerini süpüren frau Lenore öňküsindenem beter aglamaga başlady. — Men hemme zatdan habarly ahyryn! Hemme zady bilýän!

— O nähili hemme zat?

— Şu gün näme bolup geçenini... Onuň sebäbini hem bilýän. Siz asylly, terbiýeli adam hökmünde özüňizi alyp bardyňyz. Ýöne beýle betbagtlygyň ýüze çykaýşyny diýsene! Şol Sodene gidişligiň meň maňzyma batmazlygy ýöne ýere däl eken. Ýöne ýere däl eken. (Frau Lenore gezelenje gidilen gün-ä şu mahalky aýdýanlaryna meňzeş zatlary asla aýtmady. Indi bolsa ol geçen wakalary öňünden duýan adam bolýar). Ilkinji gezek bary-ýogy bäş gün mundan ozal görenem bolsam, siziň ýanyňyza asylly, parasatly adamyň, dostumyň ýanyna geldim hasap edýän. Men ýalňyz galan dul zenan ahyryn. Gyzym...

Gözýaş frau Lenoräniň sesini basdy. Sanin näme pikir etjegini bilmän:

— Siziň gyzyňyzmy?

— Meniň gyzym, Jemma... — öl-myžžyk bolan ýaglygynyň aňyrsyndan frau Lenoräniň sesi ahy-nala bolup eşidildi. — Gyzym şu gün maňa jenap Klýubere durmuşa çykmajakdygyny mälim etdi. Menem şony adaglysyna aýtmalymyşym.

Sanin yza tesip gitdi. Ol beýle-beýle habara asla garaşmandy.

— Men bu ýagdaýyň masgaraçylykdygy hakda aýdybam oturamok — diýip, frau Lenore sözüni dowam etdi. — Gelinligiň adaglysyndan ýüz öwürmegi dünýäde hiç mahal bolan iş däl hem diýemok. Ýöne Jemmanyň bu hereketi bizi tozgunçylyga eltýär ahyryn, *Herr Dimitri!* — Frau Lenore ähli derdi-hasratyny bir ýere ýygnaýan ýaly, ýaglygyny alada bilen epläp-epläp kiçijik ýumak ýaly etdi. — Dükanymyzyň getirýän gazanjy bilen biz mundan beýläk ýaşap bilmeris, Herr Dimitri. Jenap Klýuber bolsa häzirem örän baý welin, entegem baýar. Şeýle bolansoň, ondan näme üçin ýüz öwürmeli? Öz gelinliginiň tarapyny çalmandygy üçinmi? Beýle hereket jenap Klýuberiň abraýyna abraý goşmaýar diýeliň. Ýöne ol uniwersitet terbiýesini almadyk adaty adam ahyryn. Ol agramly täjir bolansoň, haýsydyr bir serkerdejigiň ýeňilkellelik bilen eden bimazalygyny ýigrenmeli ekeni. Ýöne bi iki ortada öýke-kine edip ýörer ýaly näme barmyşyn, Herr Dimitri?

— Bagyşlaň welin, frau Lenore, siziň bolşuňyz meni ýazgarjak bolýana meňzeýär.

— Men sizi asla ýazgaramok, asla! Siz düýpden başga gürrüň. Siz her bir rus harby adamy ýaly...

— Bagyşlaň, men asla harby adam.

— Siz daşary ýurtly, geçegçi, men size minnetdar! — Frau Lenore Saniniň gepine gulak asman, dowam etdi. Ol hopukdy, demikdi, ellerini hereketlendirdi, eplengi ýaglygyny gaýtadan açyp, burnuny süpürdi. Diňe hasratynyň ýüze çykyşyndan many alsaňam, onuň demirgazyk ýurdunyň asmanynyň aşagynda dogulmandygy belli bolýardy.

— Eger alyjylary bilen ýaka tutuşyp ýörse, jenap Klýuber dükanynda nädip işlär? Ol pähimsizlik bolardy ahyryn. Indi hem men ondan ýüz öwürmeli! Biz onsoň nämäniň hasabyna ýaşamaly bolarys? Ozal «gyz gaýmagy» ýa-da pisse maňzy goşulan nogul kökäni diňe özümiz edýändigimiz sebäpli, alyjylaryň hemmesi biziň dükanymyza gelýärdi. Indi hemme kişi şol zatlary taýýarlaýar. Özüňiz oýlanyp görüň welin, onsuzam, siziň ikitaraplaýyn atyşygyňyz hakynda tutuş şäher gürrüň eder. Ony gizläp saklajak gümanyň barmy? Birdenem toý bozulýar! Ol masgaraçylyk ahyryn,

galmagal ahyryn. Jemma gowy gyz. Ol meni diýseň gowy görýär. Ýöne hötjet respublikaçy bolany sebäpli, başga kişiniň pikirini hasaba almaýar, öz diýenini tutýar. Ony diňe siz yryp bilersiňiz.
Sanin öňküsindenem beter haýran galdy.
— Menmi, frau Lenore?!
— Hawa, diňe siz... Ýeke siz. Hut şonuň üçinem üstüňize geldim; men şundan gaýry çözgüt oýlap tapyp bilmedim! Siz şeýle köp bilýän adam, şeýle gowy adam! Siz Jemmanyň tarapyny çaldyňyz ahyryn. Ol size ynanar. Ol size *hökman ynanmaly*. Siz töwekgellik edip, janyňyzy orta goýduňyz ahyryn. Siz ony ynandyryp bilersiňiz. Meniň welin, indi elimden gelýän zat ýok. Siz oňa özünem, biziň hemmämizem agyr güne goýjakdygyny aýdyň. Siz meniň oglumy halas etdiňiz, indi gyzyma-da hossarlyk ediň! Sizi Hudaýyň özi bu ýere biz üçin ýollandyr. Men öňüňizde dyza çöküp ýalbarmaga-da taýyn.
Frau Lenore Saniniň öňünde dyzyna çökjek bolýan ýaly göwresiniň ýaryny oturgyçdan galdyrdy. Sanin ony saklady.
— Frau Lenore! Hudaýyň haky üçin, siz näme beýle...
Ol sandyraýan elleri bilen Sanine ýapyşdy.
— Söz berýäňizmi?
— Frau Lenore, özüňiz oýlanyp görüň, men nireden...
— Siz söz berýäňizmi? Siz meniň hut häziriň özünde, şu ýerde, siziň öňüňizde jan bermegimi isläňizokmy?
Sanin özüni ýitirdi. Oňa ömründe birinji gezek gyzgyn italýan gany bilen iş salyşmak miýesser boldy. Şonuň üçinem ol:
— Size näme bähbitli bolsa, men şony hem edeýin. Men freýleýn Jemma bilen gepleşip göreýin — diýmäge mejbur boldy.
Kalby umyda dolan frau Lenore begenmekden ýaňa gygyryp goýberdi.
— Ýöne, gönimden gelsem, ol hereketiň nähili netije berjegini-hä bilemok — diýip, Sanin gepiniň üstüni ýetirdi.
Frau Lenoräniň:
— Ah, boýun gaçyrmaň, boýun gaçyrmaň! — diýen sözleri naýynjar ýaňlandy. — Siz eýýäm razylaşdyňyz. Netije gaty oňat bolar. Nähili-de bolsa, meniň şundan başga zada umydym ýok. Jemma *meň* diýenimi etmez.
— Jemma jenap Klýubere durmuşa çykmajakdygynyň gutarnykly çözgütdigini size açyk aýtdymy? — diýip, Sanin az-kem dymandan soň sorady.
— Edil çöp döwen ýaly etdi. Ol düýrmegi bilen kakasy Jiowan Battiste çeken-dä, garadan gaýtmaz, edermen-dä.
— Edermen? Jemmamy? — diýip, Sanin sesini süýkdürip sorady.
— Hawa, hawa, ýöne ol perişde ýalydyr. Size gulak asar. Siz bararsyňyzmy? Tiz bararsyňyzmy, gadyrdanym? Eý, meniň eziz rus gardaşym! — Frau Lenore stuldan tüweleý bolup turşy ýaly, tüweleý bolubam öňünde oturan Saniniň kellesinden tutdy. — Enelik patasyny kabul ediň! Maňa bir owurt suw äberiň!
Sanin oňa bir bulgur suw getirdi-de, Jemmanyň ýanyna gaty tiz barmaga wada etdi. Ol Rozelli hanymy köçä çenli ugratdy-da, yzyna dolandy. Ol ýagdaýa geň galmakdan ýaňa, hatda ellerini şarpyldadyp, gözlerini petretdi.

«Ana, *indi* durmuş çarhy aýlanyp başlady! — diýip, Sanin içini gepletdi. — Şeýlebir aýlandy welin, kelläň bilen bile pyrlanýar». Ol öz içki dünýäsine ser salmaga-da synanyşmady, şol dünýäde näme bolup geçýändigine-de düşünmek islemedi: bulam-bujarlyk «Nähili gün boldy! — Onuň dodaklary biygtyýar gymyldady. — Ejesi dogumly, edermen diýýär. Menem şol dogumla maslahat bermelimi? Nähili maslahat bermeli?!».

Saniniň diýseň başy aýlandy: kalbyny mähriban duýgulara dolduran şol ajaýyp agşamyň täsiri, aýdylmadyk sözleriň jadylaýjy tüweleýi, şol garaňky penjiräniň öňünde, şol üýşmek ýyldyzlaryň ýagtysynyň astynda öçmez duýgy bolup onuň aňyna ornan Jemmanyň keşbi aýlanyp ýördi.

## XXIV

Sanin hanym Rozelliniň öýüne ynamsyz ädimler bilen golaýlady. Onuň ýüreginiň gürsüldisi gataldy. Ol ýüreginiň öz kapasasynyň diwaryna urluşyny mese-mälim duýýardy, hatda eşidýärdi. Ol Jemma näme diýer, näme aýdar, gürrüňi nämeden başlar? Sanin içerik süýji-köke dükanynyň üstünden däl-de, ýeňseki eýwanjyk tarapdan girdi. Eýwan tarapdaky kiçeňräk otagda ol frau Lenorä gabatgeldi. Garaşýanam bolsa, Saniniň birden peýda bolmagy ony hem tisgindirdi, hem begendirdi.

— Men size garaşdym, garaşdym — diýip, ol myhmanynyň elini iki eli bilen gysyp durka pyşyrdap gepledi. — Jemma bagyň içinde. Baryň! Men size gaty bil baglaýandyryn.

Sanin baga tarap gitdi.

Jemma ýodajygyň golaýyndaky uzyn oturgyçda ullakan sebetdäki üljeleriň oňat bişenlerini saýlap gaba geçirip otyrdy. Sagat ýedi töweregi bolansoň, Günüň hem eňegi mazaly aşak sallanypdy. Rozelli hanymyň kiçijik bagyny Günüň töwerekleýin düşýän şöhleleri gözellige gark edipdi. Altynsow reňkiň üstüni çymgyzyl reňk basýardy. Käte-käte aram şemala sähel gymyldaýan ýapraklar özara pyşyrdaşýan ýaly pessaý şybyrdaşýardylar, bir gülden başgasyna gonup ýören giçki balarylary mahal-mahal wyzzyldaşýardylar, aňyrrakda bolsa birmeňzeş äheňde irginsizlik bilen gumry gugurdaýardy.

Jemmanyň başynda Sogdene gidilende geýen başgaby bardy. Ol başgabynyň astyndan Sanine garady-da, ýene sebediň üstüne egildi.

Sanin her ädiminiň arasyny özünden erksiz gysgaldyp, gyza golaý bardy. Ol üljeleriň näme üçin saýlanýandygynyň sebäbini soramakdan başga gep-söz tapmady.

Jemma wagty bilen jogap gaýtarmady.

— Bular oňat bişenleri! — diýip, ol ahyr üljeli gaba tarap elini salgady. — Mürepbe gaýnatsaň ýa-da bally işlekli edeňde gerek bolýar. Bilýäňizmi näme, biz içi süýjüli tegelek işlekli satýarys.

Şol sözleri aýdanyndan soň, Jemma kellesini has-da aşak egdi welin, barmagyna iki sany ülje ýelmeşen sag eli üljeli gap bilen sebet aralykda howada saklandy.

— Ýanyňyzda oturmak mümkinmi? — diýip, Sanin sowal berdi.

— Oturyň! — diýen gyz birneme gapdala süýşdi. Onuň ýanynda ornaşan ýigidiň kellesine «Nämeden başlamaly?» diýen sowal geldi. Jemma oňa kömege ýetişdi.

— Şu gün siz atyşyga gatnaşdyňyzmy? — Ol utançdan gyzaran owadan ýüzüni derrew Sanine tarap öwürdi. Onuň gözleri minnetdarlyk şöhlesi bilen lowurdady. — Şonda-da şeýle parahat görünýärsiňiz welin, diýmek, siz howp diýilýän zady bilmeýärsiňiz-dä?
— Bagyşlaň welin, men hiç hili howpa sataşmadym. Hemme zat oňuna, zepersiz bolup geçdi.
Jemma gözleriniň öňünden iki tarapa barmagyny ýöretdi... Bu-da italýanlaryň bir däbi bolmalydy.
— Ýok, beýle däl. Meni aldap bilmersiňiz. Pantaleone bolan işleriň hemmesini aýdyp berdi.
— Ynanjak adamyňyzy tapdyňyz! Ol meni komandoryň heýkeli bilen deňemedimi?
— Onuň aýdýanlary, belki, gülkünçdir. Ýöne onuň duýgusy welin, siziň şu günki eden hereketiňizden tapawutlylykda gülkünç däl. O zatlaryň hemmesi men sebäpli, meň üçin... Men ony hiç mahal unutman.
— Siz maňa ynanyň, freýleýn Jemma.
— Men muny unutman — diýip, sözleriň arasyna dyngy berip geplän gyz, ýene bir gezek oňa siňe seretdi-de, ýüzüni sowdy.
Indi oňa gyzyň nepisden näzik, päkize ýaňagy görünýärdi... Sanin şol ýüze meňzeş ajaýyplygy görmändigine, şu pursatdaky ýaly kalbyny heýjana getirýän duýga heniz sataşmandygyna ynandy. Ol kalby ot alan ýaly bolup tolgundy.
«Beren wadaň hany?» Jemmanyň ejesiniň özünden eden haýyşy onuň ýadyna düşdi.
— Freýleýn Jemma... — diýip, Sanin biraz ýaýdanyp oturanyndan soň gepläp başlady.
— Näme?
Gyz oňa tarap ýüzüni öwürmän ülje saýlamasyny dowam etdi. Ol üljäniň sapagyny barmaklarynyň ujunda saklap, ýaprajyklaryny yhlas bilen ýokaryk galdyrýardy. Jemmanyň «Näme?» diýen ýeke sözi şeýlebir ynançly mähire ýugrulyp ýaňlandy welin...
— Ejeňiz... neme barada... size hiç zat aýtmadymy?
— Näme «barada»?
— Men hakda.
Jemma eline alan üljelerini birden yza, sebede taşlady.
— Ejem siz bilen gepleşdimi?
— Hawa.
— Ol size beýle näme aýtdy?
— Ol maňa... siziň... ozalky maksadyňyzy garaşylmadyk ýerden... üýtgedendigiňizi aýtdy.
Jemma ýene başyny aşak saldy. Onuň kellesi gelşikli zenan başgabynyň aňyrsynda gizlendi welin, näzik baldakly ullakan güle meňzäp, diňe boýny göründi.
— O nähili maksatmyş?
— Siziň maksadyňyz. Durmuş gurmagyňyza degişli...
— Ýagny siz ony jenap Klýuber bilen baglanyşdyryp aýdýarsyňyz-da? Şeýlemi?
— Hawa.
— Ejem size meniň jenap Klýubere aýal bolmak islemeýändigimi aýtdymy?
— Hawa, şony aýtdy.

Jemma oturan ýerinden gobsundy welin, gyşaran sebet ýere gaçdy, birki sany ülje hem ýodajygyň üstüne togalanyp gitdi. Aradan birki minut geçdi...
Gyzyň:
— Ejem ony size näme üçin aýtdy? — diýen sowaly ýaňlandy.
Sanine henizem Jemmanyň diňe boýny görünýärdi. Onuň döşi öňkülerinden has çalt hereket bilen aşak ýokaryk galyp düşýärdi.
— Näme üçin diýip soraýaňyzmy? Ikimiz az salym gatnaşanam bolsak, ejeňiz meni siziň ynamyňyza giren hasaplap, bähbitli maslahatyma gulak asarsyňyz öýdýär.
Jemmanyň eli ýuwaşjadan dyzynyň üstüne baryp saklandy. Ol köýneginiň ýygyrtlaryny sypaşdyrdy.
— Siz maňa nähili maslahat bermekçi bolýaňyz, *monsieur Dimitri?* — diýip, gyz az salym dymandan soň sowal berdi.
Sanin onuň barmaklarynyň sandyraýandygyny gördi... Ol köýneginiň ýygyrtlaryny elleşdirmek bilen, barmaklarynyň sandyraýandygyny gizlejek bolýardy. Gyzyň sandyraýan hem reňki öçen barmaklarynyň üstünde Sanin öz elini goýdy.
— Jemma, siz näme üçin maňa tarap seretmeýärsiňiz?
Gyz çalt hereket bilen saýawanly zenan başgabyny egniniň üstaşyry arkasyna taşlap goýberdi-de, ozalkysy ýaly sada hem minnetdar nazaryny Sanine gönükdirdi. Ol Saniniň geplemegine garaşdy... Ýöne gyzyň ýüzüne garanda dili tutulyp, gözleri baglanan ýaly ýagdaýa düşen Sanin utandy. Ýaşyp barýan Günüň mylaýym şöhlesi gyzyň ýüzüne, kellesine düşýärdi, ýöne ol kelläniň döredýän manyly täsiri bolsa, şol şöhläniň özünden hem aýdyňdy, hem ýagtydy.
Myssa ýylgyran Jemma gaşlaryny galdyrdy:
— Men size gulak asýan, *monsieur Dimitri!* Siz maňa nähili maslahat bermekçi bolýaňyz?
— O nähili maslahat? — diýip, Sanin gyzyň sowalyny gaýtalady. — Bilýäňizmi näme, üç gün ozal batyrlyk görkezip bilmäni üçin, jenap Klýuberden ýüz öwürmegi siziň ejeňiz...
— Diňe şonuň üçinmi? — diýip, howlukmaç sowal beren Jemma, aşak eglip galdyran sebedini öz gapdalynda, oturgyjyň üstünde goýdy.
— Umuman, neme... adaglyňyzdan ýüz öwürmek... siz tarapdan paýhaslylyk däl. Ol hereket, birhili... Beýle hereketden gelip çykjak netijäni her tarapdan sallarlap görmeli. Onsoňam siziň meseläňiz maşgalaňyzyň her bir agzasyny öz üstüne bellibir mukdarda ýük almaga borçly edýär...
— Olaryň hemmesi ejemiň pikiri — diýip, Jemma Saniniň gepiniň arasyny böldi. — Ol ejemiň sözleri. Ony men bilýän. Ýöne siziň pikiriňiz nähili?
— Meniň pikirimmi? — Sanin dymdy. Onuň bokurdagyna bir zat dykylana meňzäp, demini gysdyrýan ýaly boldy. — Menem şony... — diýip, ol özüne zor salyp gepledi.
Jemma dikeldi.
— Sizem? Sizemmi?..
— Hawa... ýagny... — Sanin başlan gepiniň üstüne ýekeje-de kesgitli söz goşup bilmedi.
Jemma:
— Ýagşy — diýdi. — Eger-de siz dost hökmünde maňa gelen netijämden dönmegi, ýagny başky maksadymdan ýüz öwürmezligi maslahat berýän bolsaňyz, oýlanyp

göreýin. — Ol edýän hereketinden özi bihabar bolup, üljeleri yzyna, saýlanyp salnan gapdan sebede geçirmäge başlady... — Ejem men size «hä» diýerin öýdüp umyt edýär... Etse etsin. Men, belkem, dogrudanam, siziň aýdanyňyzy makul bilerin.

— Ýöne, freýleýn Jemma, bagyşlaň welin, men öňi bilen siziň näme matlap bilen...

— Men size gulak asmakçy — diýip, gyz öňki aýdanyny gaýtalady welin, gaşlary çytylyp, ýaňaklarynyň reňki öçdi. Ol aşaky dodagyny dişledi. — Siz meň üçin abyrsyz iş etdiňiz. Şoňa görä-de, men, siz näme isleseňiz, aýdanyňyzy berjaý etmäge borçly. Men ejeme aýdaryn... men oýlanaýyn. Ana, — gurt agzasaň, gurt geler — ejemiň özem bärik gelýär.

Dogrudanam, öýden baga tarap çykýan gapynyň bosagasynda frau Lenore göründi. Içerde parahat oturmaga kanagaty çatmadyk zenanyň hasabyna görä, Sanin öz düşündirişini bireýýäm tamamlan bolmalydy. Ýogsam gyz bilen ýigidiň duşuşanlary bäri heniz ýarym sagadam geçmändi.

— Ýok, ýok, ýok, Hudaýyň haky üçin, entek oňa hiç zat aýtmaň! — diýip, Sanin gyssanmaç, özi-de howpurgaýan ýaly bolup gepledi. — Entek saklanyň!... men size aýdaryn... men aýtjagymy size ýazmaça beräýerin. Siz şoňa çenli hiç hili çözgüt etmäň! Garaşyň!

Ol Jemmanyň elini berk gysyp, oturgyçdan turdy hem-de frau Lenoräni haýran edip, onuň gapdalyndan başgabyny galdyryp, düşnüksiz bir zatlary hem samrap geçdi-de, gözden ýitdi.

Frau Lenore gyzynyň ýanyna geldi.

— Maňa bir zady aýtsana, Jemma...

Birden ýerinden turan gyz ejesini gujaklady...

— Mähriban ejem, siz ýene azajyk, sähelçejik... ertire çenli sabyr edip bilermisiňiz? Şony başararmysyňyz? Özi-de ertire çenli biragyz geplemezlik şerti bilen... Ah!..

Özi-de şeýle bolar öýdüp garaşmadykdanmy, gyzyň gözlerinden paýrap ýaş döküldi. Jemma aglaýan mahaly ýüzünde döremeli gam-hasrat alamatyna derek, gaýtam, şatlyk uçgunlarynyň peýda bolmagy frau Lenoräni has-da haýrana goýdy.

— Saňa näme boldy? — diýip, ene sowal bermän saklanyp bilmedi. — Sen hiç mahal beýdip gözýaş edýän dälsiň welin... birdenem...

— Hiç zat bolanok, eje, hiç zat bolanok. Diňe siz biraz garaşyň. Ikimizem az-owlak sabyr etmeli. Ertire çenli menden hiç zat soramaň, gowusy, geliň, Gün ýaşýança ülje saýlalyň!

— Ülje-hä saýlanar welin, sen paýhaslyja hereket edermiň?

— Gürrüňi näme! Men örän paýhasly bolaryn. — Jemma hormat bilen baş atdy. Ol çaklaňja ülje hoşalaryny özüniň gyzaran ýüzüniň deňinde tutup biri-birine çatdy. Ýöne gyz gözýaşyny süpürmedi. Gözýaş damjalary onuň ýaňagynda gurap galdy.

## XXV

Sanin ylgap diýen ýaly jaýyna dolandy. Ol diňe şu ýerde, diňe täk özi bilen bolanda duýmagy, aňmagy başarýardy. Ahyrsoňy, ol indi ýagdaýynyň nähilidigini, özi bilen nämeleriň bolup geçýändigini aýdyň eder. Dogrudanam, ol öz otagyna girip-girmän, hat stolunyň başyna geçip-geçmän, stola iki tirsegini diräp, ýaňaklaryny aýalarynyň üstüne basyp, hasrat bilen güňleç dillendi: «Men ony söýýän! Çensiz-çaksyz

söýýän!» Ol üstünden sönen küli birden üflenip aýrylan köz ýaly, tutuş içki dünýäsi bilen lowlap ýandy. Bir pursat... eýýäm ol onuň, hut onuň gapdalynda nädip oturanyna, nädip gep-söz alşanyna, näme üçindir, eşikleriniň gyralaryny-da halanyny duýmandygyna, ýaş ýigitleriň aýdyşlary ýaly, «öňünde baş egip, ölmäge kaýyldygyna» düşünmäge-de güýji çatmady. Bagda bolup geçen soňky duşuşyk meseläni çürt-kesik etdi. Ol hakda pikir edende, Sanin indi ýyldyzlaryň yşygynda ygşyldap oýnaýan togar saçly gyzy göz öňüne getirmän, uzyn oturgyçda oturan gözeliň bagjykly başgabyny arkan taşlap, özüne ynanjaň nazar bilen garaýanyny görýärdi, yşk näzikliginiň, söýgi teşneliginiň duýgusy damarlarynyň ählisinden at salyp geçýärdi. Ol üç gün bäri jübüsinde göterip ýören bägülüni ýatlady, ony eline alyp, howsalaly güýç bilen dodaklaryna basdy, gül tikeniniň beren yzasyndan ýaňa ýüzüni çytdy. Indi ol hiç zadyň pikirinem etmeýärdi, hiç zat aňşyrmaýardam, hiç zadyň hasabyny hem ýöretmeýärdi, hiç zada umyt hem baglamaýardy. Ol tutuş geçmişinden arany açdy, geljege, öňe aýgyt aldy, özüniň sus, ýalňyz hem sallah durmuşyndan örküni üzüp, joşup-joşup möwç urýan äpet siliň akymyna taşlady, gam-hasraty duýmady, akymyň nirä alyp gitjekdigininňem, kenaryň gaýasyna eltip urjakdygynyňam pikirini etmedi. Bu akym ony ýap-ýaňy hem hüwdülän Ulandowskiý romansynyň ýuwaşja akymy däldi... Ol akym öňünde durup bolunmajak güýjüň tolkunlarydy. Ol tolkunlar çyrpynyp, asmana göterilýärdi. Sanin hem tolkunlara goşulyp, ganat açyp barýardy.

Ol bir tagta kagyz aldy-da, çyzyşdyrman, garalaman, galamyň bir gezekki zarbasy bilen diýen ýaly şeýle sözleri ýazdy:

«Eziz Jemma!

Size bu haty ýazmak üçin meniň üstüme nähili borç alandygymy özüňiz bilýärsiňiz, ejeňiziň näme isleýändigini, menden näme haýyş edendigini hem bilýärsiňiz. Ýöne indi men siziň bilmeýän bir zadyňyzy, sizi söýýändigimi, kalbymyň ähli hyjuwy bilen, ilkinji gezek aşyk bolanyň söýgüsi bilen söýýändigimi aýtmaga borçludyryn. Yşk ataşy meniň kalbymda birden döredi.Ýöne ol şeýlebir güýçli howur bilen tutaşdy welin, beýan etmäge söz tapmaýaryn! Siziň ejeňiz ýanyma haýyş bilen gelen mahaly söýgi ody ýaňy köräp başlapdy. Ýogsam men hakyky mert adam hökmünde onuň islegini bitirmekden, megerem, ýüz döndererdim... Şu mahalky size ýollaýan beýanym päk ýürekli adamyň ýüreginiň teýinden çykýan hakykatdyr. Siz kim bilen iş salyşýandygyňyzy bilmelisiňiz, aramyzda düşnüksizlik bolmaly däldir. Görýäňizmi, men size hiç hili maslahat berip bilmeýärin... Men sizi söýýän, söýýän, söýýän. Şondan gaýry meniň aňymda-da, ýüregimde-de hiç zat ýok!

Dm. Sanin».

Sanin epläp bukja salan hatyny, hyzmatkäre jaň edäge-de, ýollamak isledi... Ýok! Beýtmek ýerlikli däl... Emiliň üsti bilen gowşurmalymy? Ýöne dükana baryp, beýleki işgärleriň arasyndan ony gözläp ýörmegem gelşikli bolmaz. Üstesine, eýýäm garaňky düşdi, Emil ol ýerden gidendir. Şeýle oý-pikirlere çümüp, başgabyny başyna çeken Sanin köçä çykyp, o künçden beýleki künje aýlandy. Ol özüniň begenjini beýan edip

bolmajak derejä ýetiren Emile sataşdy. Goltugy goşhaltaly, eli kagyz düwünçekli ruhubelent ýetginjek öýe tarap haýdap barýardy.
«Her aşygyň öz ýyldyzy bar» diýen gep ýöne ýere aýdylmaýan bolarly!» diýip içini gepleden Sanin ony ýanyna çagyrdy.
Emil öwrüldi-de, derrew Sanine tarap eňdi.
Sanin ony uzak begenip durmaly etmedi, haty berdi-de, kime nähili edip gowşurmalydygyny düşündirdi... Emil ony üns bilen diňläp, ýüz keşbinde «biz nämäniň nämedigine düşünýändiris» diýýän ýaly syrly many bardygyny aňladyp:
— Hiç kim bilmeli däl-dä? — diýdi.
— Hawa, gadyrdanym! — diýen Sanin birneme utanjyrasa-da, oglanyň ýaňaklaryna kakyşdyrdy. — Eger jogap bolsa-da... Siz jogaby maňa ýetirersiňiz. Şeýle dälmi? Men öýde bolaryn.
— Oň üçin welin biynjalyk bolmaň — diýip, Emil şadyýan seslendi-de, aňyrlygyna ylgap gitdi. Barýarka hem yzyna gaňrylyp ýene bir gezek baş atdy.
Öýüne dolanan Sanin şemi hem ýakman, özüni diwana taşlady, iki elini hem kellesiniň ýeňsesinde goýup, ýazyp beýan edip oturanyňa degmeýän söýginiň döreden duýgusyna çümdi. Ol duýgynyň niçiksi gudratdygyny beýan etmegiň zerurlygy-da ýok — sataşan adam onuň çekmesi kyn ezýetdigini hem süýji lezzetdigini bilýändir, sataşmadyklara bolsa onuň nämedigini söz bilen düşündirip bilmersiň.
Gapy açyldy-da, Emiliň kellesi göründi.
— Getirdim — diýip, ol pyşyrdady. — Jogab-a ynha!
Ol dolangy haty görkezip, depesine galdyrdy.
Sanin diwandan atylyp turdy-da, haty Emiliň elinden kakyp aldy. Dyňzap gelen joşgun erkini şeýle derejede elinden aldy welin, gyzyň dogany bolan ýetginjegiň öňünde syr saklamak, edep-ekrama eýermek diýen zatlar Saniniň ýadyna-da düşmedi. Elbetde, başaryp bilse, Sanin syr hem saklardy, oglandanam uýalardy. Ýöne başaryp bilmedi. Häzir onuň erki öz elinde däldi.
Ol daşardaky çyranyň ýagtysy düşüp duran penjiräniň öňüne bardy-da, şeýle setirleri okady:
«Men sizden haýyş edýärin, men size ýalbarýaryn — *ertir uzynly günüň dowamynda bize gara bermäň!* Siziň gelmezligiňiz maňa derwaýys şert. Ertir geçensoň hemme mesele çözüler. Meniň islegime garşy gitmejekdigiňize ynanýaryn, sebäbi...

Jemma».

Sanin şojagaz ýazgyny iki gezek okady. Gyzyň elinden çykan harplaram şeýlebir täsirli, şeýlebir ýakymly bolup duýuldy welin... Az-kem oýlanan Sanin özüni edepli, sada ýaş ýigit edip görkezmek üçin gaty gygyryp aňyrsyna öwrülip, dyrnagy bilen diwary dyrmap duran Emiliň adyny batly tutdy.
Emil şol pursat haýdap onuň ýanyna geldi.
— Näme tabşyryk bar?
— Gulak goýuň, gadyrdan...
— Mister Dimitriý — diýip, Emil onuň sözüni böldi. — Siz näme üçin maňa «sen» diýip ýüzlenmeýärsiňiz?
Sanin gülüp goýberdi.

— Ýeri, bolýa-da. Gulak goý, gadyrdan (Emil begenmekden ýaňa az-kem towusdam), gulak goý, sen, *ol ýerde,* düşünýäňmi... sen ol ýerde... hemme zadyň edil aýdylyşy ýaly ediljekdigini ynandyrarsyň (dodaklaryny gysan Emil gopbamsyrap baş atdy). — Eýse, sen... Seň özüň ertir näme işleýäň?
— Men? Men näme edýän? Siz meniň näme etmegimi isleýärsiňiz?
— Mümkin bolsa, ertir irgözinden ýanyma gel. Ikimiz tä agşama çenli Frankfurtyň eteklerinde gezelenç edeli... Razymyň?
Emil ýene towsaklady.
— Garşy däl. Dünýäde gezelenç etmekden gowy zat bolarmy? Onda-da siz bilen bile gezmek... Hökman gelerin!
— Goýbermeseler nädersiň?
— Goýbererler!
— Gulak goý... Tutuş bir günlük çagyranymy *o ýerde* aýdybam durmagyn.
— Näme üçin aýtmalymyşym? Sesimi çykarman gaýdybererin. Ol kyn iş däl-ä...
Emil Sanini mäkäm ogşady-da, ylgap gitdi.
Oglan gideninden soň, Sanin otagyň içinde kän gezmeledi. Giç ýatdy. Ol täze durmuşyň öň ýanyndaky aýylganç hem şirin duýgularyň şatlykly hyýalyna çümdi. Sanin ertir Emili çagyrmak pikiriniň kellesine geleni üçin özünden hoş boldy. Emil gyz doganyna çalymdaşdy. «Ol maňa Jemmany ýatladar».
Ýöne Sanini has geňirgendirýän ýagdaý düýn onuň şu günküsinden başgaça bolup bilmegidi. Ol Jemmany «ömürboýy», onda-da edil şu günki ýaly söýgüsi bilen söýüp gelendirin öýdýärdi.

## XXVI

Şol günüň ertesi ir sagat sekizde, Tartalýany hem ýany bilen getiren Emil, Saniniň otagynda peýda boldy. Eger ene-atasy nemes bolan bolsa, ol eden wadasyna beýle wepaly bolmazdy. Öýde ol ertirlik nahara çenli Sanin bilen gezelenç edip, soňam dükana giderin diýip ýalan sözledi. Öý eýesi geýinýänçä, Jemma hakynda, onuň Klýuber bilen adaglanyşy hakynda ýaýdanybrak gürrüň etmekçi bolanda, Sanin lal-jim bolup duransoň, şol esasy ugurdan, ýüzleýrägem bolsa, söz açmagyň ýerlikli däldigine düşünýän kişi bolan Emil hem gepini diňletmäge döwtalap bolup durmady, meselä gaýdyp dolanmady. Ol indi kä agras, kä dykgat bilen oýlanýan adam ýaly bolýardy.
Kofe içip bolan iki ýoldaş pyýadalap Gauzen diýilýän oba tarap ugrady. Daşy tokaý bilen gurşalan oba Frankfurtdan onçakly uzakda-da däldi. Taunus dagynyň hemme gollary ol ýerden edil eliň aýasynda ýaly bolup görünýärdi. Howa-da diýseň oňatdy; ýalpyldap duran Gün gyzdyrsa-da, ýakyp barýan yssy ýokdy; tämiz şemal ýaşyl ýapraklara degip, ses edýärdi; al-asmandaky tegelejikden topbajyk bulutlaryň ýollaýan kölegeleri ýukajyk tagma meňzäp, ýeriň ýüzünden çaltlyk bilen taýyp barýardy. Sanin bilen Emil şäherden tiz saýlanyp, tekiz hem arassa ýodadan keýpleri kök, ýeňil ädimläp ugrady. Olar tokaýa girensoňlar, azaşybam kän gezdiler, ahyram obanyň garbanyşhanasyndan ykjam naharlanyp, daga çykdylar, dünýä belentden ser salmakdan lezzet aldylar, pesden kimdir bir göze görünmeýän kişi şaňňy sesi bilen parhsyz sögünýänçä, ýokardan daş zyňdylar, daşlaryň towşana meňzäp, geň-enaýy

atylyp gidişini synladylar, soňra guran, sarymtyldan benewşe reňkli garaharsaňyň üstünde çäşerilişip ýatdylar, başga bir garbanyşhana baryp, arpa suwuny içdiler, kim öňbarmaşak edip ylgaşdylar, uzaga bökmekde ýaryşdylar, ýaň bilen ses alyşdylar, aýdym aýdyşdylar, «ehe-he-eý» edişip gygyryşdylar, göreş tutdular, şaha döwdüler, paporotnigiň[11] baldaklary bilen başgaplaryny bezediler, hatda tans hem etdiler. Şol hereketleriň hemmesine Tartalýa-da başaryp bildigiçe goşuldy. Dogry, ol daş zyňmady, ýöne zyňlan daşlaryň yzyndan welin, ýumak bolup togalandy, ýigitler aýdym aýdanda uwlady, waňkyrdy. Ol halaman, ýüzüni çytanam bolsa, arpa suwuny hem içdi. Ite ol endigi öňki talyp eýesi öwreden eken. Gep ugruna aýtsak, Tartalýa öz eýesi Pantaleonäniň hemme diýenini etse-de, Emile onçakly tabyn bolmaýardy. Şonuň üçinem Emil «okamagy» ýa-da «ýazmagy» buýranda, Tartalýa diňe guýrugyny bulaýlaýardy hem dilini turbajyk ýaly edip agzyndan çykarýardy.

Iki ýoldaş özara gürrüň hem edişdi. Gezelenjiň başynda, Sanin ýaşy uly bolany üçin, takdyr, täleý barada ýa-da adamyň maksada okgunlylygynyň nämedigi, nähili bolmalydygy hakda has akylly-başly gürrüňe başlajak boldy welin, gürrüň entek ugrukmanka başga, onçakly ähmiýeti ýok ugra gönügip gitdi. Emil öz dosty hem pikirdeşi bolan Saninden Russiýa, ol ýerde dawagärleriň duelde — ikiçäk, ýüzbe-ýüz atyşykda ýarag ulanyşlary, aýallaryň görk-görmekliligi, rus dilini derrew öwrenip bolýandygy-bolmaýandygy, darkaşa çykylyp, serkerde ýarag çenän mahaly özüniň näme pikir edendigini soraşdyrdy. Sanin hem öz gezeginde Jemmanyň pikirini edýän hem bolsa, adyny dile getirmejek bolup, Emilden kakasy, ejesi, umuman, maşgala ýagdaýlary barada soraşdyrdy. Hakykatda welin, ol Jemma hakda däl, syrly ertirki gün hakda, özüne nähilidigi, nämedigi näbelli, görülmedik bagt getirmeli gün hakda oýlanýardy. Onuň akyl ýetiriş nazarynyň öňünde çalaja tolkunyp, ýukadan ýeňiljek bir tuty gerilgi duran ýalydy. Şol tutynyň... şol tutynyň aňyrsynda ol ýaş, hiç hili hereketsiz, dodagy mylaýym ýylgyryşly, agras, emeli agraslyk bilen süzülen kirpikli ajaýyp ýüzüň bardygyny duýýardy. Ol Jemmanyň ýüzi däl, ol bagtyň ýüzi. Ine, ahyrynda-da, onuň islegi hasyl boldy: tuty serpildi, dodaklar ýazyldy, kirpikler ýokary galdy, ajaýyp keşp ony gördi. Şonuň netijesinde-de eýýäm Günüň şöhlesiýaly aýdyň ýagtylyk — tükeniksiz şatlyk peýda boldy. Ol ertirki boljak şatlykly günleri barada oňlanýar welin, ýene onuň kalbyny begençden ýaňa güýçli tolgunma gaplap alýar.

Ol şatlykly pursada garaşmaklyk, ol alada hiç zada azar bermeýär. Ol alada onuň ähli hereketinde, hemme gymyldysynda duýulýar, duýulsa-da zeper ýetirmeýär. Ol alada onuň ýene bir garbanyşhana baryp, Emil bilen üçünji gezek kemsiz naharlanmagyna-da päsgel bermeýär. Diňe käte onuň kellesine keltejik çakan ýyldyrym ýaly bolup, älem-jahanda kimdir biri bu ýagdaýy bilsedi diýen pikir gelip gidýär. Alada, tukatlyk nahardan soň oňa Emil bilen eşekmündi oýnamaga-da päsgel bermeýärdi. Olar oýny gök öwüsýän giň meýdanda oýnaýardylar. Tartalýa gaharly üýrüp, ýaplanyp ýatan Emiliň üstünden aýaklarynyň arasyny çakganlyk bilen açyp, guş ýaly eýläk-beýläk böküp ýörkä, meýdançanyň edil gyrasynda birden iki sany serkerdä gözi düşüp geňirgenen Sanin olaryň öňünde gelşiksiz ýagdaýda galdy. Ol gelýänleriň düýnki garşydaşy jenap fon Döngof bilen araçy emin fon Rihterdigini şobada tanady. Olaryň

[11]Paporotnik — gyrymsy agaç.

ikisi-de gözlerine bölejik çüýşe dakyp, Sanine ýaňsyly ýylgyryş bilen seredýärler. Sanin derrew dyza çökýär-de, gapdalda ýatan paltosyny tiz geýýär, Emile-de üzlem-saplam söz gatýar. Oglan hem keltekçesini geýensoň, ikisi-de ol ýerden daşlaşmak bilen bolýar.
Olar Frankfurta giç dolandylar.
— Öýe baramsoň käýinj-ä eşitmeli bolaryn welin — diýip, Emil hoşlaşanda Sanine ýüzlendi. — Käýeseler käýäbersinler. Oňa derek uzyn günümi heziller edip geçirdim.
Myhmanhana dolanan Sanin Jemmadan hat gelenini bildi. Ol Sanini ertir ir sagat ýedä Frankfurtyň daş-töweregini gurşan köpçülik seýilbaglarynyň birinde duşuşmaga çagyrýardy.
Saniniň ýüregi gobsunyp gitdi. Ol şu gün gara bermezlik barada gyzyň haýyşyny garşylyksyz berjaý edeni üçin özünden razy boldy. Eý, Hudaý! Bolmazlygy mümkin, şol bir wagtyň özünde bolmagy-da gutulgysyz ertirki ol ajaýyp gün bize nämeleri wada berýär, nämeleri wada berenok.
Onuň nazary Jemmanyň hatynyň içine siňip gitdi. Sahypanyň ahyryndaky «S» harpynyň — onuň adynyň başky harpynyň uzyndan owadan guýrujagy Jemmanyň nepis barmaklaryny ýatlatdy... Sanin şol owadan barmaklara henize çenli bir gezek hem dodaklaryny degirmändigi hakynda oýlandy...
«Owazasy dag aşýanam bolsa, italýan gyzlary hem uýatly hem asylly — diýip, Sanin içini gepletdi. — Jemma-ha ol meselede tarypa mätäç däl. Ajaýyp, gözel, päk... Ýöne wagt geler. Ol wagt uzakda-da däl...»
Şol gije tutuş Frankfurtda ýeke-täk bagtyýar adam bardy... Ol uklady, ýöne ol özi barada şahyryň sözleri bilen:
Men uklap ýatyryn... ýöne duýgur ýüregim ýatmaýar... — diýip bilerdi.
Dogrudanam, ol ýürek edil tomus gününiň şöhlesine beslenen güljagaza galtaşan kebelejigiň näzik ganatynyň ýelpenişi ýaly ýeňiljek urýardy.

## XXVII

Sanin ir sagat bäşde oýandy, altyda eýýäm geýindi, ýediň ýarynda bolsa Jemmanyň hatynda aýdan seýilgähdäki çaklaňja bassyrmanyň töwereginde gezmeläp ýördi. Ertiriň howasy asudady, maýyldy, asman tutugrakdy. Hä diýmän ýagyş ýagaýjak ýaly hem bolsa, eliň-ýüzüň, bedeniň açyk ýerleri çyg duýmaýardy, ýeňiňe garasaň welin, maýdaja hünji ýaly tegmilleri saýgarmak bolýardy, ýöne ol hem ýagmasyny derrew bes etdi. Şemal welin, tebigatda asla bolmadyk, bolmaýan zat ýalydy. Tebigatdaky hiç bir ses, owaz ýitip gitmeýärdi, olar töwerege siňýärdi, aňyrda agymtyl bug az-kem topbak tutup durdy, howada syýagyň[12] hem ak akasiýanyň gülleriniň ýakymly ysy bardy.
Köçelerdäki dükanjyklar entek açylmandy, ýöne birdir-ikidir adam-gara göze ilýärdi; kämahal-kämahal paýtunyň takyrdysy gelýärdi... Bagda gezim edip ýören adam ýokdy. Eli pilli äwmezek bagban howlukman ýoljagazy arassalaýardy hemem gara mawut paltoly, tapdan düşen bir kempir bagyň içini kesip süýrenip barýardy. Sanin şol halsyz garryny bir pursatlyk-da Jemmadyr öýdüp pikirem edip biljek däldi. Bolsa-

[12] Syýak — bir ýyllyk ysly ösümlik.

da, onuň ýüregi jigläp gitdi. Ol kem-kemden daşlaşyp barýan gara nokadyň yzyndan garap galdy.

Diňiň sagady ýediniň zaňyny urdy.

Gezmeläp ýören Sanin aýak çekdi. Eýsem, ol gelmezmi? Birdenem sowuk galpyldy onuň tutuş endamyndan at salyp geçdi. Bir pursat ötüp-ötmänkä-de, galpyldy ýene gaýtalandy.Ýöne bu gezekki galpyldynyň döremeginiň sebäbi başgady. Sanin ýeňse tarapdan ýeňiljek basylýan ädimiň hem ýuka köýnegiň şowurdysyny eşitdi... Ol yza bakdy. Şol, edil özi!

Jemma ýodajykdan Saniniň yzy bilen gelýärdi. Onuň egninde sarymtyl ýapynja, başynda gara başgaby bardy. Ol Sanine garady-da, deňine ýetensoň, ýüzüni bir gapdala sowup, derrew geçdi-de ötägitdi.

Sanin adaja ses bilen:

— Jemma! — diýdi.

Gyz oňa çalarak baş atdy-da, aňyrlygyna gidiberdi. Sanin onuň yzyndan ýöredi.

Ol arasyny kesip-kesip dem aldy. Aýaklary diýen etmedi.

Jemma bassyrma sowulman, saga dolandy, içinde başagaý serçe şalpyldap ýören ýalpaň howzuňam gapdalyndan geçip, beýik leglekgülüň aňyrsyndaky oturgyja özüni goýberdi. Ol ýer owadandy hem görer gözden goraglydy. Sanin gyzyň gapdalynda oturdy.

Bir minut dagy geçse-de, olaryň hiç haýsyndan ses-seda çykmady, Jemma-ha Sanine tarap seretmedem, ol hem gyzyň ýüzüne däl-de, kiçijik saýawan tutup, bir-biriniň üstünde duran ellerine garady. Nämeden gep açmaly? Ikisiniň bu ýerde, birek-birege şeýle ýakyn oturmaklarynyň manysyna mynasyp derejede näme aýdyp bolar?

— Siz menden öýkeläňzokmy? — diýip, ahyr Sanin dillenmeli boldy.

Şu mahal ol şeýle sowaldan has samsyk gep hem tapyp biljek däldi. Hakykatyň şeýledigine onuň özi-de akyl ýetirdi... Nähili-de bolsa, şol sowal bilen dymyşlygyň gapysy açyldy.

— Men öýkeleýänmi? — diýip, gyz geňirgendi. — Ýok-la. Nämä öýkelemelimişim?

— Siz maňa ynanýaňyzmy? — diýip, Sanin ýene sowal berdi.

— Ýazan hatyňyzamy?

— Hawa.

Aşak bakan Jemmadan söz bolmady, saýawan onuň elinden sypdy. Ýöne ýere gaçyrman, gyz ony derrew tutdy.

— Maňa ynanyň, näme ýazan bolsam, şoňa ynanyň! — diýip, Sanin dabaraly äheň bilen aýtdy, şonuň bilenem onuň ähli ýygralygy zym-zyýat bolup, höwesli gepläp başlady. — Eger bu dünýäde doly hakykat, keramatly hakykat bar bolsa — ol meniň sizi ýürekden söýýänligimiň çyndygy baradaky hakykatdyr, Jemma.

Sanine gözüniň gytagyny aýlan gyz tas ýene saýawanyny elinden gaçyrypdy.

— Maňa ynanyň, maňa ynanyň — diýip, Sanin öz sözüni gaýtalap, gyza tarap elini uzatdy, uzatsa-da, oňa batyrnyp bilmedi. — Siziň göwnüňizi tapmak üçin, meniň näme etmelidigimi aýtsaňyz-laň!

Jemma ýene oňa seredip:

— Jogap beriň, *monsieur Dimitri!* — diýdi. — Öňňin meni yrmak üçin ýanyma baran mahalyňyz... siz... entek... sizde entek hiç hili duýgy...

— Duýgym bardy — diýip, Sanin ol gepi derrew ýapyşalga hökmünde alyp göterdi.
— Duýgym bar eken. Ýöne ony şol mahal duýmandyryn. Men sizi ilki gören pursadym söýdüm. Ýöne siziň özüm üçin kim bolandygyňyza şol mahal düşünmändirin. Onsoňam siz adaglanan gelinlik ekeniňiz-ä... Siziň ejeňiziň haýyşy hakda oýlansagam... men... birinjiden-ä, men, nädip boýun towlamalydym? Ikinjidenem, haýyşymy aýdyşymdan siz many alarsyňyz öýdüpdim.
Agyr ädimlenýän aýak sesi geldi. Egni goşhaltaly — daşary ýurtly bolsa gerek — dolmuşrak bir jenap gülleriň aňyrsyndan peýda bolup, geldi-geçer syýahatçylaryň edepsizligi bilen oturan ýigitdir gyza nazaryny dikip, gaty-gaty üsgürindi-de geçip gitdi.
Agyr ädimleriň sesi daşlaşandan soň, Sanin gepläp başlady.
— Ejeňiz maňa siziň Klýuberden ýüz döndermegiňiziň yzynyň dawa ýazjakdygy barada aýdypdy (Jemma ýüzüni çalarak çytdy). Şeýle ýagdaýyň döremeginde özümiňem birneme günäm bar bolansoň... menem sizi yrmaga... adaglyňyzdan ýüz öwürmezligiňiz üçin haýsydyr bir möçberde alada etmäge borçly ýalydym.
— *Monsieur Dimitriý* — diýip, Jemma Sanin tarapyndaky çekgesinden elini ýöretdi.
— Sizden bir haýyşym bar: jenap Klýuberiň adyny meniň adaglym diýip tutmaň. Men hiç mahal oňa aýal bolman. Ol barada onuň özüne-de aýtdym.
— Siz ondan ýüz öwürdiňizmi? Haçan?
— Düýn.
— Hut özüne duýdurdyňyzmy?
— Hut özüne. Öýe gelende aýtdym.
— Onda siz meni söýýäňiz-dä. Şeýlemi?
Jemma oňa tarap öwrüldi.
— Şeýle bolmasa... bu ýere gelermidim? — diýip, gyz pyşyrdanda, onuň iki eli-de oturgyjyň üstüne düşdi.
Sanin aýalary açyk ellerini derrew ýokaryk göterdi-de, dodaklaryny, gözlerini sypaşdyrdy. Düýn onuň öňünde salgym bolup duran tuty serpilende şeýle ýagdaý döräpdi! Ine, bagt! Ine, bagtyň nurana ýüzi!
Ol başyny göterdi-de, gyzyň ýüzüne çekinmän göni seretdi. Gyz hem oňa başdan-aýak göz aýlady. Onuň süzülen gözleriniň nazary ýeňiljek, şatlyk gözýaşynyň aňyrsyndan çalaja ýyldyraýardy. Ýöne ýüzi welin ýylgyrmaýardy-da, sessizem bolsa, şadyýan gülýärdi.
Sanin Jemmany özüne tarap çekmek isledi, ýöne şol sessiz gülküsini dowam edýän gyz ýigidiň islegini kanagatlandyrmajakdygyny aňladyp, başyny ýaýkady. Onuň bagtyýar gözleri «Tagapyl et!» diýýän ýalydy.
— Ah, Jemma! — diýip, Sanin sesini süýkdürdi. — Sen meni (dodaklary ilkinji gezek «sen» diýende onuň ýüreginiň inçe damarlary dartylan tar ýaly bolup sandyrady) söýersiň öýdüp hyýalyma beri getirjekmidim!
— Özümem şeýle bolar öýdüp garaşmandym. — Jemmanyň sesi pessaý çykdy.
— Frankfurtda birnäçe sagat saklanmak meýli bilen gelýärkäm, bu şäherde öz ömrümiň hemişelik bagtyny taparyn öýdüp oýlanmandym.
— Tutuş ömrüňmi? Ol hakykatmy? — diýip, Jemma sowal berdi.
— Tutuş ömrümiň — diýip, ýaňadandan möwç alan Sanin, hopugýan ýaly bolup, jogap gaýtardy. — Baky. Ömürlik.

Bagbanyň ýoda arassalaýan pili olaryň oturgyjynyň iki ädimliginde peýda boldy.
— Bize gidýäsmi? — diýip, Jemma pyşyrdady. — Bile gideli, bolýarmy?
Jemma şol pursat «Özüňi deňze taşlarmyň?» diýen sowalynyň yzyndan «Bolýarmy?» sözüni aýdyp-aýtmanka, Sanin özüni uçut gaýadan düýpsüz ummana başaşak goýbererdi.
Olar bagdan tirkeşip çykyp, şäheriň köçeleri bilen däl-de, öýlerine aýlanyp, şäherýaka ýol bilen gitdiler.

## XXVIII

Sanin kä gapdalyndan, kä birneme yzrakdan ýöräp, Jemmadan gözüni aýyrman gelýärdi, ýylgyrmasyny hem bes etmeýärdi. Gyz, bir görseň howlugýana meňzeýärdi... birdenem aýak çekýän ýalydy. Hakykaty aýtsaň, olaryň ikisi-de birhilidi; — ýigidiň-ä reňki öçügsidi, gyzyňam tolgunmakdan ýaňa ýüzi al öwüsýärdi, özi-de başy aýlanan ýaly bolup, öňe dyzaýardy. Ol ikisiniň sähel salym mundan ozal öz kalbyny başga biriniň kalbyna bermek barada eden aýgydy örän täsirlidi, täzeçedi, gorkulydy. Olaryň durmuşynda, asla garaşman duran halatlarynda, ähli zat birden beýleligine öwrüldi welin, ikisi-de hiç zat saýgarman galdy. Olar diňe şol özlerini tas biri-biriniň gujagyna zyňan gijeki tupana meňzeş bir zadyň bolup geçendigini aňşyrdylar. Sanin gidip barýarka, Jemma indi başgaça nazar bilen seredýändigini syzdy. Ol bir pursatda gyzyň ýöreýşinde, hereketinde birnäçe aýratynlyklaryň peýda bolandygyna göz ýetirdi. Eý, Hudaý! Ol hereketler, ol aýratynlyklar, ol ädim uruş. Sanin üçin nähili mähirlidi, gymmatlydy! Gyz hem onuň nähili nazar bilen garaýandygyny aňýardy.
Bu Saniniňem, Jemmanyňam birinji söýgüsidi. Ilkinji söýginiň ähli ajaýyplyklary olaryň başyndady. Ilkinji söýgi hem rewolýusiýa ýaly bir zatdy. Durmuşyň ozaldan gelýän birsydyrgyn, düzüw gurluşy bozulyp, dargadylýar, ýaşlyk diwarynyň aňyrsyna geçýär. Aýdyň baýdak asmanda pasyrdaýar, öňde ölümmi ýa täze durmuşmy — näme garaşsa-da, ýaşlyk oňa öz salamyny gönderýär.
— O kim? Ol biziň gojamyza meňzeýän ýaly-la? — diýip, özüniň tanalmagyny islemeýän ýaly bir zatlara dolanan hem beýleräkden geçip barýan göwrä gözi düşen Sanin oňa tarap barmagyny uzatdy. Bagtyýar duýgulara gaplanan Sanin Jemma bilen eýýäm meselesi çözülen söýgi, mukaddeslik hakda däl-de, başga bir zat hakda gep açyşmak islegine berildi.
— Hawa, ol Pantaleone — diýip, Jemma begenip jogap gaýtardy. — Ol meni aňtamak üçin yzym bilen öýden çykan bolmaly, düýn hem uzynly gün her ädimimi derňäp gezdi. Ol bu bolýan zatlary çaklaýar.
— Çaklaýandyr! — diýip, Sanin aýdylany höwes bilen gaýtalady. Bu wagt Jemma agzyndan çykanyny Saniniň höwes bilen gaýtalamajak nähili gepini tapsyn!
Soňra Sanin Jemmadan düýn näme bolup geçendigini doly aýtmagyny sorady.
Jemma arasynda bulaşyp, çalt-çaltdan dem alyp, tolgunyp, käte Sanin bilenem bir-birege ýakymly nazar aýlaşyp geplemäge başlady. Ol üç gün mundan ozalky gepleşikden soň, ejesiniň gyzyndan özi üçin nähili-de bolsa bir kanagatlanarly jogap almagyň aladasyny edenligi, onuň bir gije-gündiziň dowamynda jogap berjekdigini aýdyp, frau Lenoreden az salymlyk başyny gutarandygy, şol möhleti nädip alandygy,

ony almagyň örän kyn bolandygy, asla garaşylman duran wagty jenap Klýuberiň öňkülerindenem beter krahmallanan eşik geýip, hondan bärsi bolup gelendigi, nätanyş rus ýigidiniň çaganyň hereketi ýaly bagyşlamasyz hereket bilen ony, ýagny Klýuberi aýylganç kemsidendigi (ol hut şol sözleri diline getirdi), ol seniň atyşyga çykmagyňy göz öňünde tutýardy — aýdyşy hakynda gürrüň berdi. Jemmanyň nygtamagyna görä, jenap Klýuber «nätanyş rus ýigidini Rozellileriň gapysyndan goýbermezligi» talap edendigini.«Sebäbi…—JemmaKlýuberiň sözlerini gaýtalanda onuň sesine hem hereketlerine az-kem öýkündi: — Sebäbi bumeniň abraýyma şek ýetirýär, gerekýerindeöz gelinligimiň mertebesini goramagam başarmajak ýaly görkezýär. Meniň gelinligimiň arkasyny alyp keseki biriniň serkerde bilen atyşyga girendigi hakynda ertiriň özünde tutuş Frankfurt gürrüň eder.Bu ýagdaý nämä syrygýar? Bu ýagdaý meniň mertebämi püçege çykarýar!»... Göz öňüne getirýäňmi? Ejem onuň aýdanlaryny goldady. Gürrüň şol ýere ýetende, birden men oňa öz abraýy, derejesi hakynda biderek aladalanýandygyny, gelinligi hakynda ediljek gürrüňler üçin janyny ýakyp ýörmegiň hajatynyň ýokdugyny, sebäbi indiden beýläk men onuň gelinligi däldigimi, hiç mahalam onuň aýaly bolmajakdygymy beýan etdim. Dogrymy aýtsam, oňa gutarnykly jogap bermezimden öň, men siz bilen... seň bilen gürleşmekçidim... Ýöne ol-a geldi, menem saklanyp bilmedim. Ejem gorkusyndan ýaňa, hatda gykylygam etdi. Beýleki otaga geçdim-de, Klýuberiň beren nika ýüzügini getirip, özüne gaýtardym. Sen iki gün mundan ozal şol ýüzügi barmagymdan aýrandygyma ünsem beren dälsiň. Ol şeýlebir gaty gördi welin... Ýöne örän tekepbir hem gopbam bolansoň, kän geplemänem çykyp gitdi. Elbetde, eden işim üçin ejemden kötek baryny iýmeli boldum. Onuň perişan halyna nebsim-janym agyrdy. Men özümi biraz gyssanmaç hereket edendirin hasapladym. Ýöne mende seň hatyň bardy ahyryn. Men ol haty almankamam, manysyny eýýäm aňýardym...

— Seni söýýänimiňmi? — diýip, Sanin alyp göterdi.

— Hawa... seniň meni söýendigiňi.

Jemma, şeýdip, ýylgyryp, bulaşyp, aljyrap, aňyrdan biri görünse sesini peseldip ýa-da kimdir biri bilen deňleşilende gürrüňiniň arasyny kesdi. Sanin bolsa düýn onuň ýazan hatynyň harplaryna seredip lezzet alşy ýaly, häzir gürrüňinden, sesinden, gepleýşinden lezzet alyp, hoş bolup diňleýärdi.

— Ejem çakdanaşa gama batdy — diýip, Jemma dowam edende, agzy-agzyna ýetişmän, aýdýan sözleri bir-birini gyssap gelýärdi. — Men ony söýmän, ýalbar-ýakarlaryň täsiri bilen äre çykaýsam, Klýuberiň maňa özüni ýigrenji görkezjekdigini ejem hiç aňyna getirip bilenok. Ol size... saňa müňkür bolýar... dogrusyny aýtsaň, ejem meniň saňa aşyk bolandygyma gaty ynanýar. Üstesine-de, üç gün mundan ozal beýle çaklamanyň aňyna gelmändigini häzir hasam ýokuş görýär, özüni kötekleýär, maňa ýalbar-ýakar etmekligi-de saňa tabşyrýar. Beren tabşyrygy hem gaty geň tabşyryk. Dogry dälmi? Indi ol seni... sizi mekir diýip atlandyrýar, at oýnadan, misginsokar adam hasap edýär. Siz onuň ynamyny ödemänsiňiz. Meni-de aldarsyňyz öýdüp çak edýär.

— Eýsem, sen oňa hiç zat aýtmanmydyň?

— Aýdamok. Ilki siz bilen gürleşmän, oňa belli zat aýdyp bilmezdim-ä.

Sanin ellerini serip goýberdi.

— Indi beri, sen, Jemma, hemme hakykaty boýun alarsyň-a? Sen meni ejeň ýanyna alyp bararmyň? Men ejeňe özümiň ýalançy däldigimi ynandyrmak isleýän.

Saniniň kükregi akgöwünlilik hem hyjuw duýgusynyň joşup gelmeginden ýaňa batly gürsüldäp gitdi.

Jemma oňa gözlerini petredip garady.

— «Ikiňiziň araňyzda hiç zat bolmaz, siziň maksadyňyz hiç mahal amala aşmaz» diýip ynandyrýan ejemiň üstüne meň bilen bile barjagyňyz çynyňyzmy?

Jemmanyň diline getirmäge bogny ysmaýan bir sözi bardy, ony aýdasy gelip, dili gijäp dursa-da, aýdyp bilmeýärdi.

— Seň bilen durmuş gurmakdan, saňa ýar bolmakdan belent eşretiň bardygyny bilmeýärin, Jemma.

Sanin öz söýgüsiniň, öz joşgunynyň, aýgytlylygynyň serhedi bardyr öýtmeýärdi.

Şol sözleri eşidip, aýak çekmäge meýillenen Jemma, gaýtam öňküsindenem çalt ýöremäge başlady. Ol çakdanaşa belent, garaşylmadyk erjel peýda bolan bagtdan tizräk ara açmak isleýäne meňzeýärdi.

Birdenem ol aýagyna badak salnan ýaly boldy. Ýan köçäniň burçundan, birki ädimlikde başy täze başgaply, egni bekeşaly[13] saçy pudeliň[14] tüýi ýaly burum-burum, peýkam ýaly gös-göni bolup, jenap Klýuber peýda boldy. Ol Jemmany görüp, Sanini görüp, birhili, göwnüýetmezçilik bilen öz ýanyndan pyňkyrdy-da, çeýe göwresini çala gaýşartdy-da, gedem ädimläp olara tarap gaýtdy.Onuň bolup gelişi Saninde ýaramaz duýgy oýardy. Ýöne ýigrençli geň galyjylygynybaşardygyça görner ýaly edip, hatda olara haýpy gelýän ýaly keşbe giren Klýuberiňal öwüsýän utançsyz ýüzüni gören Sanin, birdenkä özünde gaharyň möwç urup başlandygyny duýup, öňe ädim urdy.

Jemma onuň elinden ýapyşdy. Parahat, aýgytly hereket bilen oňa öz elini berdi-de, ozalky adaglysynyň gözüne göni garady.Klýuber gözlerini süzdi, ýüzüni bürjeşdirdi, gapdala öwrülip, dişinden syzdyrdy-da: «Aýdymjyk adatça şeýdip gutarýar!» *(Das alte Ende vom Liede!)* — diýdi. Soň hem öňki gedem ädimleri bilen, ýeňiljek bökjekleýän ýaly bolup, arany açdy.

— Näme samrady şol myrryh? — diýip, Klýuberiň yzyndan eňmek islän Sanin sowal berdi. Ýöne Jemma oňa gitmäge ýol bermedi, elinden elini hem aýyrman, Sanini aňryk alyp gitdi.

Öňden Rozellileriň süýji-köke dükany göründi.

— *Dimitri, monsieur Dimitri* — diýip, Jemma ýene aýak çekdi. — Biz entek öýe giremzok. Biz entek ejemi göremzok... Eger-de siz ýene oýlanmak isleýän bolsaňyz... entek gaçara-kowara wagtyňyz bar, Dimitriý.

Jogaba derek Sanin onuň elini döşüne gysdy-da, öňe ýöredi.

Frau Lenoräniň oturan otagyna girlensoň, Jemma ejesine ýüzlendi.

— Eje, men indi hakyky adaglymy getirdim!

## XXIX

[13]Bekeşaly — erkek adamynyň bili büzük, yz tarapy dilnen palto şekilli eşigi (terj. bel.).
[14]Pudel — tüýi burum-burum it tohumy (terj. bel.).

Eger-de Jemma özi bilen mergi keselini ýa-da hut ajal alyp geldim diýenem bolsa, meger, frau Lenore eşiden habaryny şu mahalkysyndan beter lapykeçlik bilen kabul etmezdi. Ol burça çekilip, ýüzüni diwara tarap öwrüp oturdy-da, edil rus daýhan aýalynyň äriniň ýa-da oglunyň tabydynyň başynda bolşy ýaly gözýaş baryny döküp, ses etdi. Jemma birbada şeýlebir utandy welin, hatda ejesiniň ýanyna-da barman, otagyň ortasynda heýkel ýaly doňňaradaş bolup galdy. Sanin bolsa aljyramakdan, özüni ýitirmekden ýaňa hatda hünübirýan aglamaga-da taýyndy. Köşeşmäge teselli tapmaýan zenan bir sagatlap, tutuş bir sagatlap gözýaş dökdi. Pantaleone bolsa, haýsydyr bir keseki adamynyň bu ýakymsyz ýagdaýa şaýat bolaýmazy ýaly (entek wagtyň irdigi hem tutaryk) dükanyň daşky gapysyny ýapmagy dürs çözgüt hasaplady. Gojanyň özi-de biraz aňk-taňkdy. Ol, nähili-de bolsa, Jemma bilen Saniniň beýle gyssanmaç gelen aýgydyny goldamady, ýöne olary ýazgarybam durmady. Oňa garamazdan, eger möhüm bolsa, ýaşlara howandarlyk etmäge-de taýyndy, çünki Pantaleone Klýuberi asla halamaýardy. Emil bolsa özüni dosty bilen gyz doganynyň arasyndaky ýardamçy hasaplaýardy, şonuň üçinem meseläniň oňuna çözülýändigine gabarylmanam durmaýardy. Ol ejesiniň beýdip özüni gynaýşynyň manysyna asla düşünmeýärdi. Şonuň üçinem oglan aýallaryň, hatda iň gowy aýallaryňam düşbülik ukybyndan mahrumdygyna ynandy. Saniniň ýagdaýy beýlekileriňkidenem kyn boldy. Ol golaýyna baranyndan frau Lenore ellerini kelemenledip, sesini gataltdy. Şonuň üçinem Saniniň daşrakda durup, «Gyzyňyzyň elini soraýaryn!» diýip, telim gezek gygyrmagyndanam peýda bolmady. Frau Lenore gyzynyň garaşylmadyk ädim ätmegini görmez ýaly, şeýle derejede kör bolandygy üçin öz-özüni törpüledi. Ol gözýaşynyň arasy bilenem: «Jiowan Battista diri bolan bolsa, bu zatlar ýüze çykmazdy» diýip ahmyr etdi. «Eý, Hudaý, bu nä boluş? — diýip, Sanin içini gepletdi. — Bu akmaklyk bolýar ahyryn!» Ol-a Jemmanyň ýüzüne garap bilmeýärdi, Jemma-da oňa gözüni aýlap bilmeýärdi. Ejesi ýanyna eltmejek bolup itekleşdirse-de, Jemma kanagat damaryna daýanyp, oňa kömek etjek bolýardy.

Ahyrsoňy, frau Lenoräniň turzan harasady kem-kemden kiparlady. Ol gözýaş dökmesini goýup, özüni burçdan penjiräniň öňündäki oturgyja geçmäge kömek etmegini hem suw äbermegini gyzyndan haýyş etdi. Sanine-de golaýyna getirmek däl, diňe öýde galmaga rugsat berdi. (Öň bir gezek ol Saniniň bu öýden gitmegini talap edipdi). Sanin geplese, frau Lenore onuň sözünem bölmedi. Sanin az-kem imisalalyk aralaşmagyndan derrew peýdalandy. Şu mahal öz maksadyny, duýgusyny söýgülisine ýüzlenip aýtmaly bolsa-da, tapmajak hyjuwly, ynandyryjylykly, täsirli sözler onuň diline geldi. Beýan edilýän duýgular «Sewil dellegindäki» Almawiwiňki ýaly päk duýgulardy, aýdylýan sözler çyn ýürekden çykýan sözlerdi. Sanin edýän hereketiniň bähbitsiz taraplaryny-da frau Lenoredenem, özündenem ýaşyryp durmady. Ýöne ol bähbitsizligiň hakyky däl-de, ýasamadygyny hem aýtdy. Dogry, ol keseki ýurt adamydy, ýap-ýaňy tanşylany sebäpli, özi hakynda-da, emläk mümkinçilikleri barada-da hiç zat bilinmeýändigini, ýöne özüniň asylly adamdygyny, garyp däldigini tekrarlamak üçin watandaşlarynyň ynamyna daýanyp boljakdygyny nygtady. Ol özi bilen Jemmanyň bagtyýar boljakdygyny, onuň garyndaşlary bilen aýralykdan ezýet çekmezi ýaly ýagdaý döretjekdigini wada berdi. Şu ýerde «aýralyk» sözüniň agzalmagy düzelip barýan işi tas bulaşdyrypdy. Frau Lenore namutlykdan ýaňa özüni ýitirýän ýaly boldy, aljyrady. Sanin aýralygyň diňe wagtlaýyn

boljakdygyny, umuman, onuň düýpden bolmazlygynyňam ahmaldygyny ynandyrmaga howlukdy.

Onuň owadan-owadan geplemegi netijesiz galmady. Frau Lenore, entek oňa gamly, kinaýaly nazar bilen seretse-de, nazarynda ozalkysy ýaly ýigrenç, gahar-gazap ýokdy. Biraz soňrak ol Saniniň özüne golaýlamagyna, hatda gapdalynda oturmagyna-da garşy bolmady. (Jemma ejesiniň beýleki tarapynda oturdy). Ýene esli salymdan soň, ol Sanine diňe nazary bilen däl, gep-sözi bilenem iňirdemäge başlady. Bu bolsa frau Lenoräniň ýüreginiň birneme düşüşýändiginden habar berýärdi. Öý eýesi ýagdaýdan şikaýat edip başlady, şikaýady hem kem-kemden ýumşady, kem-kemden mylaýymlandy, ol kä gyzyna, kä Sanine gönükdirilen sowallar bilen aralaşdy... soň Sanine öz eline elini degirmäge rugsat etdi, birdenem elini yza çekip aldy... soň ýene aglady. Ýöne ol başga gözýaş bilen aglanýan agy boldy... soň ol hasratly ýylgyrdy, Jiowan Battistiň ýokdugyna haýpy geldi, ýöne öňki manyda däl-de, başgarak manyda... Ýene az salym geçensoň, Jemma hem Sanin diýen iki sany agyr etmişli günäkär onuň aýaklarynyň öňünde dyza çöküp otyrdy. Frau Lenore bolsa gezek-gezegine olaryň başyny sypady. Ýene esli salym geçdi welin, iki juwan eýýäm enäni hem gujaklady hem ogşady. Jaýa girip, bolýan ýagdaýy gören Emiliň bolsa, haýran galmakdan ýaňa erni ernine gowuşmady. Ol haýdap geldi-de, bir nokada jem bolup ysnyşan topara goşuldy.

Içerä göz aýlan Pantaleone şol bir wagtda hem ýaňsyly ýylgyrdy, hemem ýüzüni çytdy, yzyndanam aňyrlygyna ýöräp, dükanyň daşky gapysyny açdy.

## XXX

Frau Lenoräniň lapykeçlikden tukatlyga, tukatlykdanam «ýuwaş köşeşmeklige» geçmek ýagdaýy diýseň çalt amala aşdy. Ýöne şol «ýuwaş köşeşme» pynhan hoşallyga öwrülmekde-de haýal-ýagallyk etmedi. Emma ol hoşallyk edep-ekramlylyk sebäpli, hemme tarapdan gizlin saklanýardy. Ilki tanşylan güni hem maňzyna batypdy welin, onuň özüne giýew boljakdygy hakyndaky pikir bilen ylalaşanyndan soň-a, frau Lenore Saninde göze dürtülip duran ýetmezçilik bardyram öýtmedi. Oňa garamazdan, onuň ýüzünde öýke-kine alamatynyň az-kem bardygy bolsa ýene şol ene edepliligi bilen baglydy. Üstesine-de, soňky günlerde bolup geçen wakalaryň hemmesi-de adatdan daşary zatlar ýalydy, özi-de yzly-yzynady, üsti-üstünedi... Aýal hökmünde, ene hökmünde frau Lenore Sanine her hili manydaky sowallar bilen ýüz tutmaga özüni borçly hasaplaýardy. Ertir irden Jemma bilen duşuşmaga giden wagty kellesinde oňa öýlenmek barada jinnek ýaly-da pikiri bolmadyk Sanin — dogrusy, ol mahal onda beýle maksat ýokdy-da, diňe keýpe gyzykmaklyk bardy — uly höwes hem taýýarlyk bilen öýlenjek ýigidiň keşbine girdi hem geljekki gaýynenäniň ähli sowallaryna döwtalaplyk bilen, jikme-jik jogap gaýtardy. Saniniň gelip çykyşy boýunça hakyky dworýandygyna göz ýetiren hem knýaz däldigine birneme geňirgenen frau Lenore agras görnüşe geçdi-de, onuň bilen ýüz görmän, açyk boljakdygyny «öňünden duýdurdy», beýle hereket etmekligi bolsa onuň mukaddes enelik borjundan gelip çykýandygyny aýtdy. Sanin frau Lenoreden şondan başga zada hem garaşmandygyny, gaýtam, gaty berk tutulmagyny, geçirimliligiň, ýüregi ýukalygyň bolmazlygyny çyny bilen haýyş etdi.

Saniniň soňky jogabyny eşiden frau Lenore jenap Klýuberiň (şol ady tutanda ol ýeňil dem aldy-da, dodaklaryny gysyp, gepiniň arasyny kesdi), Jemmanyň öňki adaglysy jenap Klýuberiň häzirem sekiz müň gulden pulunyň bardygyny, ýyl saýy hem ol sanyň köpelip gitjekdigini aýdyp, Saniniň näçe baýlygynyň bardygyny sorady.
— Sekiz müň gulden pul? — diýip, Sanin sesini süýndürip, aýdylan sany gaýtalady.
— Ol biziň pulumyzdan on bäş müň rubl assignasiýa[15] bolýar. Meniň girdejim ondan gaty az. Tula guberniýasynda çaklaňja mülküm bar... Hojalyk işleri gowy edilip ýola goýlanda-da, ol mülk hökman bäş ýa-da alty müň bermeli... Özüm şol işiň başynda dursam, gürrüňsiz, iki müň manat hak alaryn...
— Iş Russiýadamy? — diýip, frau Lenore sorady. — Beýle diýildigi, meň üçin Jemmadan aýra düşmek diýildigi bolýar-da?
— Bu işi gepleşikleriň üsti bilen düzetmek hem bolardy. Ýardam edip biljek tanyşlar hem bar... Şonda daşary ýurtlarda işlese bolýar. Ýene bir çykalga — şonuň bähbitli bolmagy-da ahmaldyr — mülkümi satyp, ele düşen puly hem, mysal üçin, siziň süýji-köke kärhanajygyňyzy kämilleşdirmäge harçlamak.
Sanin hakykata laýyk bolmajak zat aýdýandygyny duýmaýardy, ýöne kalby düşnüksiz batyrgaýlyk joşgunyndan dolup duransoň, haýbatly sözlerdenem saklanjak bolmaýardy. «Durmuşy gürrüňler» başlanaly bäri kä oturyp, kä otagda gezmeläp, ýene oturýan Jemma gözi düşende Sanin üçin müşgil zat bolmaýar; hemme meseläni hut şu mahalyň özünde gowy edip çözmäge taýýar. Esasy mesele Jemmanyň tolgunmazlygy...
— Jenap Klýuberem maňa kärhanany düzetmek üçin az-owlak pul bermekçidi — diýip, biraz ýaýdanyp oturanyndan soň, frau Lenore dillendi.
— Eje! Hudaýyň haky üçin... eje... — diýip, Jemma italýança gepledi.
— Men saňa düşünýän, ýöne beýle zatlar hakynda öňünden pikir alyşmaly, gyzym — diýip, enesi hem oňa italýan dilinde jogap gaýtardy.
Ol ýene Sanine ýüzlenip, Russiýada nika hakynda nähili kanunlaryň bardygy, Prussiýadaky ýaly katolik gyzlara öýlenmegiň gadagandygy ýaly kanunyň bardygy ýa-da ýokdugy bilen gyzyklandy[16]. Rus dworýanyna äre çykmak bilen öz gyzynyňam dworýan bolýandygyny bilen frau Lenoräniň kalbyna birneme kanagatlanma aralaşdy.
— Siz öňürti Russiýa gitmeli bolarsyňyz-a?
— Näme üçin gitmeli?
— Öz döwletiňizden rugsat almaly bolar ahyryn...
Sanin oňa rugsat almagyň, umuman, gerek däldigini, ýöne toýuň öň ýany, gysga wagtlygam bolsa, Russiýa gidip-gelmeli boljakdygyny düşündirdi (şol sözleri aýdanda onuň ýüregi ynjy bilen gysylyp gitdi. Ony synlan Jemma şeýle ynjynyň dörändigine düşünip hem gyzardy, hem oýa batdy) hem watanynda bolan wagty mülki satmagyň aladasyny etjekdigini, nähili bolaýanda-da, yzyna jübüsi ýeterlik pully dolanjakdygyny belledi.

---

[15]Assignasiýa — 1779-njy ýyldan 1848-nji ýyla çenli Russiýada ýörän kagyz pul (terjimeçiniň belligi.).
[16]Şol döwür, kyrkynjy ýyllarda tutuş Germaniýa prus häkimiýetiniň Kýöln ýepiskopy bilen garjaşyk nika sebäpli dawasyny entek ýatdan çykarmandy. — Awtoryň belligi.

— Menem geleniňizde mantilýu[17] üçin Astrahanyň gowy baganasyny getirmegiňizi haýyş edýärin — diýip, frau Lenore islegini beýan etdi. — Aýtmaklaryna görä, ol ýerde bagananyň hem hili gowumyşyn, hemem haýran galaýmaly arzanmyşyn.
— Size-de, Jemma-da gürrüňsiz getirerin! — diýip, Sanin jogap gaýtardy.
Goňşy otagyň gapysyndan kellesini görkezen Emil hem:
— Maňa bolsa eýlenen goýun derisinden kümüş sapak bilen tikilen papak getirersiňiz.
— Hökman. Pantaleonä-de köwüş getirerin.
— Bu zatlar nämä gerek? Nämä gerek? — diýip, frau Lenore belledi... — Biz häzir düýpli zatlar hakda gürrüň edýäs ahyryn... Ynha, ýene bir mesele... — diýip, hojalyk işinden başy çykýan aýal dowam etdi. — Siz mülküňizi satmakçy bolýaňyz welin, ony nädip satjak? Mülk bilen ondaky daýhanlaram bile satmaly bolarsyňyzmy?
Saniniň böwri sanjan ýaly bolup gitdi. Ol frau Rozelli bilenem, onuň gyzy bilenem öz kalbynda düýpli närazylyk döredýän daýhan hukugy hakynda, hiç mahal öz daýhanlaryny satmajakdygy, sebäbi beýle zady ahlaksyzlyk hasap edýändigi barada kän gezek gürrüň edendigini ýatlady.
— Men öz mülkümi hemmetaraplaýyn gowy adamdygyna gözüm ýetýän kişime sataryn — diýip, Sanin düşen ýagdaýyndan tiz çykalga tapdy. — Belki, daýhanlaryň özleri özlerini, mülk bilen bile satyn alarlar.
— Şol iň gowy çözgüt bolardy! — diýip, frau Lenore aýdylany goldady. — Ýogsam diri adamlary satmak...
— Wagşylar! — diýip, Emiliň yz ýanyndan gapyda görnen Pantaleone hüňürdedi-de, towugyň hüpügi ýaly saçyny silkip çykyp gitdi.
«Elhençlik!» diýip, içini gepleden Sanin assyrynlyk bilen Jemma seretdi. Ol Saniniň soňky sözlerini eşitmedige meňzeýärdi. «Zeleli ýok».
Şeýleräk mazmundaky gürrüňçilik tä nahar wagtyna çenli dowam etdi. Şoňa çenli frau Lenore-de ähli öýke-kinesini ýadyndan çykardy, indi Sanine-de Dimitriý diýip başlady, eden hilegärligi üçin «çäre» görjekdigini duýduryp, barmagyny çommaldyp, haýbat atan boldy. Ol Sanine garyndaşlary hakynda kän-kän sowal berdi — «olary bilmek örän wajyp». Frau Lenore toýuň nähili geçjekdigini, rus ybadathanasynda nikalaşygyň niçiksi ýagdaýda amala aşyrylýandygyny jikme-jik soraşdyrdy, gyzyny egni ak geýimli, başy altyn jygaly göz öňüne getirip, öňünden haýran galdy.
— Gyzym peri ýaly owadan ahyryn! — diýip, ol enelik buýsanjy bilen dillendi. — Beýle ajaýyp maşgala dünýäde ýokdur.
— Jahanda ikinji Jemma ýok! — diýip, Sanin hem öwgüniň üstüni ýetirdi.
— Hawa; ol şonuň üçinem Jemma-da!(Italýan dilinde Jemma sözi gymmatbaha daşy aňladýar).
Jemma ejesini öpmäge başlady. Çaky, ýüregine yza berip, agram salyp duran ýük indi hut şu mahal gerdeninden düşen ýaly, gyz uludan dem aldy.
Sanin bolsa birden özüni örän bagtyýar hasaplady. Ýap-ýaňy dört diwaryň arasynda aýlanyp eden arzuw-hyýallarynyň amala aşandygyny (amala aşdy ahyryn) ýatlanynda onuň kalby çaga begenji ýaly şatlyga doldy. Tutuş bedeni başdan-aýak şeýlebir tolgundy welin, ol salymyny bermän süýji-kökeli otaga bardy. Näme bolsa şol bolsun

[17]Aýallaryň gysga ýeňli ýapynjasy (terjimeçiniň beligi.).

edip, birnäçe gün mundan ozalkysy ýaly kapasanyň aňyrsynda durup, gabat gelen zat bilen söwda etmek isledi. «Indi meniň bu işlere gatyşmaga doly hakym bar. Indi menem bularyň özlerinden biri ahyryn!»
Dogrudanam, ol dükanyň kapasasynyň aňyrsyna geçdi, dogrudanam, söwda etmäge başlady, ýagny dükana gelen iki sany gyzjagaza bir funt süýji satdy. Ýöne ol bir funta derek iki funt süýji berip, ýarpy bahasyny alanyny hem aňşyrmady.
Nahar başynda Sanin adaglysy hökmünde, Jemmanyň gapdalynda oturdy. Frau Lenore özüniň durmuşy pikirlerini dowam etdi. Emil mahal-mahal gülýärdi, Sanina azar berýärdi, özüni Russiýa alyp gitmegini haýyş edýärdi. Sanin ýene iki hepdeden watanyna gitmeli diýen netijä gelindi. Diňe Pantaleonäniň ýüzi birneme gamaşykdy. «Ýene muňa araçy emin bolan adamam diýjeksiň!» diýip, frau Lenore oňa igendi. Pantaleone öý eýesine göz astyndan garady.
Jemma başdan-aýak dymyp oturdy diýen ýalydy, ýöne ol hiç mahal hut şu günküsi ýaly şeýle ajaýyp bolup görünmändi. Ol nahardan soň, Sanini bir minutlyk baga çagyrdy-da, üç gün mundan ozal ülje saýlanda oturan oturgyjynyň ýanynda aýak çekip, şeýle diýdi:
— Dimitriý, menden gaty görmäň welin, men size entek el-aýagyňyzyň bagly däldigini ýene bir gezek...
Sanin oňa sözüni soňlatdyrmady.
Jemma ýüzüni sowdy.
— Ejemiň ýatlan meselesi barada bolsa... ýadyňdamy... biziň dinimiziň başga-başgadygy hakynda oýlansaň, ynha...
Ol boýnundan asylgy bürünçden ýasalan haçy inçejik bagyndan üzüp aldy-da, Sanine uzatdy.
— Eger men seňki bolsam, seň diniňem meňki bolar!
Ikisi öýe dolanyp gelenlerinde-de, Saniniň begenç gözýaşynyň yzy entek bildirip durdy.
Agşamlyk hemme zat öňküsi ýaly boldy, hatda kart hem oýnaldy.

## XXXI

Ertesi Sanin örän ir oýandy. Ol adamçylyk sag-salamatlygynyň, durmuş eşretiniň iň ýokary derejesindedi. Ýöne oňa ukusyny doly almaga zeper ýetiren ol närseler däldi, başga meseledi. Ol mesele durmuşydy, agyrdy, ykbal bilen baglydy. Ol öz mülküni nädip örän tiz, nädip örän amatly satmaly? Ony biynjalyk edýän şol sowal. Onuň kellesindäki dürli-dürli ýordum bir-biriniň içinden eriş-argaç bolup geçýärdi. Ýöne olardanam entek netije ýokdy. Ol gezim etmek, tämiz howadan dem almak üçin daşaryk çykdy. Sanin Jemmanyň ýanyna eli boş barman, taýýar çözgüt bilen barmak isleýärdi.

***

Agyr göwreli, aýaklary tokga, şeýle-de bolsa, oňat geýnüwli iki tarapa çalarak çaýkanyp, süýrenibräk gelýän adam kimkä? Ak tüýleri hüžžerip duran ýeňseçukury, boýunsyz, egniň üstünde gönümel oturdylaýan ýaly kelläni, güberçek kebzäni,

sallanyp ýatan semiz elleri ol ozal nirede gördükä? Bäş ýyl bäri gözden uçan, pansionda[18] bile okan, köne ýoldaşy Polozowmyka? Öňden barýan göwräniň deňinden geçiberen Sanin gapdala garady... Ýasy ýüz, ak gaşly, ak kirpikli «doňuz göz», kiçijikden ýapbaşyk burun, soň ýelmenen ýaly bolup duran dodak, tegelek köseleç eňek — onuň tutuk, müňkürlik alamatly ýüz keşbiniň umumy görnüşi şulardan ybarat. Edil özi. Ol Ippolit Polozow!
Saniniň kellesine: «Ýene-de meň nesibäm çüwäýjekmikä?» diýen pikir geldi.
— Polozow Ippolit Sidorowiç! Bu senmiň?
Agyr göwre saklandy, kiçijik gözler bolşuna görä giňden açyldy, az wagtdan soň ýelimlenen ýaly dodaklar gymyldap, gyrykdan inçejik ses eşidildi.
— Dimitriý Sanin?
— Edil şol bolmaly! — Sanin onuň sarymtyl küljümek reňkli ýumşak gaýyş ellikli bir elini gysdy. Onuň elleri henizem ýogyn butlarynyň gapdalynda sallanyp ýatyrdy.
— Kän wagt bäri bu ýerdemiň? Nireden geldiň? Nirede düşlediň?
— Düýn Wisbadenden geldim — diýip, Polozow howlukman gepledi. — Aýalym üçin odur-budur almaly, şu günem yzyma, Wisbadene dolanmakçy.
— Indi ýadyma düşdi. Sen öýlenensiň-ow! Aýalyňam uçursyz görmegeý diýýäler!..
Polozow gapdala garady.
— Hawa, owadan-a diýýäler.
Sanin gülüp goýberdi.
— Syn edýän welin, seň edil öňküje bolşuň... pansiondakyň ýaly äwmezekligiň.
— Näme üçin üýtgemelimişim, eýsem?
— Aýtmaklaryna görä, seň aýalyň gaty baýmyşyn — diýip, Sanin «aýtmaklaryna görä» diýen sözleri aýratyn basym bilen aýtdy.
— Şonam-a diýýäler.
— Eýsem, Ippolit Sidorowiç, öz aýalyň baýdygyny-garypdygyny özüň bileňokmy?
— Men, doganjygym Dimitriý... Pawlowiç? — hawa, Pawlowiç! Aýal işlerine gatyşmaýaryn.
— Gatyşaňokmy? Hiç işine-de?
Polozow ýene nazaryny başga tarapa sowdy.
— Hiç işine gatyşamok, doganjyk. Ol öz aladasy bilen gümra, menem öz aladam bilen.
— Häzir sen nirä barýaň? — diýip, Sanin sowal berdi.
— Häzir men hiç ýere-de baramok. Köçede seň bilen gürleşip durun. Ikimiz hoşlaşanymyzdan soň bolsa, myhmanhana baryp naharlanaryn.
— Meni ýoldaş edip äkitmek isläňokmy?
— Sen ony naharlanmak babatda aýdýaňmy?
— Hawa.
— Şeýtsene! Baş üstüne! Iki bolsak, nahar şüweleňli iýler. Onsoňam sen ýaňra adamam däl-ä.
— Özüm-ä beýledirin öýdemok.
— Ýeri, bolýa-da.

[18]Russiýada bolan okuw-terbiýeçilik mekdebi (terjimeçiniň belligi.).

Polozow ýoluny dowam etdi, Sanin hem ýany bilen ýöredi. Polozowyň dodaklary ýene bir-birine ýelimlenen ýaly boldy, burnuny çekip myşşyldap dem aldy, çaýkanyp ädim urdy. «Bu töňňä hem owadan, hem baý aýal nädip sataşyp ýörkä? — diýip, Sanin pikir öwürdi. — Munuň özi-hä akyllam däl, baýam däl, tanymalam däl. Pansiondaka-da ysnat, gowşaksy hem körzehin oglanjyk hasaplanýardy. Ukudanam doýmaýan, hajymelik bolansoňam, «erni suwly» diýilýärdi. Indi welin... Durmuşda her hili geň-taňlyklar bolýa-da!
«Eger aýalyna örän baý diýýän bolsalar, ol daýhanlarynyň hukugyny özlerine satyp pul gazanan adamyň gyzy bolmalydyr. Belkem, ol meniň mülküme-de eýelik eder? Aýalynyň işine gatyşmadyk kişi bolan bolýar welin, muňa ynamam etmeli däl. Onsoňam men mülkümi aljaga-da bähbitli bolar ýaly ynam bilen nyrh kesjek ahyryn. Synanyşyp görmeli. Şu gün Polozowyň gabat gelmegi hem ýöne ýere däl bolaýmasyn! Gep gutardy. Synanyşyp görýän!»
Polozow Sanini Frankfurtyň iň gowy myhmanhanasyna, şonuň ýaly-da, elbetde, iň gowy otagyna alyp bardy. Otagyň içindäki stoldur, oturgyçlaryň üstünde karton guty, düwünçek, gapyrjak bary münder bolup durdy... «Bu zatlaryň ählisi Mariýa Nikolaýewnanyň sargytlary bolmaly, dogan!» (Ippolit Sidorowiçiň aýalynyň ady Mariýa Nikolaýewnady). Oturgyja özüni goýberen Polozow «Yssy halys aldy!» diýip zarynlady-da, ýakabagyny çözdi. Soň ol hyzmatçyny çagyryp, dürli-dümen nahar getirmeklerini buýurdy, yzyndanam: «Sagat birde paýtun taýyn bolsun! — diýip tabşyryk berdi. — Eşidýäňizmi, laýyk sagat birde!»
Hyzmatkär ýalynjaňlyk bilen baş egensoňam, gullara mahsus hereketler bilen gözden ýitdi.
Polozow keltekçesiniň iliklerini ýazdyrdy. Diňe ýaltalyk bilen gaşlaryny galdyryşyndan hem seňrigini ýygryşyndanam geplemegiň onuň üçin agyr ýük boljakdygyny myhman çaklady. Gürrüňdeşligiň agramyny öz boýnuna alarmy ýa-da öý eýesini geplemäge mejbur edermi diýen sowalyň Polozowy öňünden ýaýdandyrýandygyny aňmak bolýardy.
Ýoldaşynyň ýagdaýyna düşünen Sanin artykmaç sorag-ideg bilen oňa kän azar bermesiz etdi, diňe iň derwaýys zatlardan gep açmak bilen çäklendi. Ol Polozowyň iki ýyl atly goşunda gulluk edendigini, üç ýyl mundan ozal öýlenendigini, häzir Wisbadeniň hassahanasynda nämedir bir kemini bejerdýän aýaly bilen iki ýyl bäri daşary ýurtda ýaşap ýörendigini, soň Pariže gitjekdigini bildi. Sanin öz geçmiş durmuşyna, geljekki maksatlaryna aralaşyp durman, gepi esasy meselä, ýagny mülküni satmak meýliniň bardygyna syrykdyrdy.
Saniniň aýdýanlaryny sesini çykarman diňleýän Polozow käte-käte naharyň gelmeli ýeri bolan gapa tarap seredýärdi. Ahyr naharam geldi. Ýene iki sany kömekçisini hem ýany bilen getiren hyzmatkär kümüş gapakly tabaklarda dürli-dümen nahar alyp geldi.
Nahar stolunyň başyna geçip, köýneginiň ýakasyna öňlük tutan Polozow:
— Mülk diýýäniň Tula guberniýasyndamy? — diýip sowal berdi.
— Hawa, Tula guberniýasynda.
— Ýefremow uýezdinde... Bilýän.
— Sen meniň Alekseýewkämi bilýämiň? — diýip, Sanin hem stol başyna geçensoň sorady.

— Elbetde, bilýän — Polozow bir bölek trýufelli heýgenegi agzyna dykdy. — Şoňa goňşurak ýerde, Mariýa Nikolaýewnanyň, ýagny meniň aýalymyň mülki bar... Şol çüýşäniň agzyny açyň! (ol hyzmatkäre buýurýar). Meýdany az-ha däl. Ýöne seň daýhanlaň tokaýy ýatyrypdyrlar. Sen mülki näme üçin satjak bolýaň?

— Pul gerek, gardaş. Pul gerek. Nyrhyny ýokary hem kesmen. Şony sen alaýmaly ahyryn. Onsoňam...

Bir bulgur çakyry başyna çeken Polozow agzyny süpürdi-de, howlukman çeýnäp, şapbyldadyp nahar iýmäge başlady.

— Aý, geplediň-ow!.. Men mülk satyn almaýaryn. Harajat ýok... Şol mesgäni bärik uzat. Aýalym alaýmasa. Sen şoň bilen gepleş. Gymmat diýmeýän bolsaň, ol dandabam durmaz... Bolsa-da şu nemesler edil eşek ýaly. Balyk bişirmegi başarmaýarlar. Ýogsam şondan aňsat zat barmy! Ýene faterland, ýagny birleşmek diýen bolýarlar... Hyzmatkär, bu biderek zady aýryň!

— Eýsem, hojalyk işlerini seň aýalyň özi alyp barýarmy? — diýip, Sanin gyzyklandy.

— Özi alyp barýar. Ine, bu kotletler erbet däl. Iý!.. Men, Dimitriý Pawlowiç, aýalymyň hiç bir işine gatyşmaýandygymy aýtdym, ony saňa ýene bir gezek gaýtalaýan.

Polozow agzyny şapbyldatmagyny dowam etdi.

— Hümm... Ýöne men oň bilen nädip gepleşip bilerkäm, Ippolit Sidorowiç?

— Ol kyn iş däl, Dimitriý Pawlowiç. Wisbadene gidäýmeli. Bu ýerden gaty uzak hem däl... Hyzmatkär, sizde iňlisleriň ajy burçy ýokmy? Ýok-da? Haýwanlar... Ýöne mülk satjagyň çynyň bolsa, sen wagt ýitirme. Biz birigün ýolagçy. Rugsat et, men saňa bir bulgur guýaýyn: turşy däl, gowy çakyr, hoşboý ysy hem bar.

Polozowyň ýüzi hem janlandy hem gyzardy. Ol nahar iýende ýa-da içgi içende mydama-da şeýle bolýardy.

— Dogrudanam, men ony nähili etmelidiginem bilip baramok — diýip, Sanin samrady.

— Näme birden beýdip oda-köze düşüberdiň-le?

— Oda-köze düşmeli boldum-da, gepem şonda, gardaş.

— Gaty kän pul gerekmi?

— Kän... Men... men ony saňa nähili edip düşündirsemkäm? Men bir iş başyny tutdum... Öýlenmekçi bolýan.

Polozow agzyna ýetirip barýan bulguryny stoluň üstünde goýdy-da:

— Öýlenmekçi! — diýip, geň galmakdan ýaňa gyrlan ses bilen dillenensoň, possuk ellerini döşüniň üstünde goýdy. — Näme birden... Ýakyn wagtdamy?

— Hawa... bahym.

— Gelinlik Russiýada bolsa gerek?

— Ýok, Russiýada däl.

— Onda nirede?

— Şu ýerde, Frankfurtda.

— Kim ol?

— Nemes gyzy. Has takygy, italýan gyzy. Şu ýeriň ýaşaýjysy.

— Baýlygy barmy?

— Baýlyksyz.

— Beýle bolsa, söýgi çyn söýgi-dä?
— Sowalyň birhili bolýar. Elbetde, çyn söýgi.
— Saňa şoň üçinem pul gerekmi?
—He... hawa... hawa... he.
Polozow çakyryny içdi, agzyny çaýkady, ellerini ýuwup süpürgiç bilen gowy süpürdi, çilim otlandy. Sanin sesini çykarman, ony synlap oturdy.
— Bir çykalga bar — diýip, ýüzüni ýokaryk tutup, agzyndan inçejik tüsse goýberen Polozow mynny-mynny etdi. — Meň aýalymyň ýanyna bar. Eger ol islese, seň ähli aladaňy çöp döwen ýaly eder.
— Men seň aýalyňy nädip tapaýyn? Birigün gidýäs diýýäň-ä?
Polozow gözlerini ýumdy, çilimi dodaklarynyň arasynda oýnadyp, ahyram uludan dem aldy.
— Bilýäňmi, men saňa näme aýtmakçy bolýan? Öýüňe git-de, üst-başyňa biraz serenjam ber. Soňam bärik gel. Men sagat birde ugraýan. Paýtunym giň. Seni ýanym bilen alyp gideýin. Şondan gowusy bolmaz. Indi bolsa biraz ýataýyn. Men, doganjygym, nahar iýdigim, ýataýmalydyryn. Ýagdaýym şony talap edýär, menem oňa päsgel beremok. Senem maňa päsgel berme.
Sanin oýlana-oýlana, birden başyny galdyrdy. Ol aýdylany goldady.
— Ýagşy, men razy, minnetdar. Sagat biriň ýarynda men şu ýerde. Ikimiz Wisbadene ugraýas. Aýalyň ýanyň adamly baranyňy halaman durmaz-a hernä?
Eýýäm irkilip başlan Polozow: «Päsgel berme!» diýip, gümmi-sümmi etdi, aýaklaryny gymyldatdy, çaga ýaly bolubam uka gitdi.
Sanin onuň agyr göwresine, kellesine, boýnuna, togalak alma meňzäp ýokaryk galyp duran eňegine ýene bir gezek nazar aýlansoň, myhmanhanadan çykdy-da, çalasyn ädimler bilen Rozellileriň dükanyna tarap ugrady. Ýagdaý bilen Jemmany habardar etmek gerekdi.

## XXXII

Sanin baranda Jemma bilen ejesi süýji-köke otagynda ekeni. Frau Lenore bilini epip, ýygnalýan kiçijik ölçeg bilen penjireleriň arasyny ölçäp durdy. Ol Sanine gözi düşensoň, dikeldi-de, keýpiçag bolsa-da, az-kem tolgunmak bilen salamlaşdy.
— Düýnki eden gürrüňlerimizden soň, dükanymyzy gowulandyrmak hakyndaky pikir kellämden çykanok — diýip, frau Lenore dillendi. — Ine, şu ýerde men iki sany aýna tekjeli şkaf goýmalymyka öýdýärin. Bilýäňizmi, şeýle şkaf häzir hemme ýerde ýoň bolupdyr. Ondan soňam ýene...
— Örän oňat, örän oňat! — diýip, Sanin onuň gepiniň arasyny böldi. — Ol zatlary nähili etmelidigi hakynda oýlanmaly... Ýöne, hany, bärik geliň, men size bir zat aýdaýyn.
Ol Jemmany-da, frau Lenoräni-de ellerinden tutup, beýleki otaga alyp bardy. Birneme tolgunan frau Lenore aljyrap, ölçegini elinden gaçyrdy. Jemma-da tolgunmagyň bäri ýanyndady welin, Sanine dykgat bilen seredeninden soň köşeşdi. Dogry, Saniniň ýüzi aladalydy, şol bir wagtyň özünde-de ruhubelentlik hem hyjuwlylyk alamaty duýulýardy.

Ol eneli gyzyň ikisine-de oturmagy haýyş etdi, özi bolsa olaryň öňünde durup, ellerini saçynyň hüžžerip duran ýerine çenli kelemenledip, bolan wakalaryň hemmesini — Polozow bilen duşuşyk, bile Wisbadene gitmeli bolandygy, mülki satmak mümkinçiliginiň döräýmegi barada aýtdy.
— Meň bagtymyň çüwendigini siz göz öňüne getirip görüň! Mülk meselesi bilen maňa Russiýa gitmek zerurlygynyň-da bolmazlygy ähtimaldyr. Netijede, toýy hem meniň çaklaýan wagtymdan bärräkde edip bolar.
— Siz haçan gitmeli? — diýip, Jemma sowal berdi.
— Şu günüň özünde — ýene bir sagatdan. Tanşym paýtun buýrupdyr, şol hem meni alyp gidýär.
— Netijesini bize ýazarmysyňyz?
— Şol aýal bilen gepleşen badyma, men size hat ýazaryn.
— Ol örän baý diýýäňizmi? — diýip, durmuş tejribesi kän frau Lenora köp manyly sowal berdi.
— Çakdanaşa baý! Onuň millioner atasy ähli emlägini gyzyna goýupdyr.
— Hemmesini diňe şoň ýeke özünemi? Şeýle bolsa, siziňem bagtyňyzyň getirdigi. Ýöne mülküňize pes nyrh kesmäň. Tutanýerli boluň, paýhasly boluň. Başga zada güýmenmäň. Men bilýän, siz tizräk Jemma öýlenmegiň aladasynda... Ýöne ägä bolmaklyk hemme zatdan zerurdyr. Mülki näçe gymmat satyp bilseňiz, ikiňize hem çagalaryňyza şonça-da kän miras galjagyny unutmaň.
Jemma aňyrsyna bakdy, Sanin ýene ellerini kelemenletdi.
— Meniň ägäligime siz bil baglap bilersiňiz, frau Lenore. Mülküň bahasy üçin çekeleşige-de girmen. Hakyky bahany aýdaryn. Unasa-ha gowy, unamasa-da, jany sagbolsun!
— Siz oň bilen... ol aýal bilen tanyşmysyňyz? — Bu gezek Jemma sowal berdi.
— Henize çenli men onuň ýüzünem göremok.
— Siz haçan yza dolanýaňyz?
— Mesele oňuna çözülmese-hä, birigün gelerin, çözülse-de, bir ýa iki gün eglenmeli bolar. Nähili-de bolsa, bir minutymy-da dereksiz sarp etmen. Men bu ýerde öz janymy goýup gidýän ahyryn! Siz bilen gürleşip, esli wagtymy hem ýitirdim, men ugramazymdan öň öz jaýyma-da degip geçmeli. Işimiň rowaç bolmagy üçin maňa eliňizi beriň, frau Lenore! Bizde, Russiýada mydama şeýdýäler?
— Sag elimi, çep eli?
— Çep eli. Ol ýürege ýakyn-da. «Tilki ýa gurt bolup» birigün dolanaryn. Maňa bir duýgy ýeňiji bolup geljekdigimi ynandyrýar. Sag boluň, meniň ezizlerim, meniň ýakynlarym!
Ol frau Lenoräni gujaklap, öpdi, Jemmadan bolsa, oňa aýtmaly örän wajyp gepiniň bardygy sebäpli, bir minutlyk öz otagyna geçmegini haýyş etdi. Ol diňe Jemma bilen ikiçäklikde hoşlaşmak isläpdi, başga gep ýokdy. Frau Lenore Saniniň maksadyna düşünýärdi, şonuň üçinem derwaýys gepiň nämedigi bilenem gyzyklanjak bolmady...
Sanin henize çenli Jemmanyň jaýyna-da girip görmändi. Şonuň üçinem arzyly bosagadan ätlenen badyna söýginiň ähli maýyl edijiligi, tutuş gyzgynlygy, täsinligi, şirin howry onuň bedeninde lowlap ýandy, kalbyna atylyp girdi. Sanin töwerege mähirli nazar aýlady, mylaýym gyzyň aýagyna ýykylyp, ýüzüni onuň syratly bedenine basdy...

— Sen meňkimi? — diýip, gyz pyşyrdady. — Sen bahym gelermiň?
— Men seňki... men gelerin — diýip, hopugyp dem alýan Sanin pert jogap gaýtardy.
— Men saňa garaşaryn, ezizim!
Kän wagt geçmänkä, Sanin eýýäm öz jaýyna tarap ylgap barýardy. Ol edil yz ýanyndan dükanyň gapysyndan haýdap çykan aljyraňňy Pantaleonäniň bir zatlar diýip gygyranynam eşitmedi, haýbat atýan ýaly bolup, ellerini ýokarda galgadýanynam görmedi.

***

Sanin göni on bäş minuty kem birde Polozowyň ýaşaýan ýerine geldi. Myhmanhananyň derwezesiniň öňünde dört at goşulan paýtun durdy. Sanini gören Polozow diňe: «He, ýüregiňi bire baglapsyň-da!» diýdi. Ol başgabyny, şinelini, galoşyny geýdi-de, daşarda tomsuň howasy bolsa-da, sowukda ulanylýan nah kagyz bilen gulagyny hem ýapyp, eýwanjyga çykdy. Hyzmatkärler onuň görkezmesi bilen satyn alnan kän sanly sargytlary paýtuna ýerleşdirdiler, oturjak ýerine çenli ýüpek daşly ýassyjak, goşhalta, düwünçek baryny, aýagynyň gapdalynda içi iýmek-içmekden doly gap goýuşdyrdylar, paýtunçynyň oturgyjyna-da çemedanlary daňyşdyrdylar. Polozow hyzmatkärlere tarhanlyk bilen çaý puly berdi, gulluga gaýym gapy sakçysy yz tarapyndan hormat bilen gop berensoň, hyklap paýtuna mündi, töweregindäki zatlaryň hemmesini basyşdyryp, ýerine geçdi, çilim otlandy. Ol diňe şondan soň «Senem münäý!» diýýän ýaly Sanine barmagy bile yşarat etdi. Sanin onuň gapdalynda oturdy. Polozow gapy hyzmatkäriniň üsti bilen paýtunça kireý hakyndan başga arak pul hem almak isleýän bolsa, ulagy rahat sürmelidigini aýtdy. Tigirleriň jygyldysy peýda boldy, gapy ýapyldy, paýtun ýola düşdi.

## XXXIII

Frankfurtdan Wisbadene otly bilen gidilende, ýol bir sagada golaý wagt alýar. Ekstra-poçta bolsa ol aralygy geçmek üçin üç sagat töweregi gerek bolýar.
Atlary ýolda bäş gezek dagy çalşyrdylar. Agzy çilimli Polozow irkilýärmidi ýa-da şeýdip çaýkanyp oturýardymy, barybir, az gepleýärdi. Ol daşaryk ýeke gezegem göz aýlamady, tebigatyň gözelligi bilenem gyzyklanmady. Üstesine-de, ol tebigaty özüniň başyna ýetjek ölüm hasaplaýardy. Sanin hem dymýardy, töwerek bilenem hoşy ýokdy, başga alada ýetikdi. Ol tutuşlygy bilen ýatlamalaryň hem oýlanmalaryň dünýäsindedi. Polozow duralgalarda hakyna jürlük bilen hasaplaşyk geçirýärdi, wagty sagat bilen ölçeýärdi, ýardamçylara — azmy, känmi — eden hyzmatlaryna görä hakyny berýärdi. Ol orta ýola ýetilende ir-iýmişli gapdan iki sany pyrtykal çykardy-da, gowusyny özi alyp, beýlekisini Sanine hödürledi. Ýoldaşyny dykgat bilen synlan Sanin birdenem gülüp goýberdi.
— Nämä güldüň? — diýip, ak dyrnaklarynyň kömegi bilen pyrtykalyň daşyny gowy edip ardyp oturan Polozow sowal berdi.
— Nämä gülenimi soraýaňmy? Ikimiziň syýahat edişimize gülýän.
— Güler ýaly näme bar? — diýip, pyrtykalyň etliräk bir bölegini agzyna gönderen Polozow gyzyklandy.

— Bu syýahat örän geň. Dek düýnüň özünde, edil Hytaý imperatory barada pikir etmeýşim ýaly, seni hem ýatlamandym. Bu gün bolsa ikimiz, ony asla tanamaýanam bolsam, meniň mülkümi satmak üçin seň aýalyň üstüne gidip barýarys.
— Jahanda her hili zat bolýandyr! — diýip, Polozow jogap berdi. — Uzagrak ýaşasaň, kän zada sataşarsyň. Mysal üçin, sen meni serkerdäniň öňünden geçip barýan esger diýip göz öňüne getirip bilermiň? Men şeýle esger bolup gördüm. Beýik knýaz Mihail Pawlowiç bolsa: «Gorgun sür, şol semiz kornet gorgunyna sürsün! Gatyrak gorgunlat!» diýip buýruk berýärdi.
Sanin gulagynyň ýeňsesini gaşady.
— Seň aýalyň niçiksi adam bolmaly, Ippolit Sidorowiç? Hüý-häsiýeti nähilidir? Men ony bilsem gowy-da.
— Oňa «Gorgunyna sür!» diýip buýruk bermek aňsat — diýip, Polozow garaşylmadyk gyzmalyk bilen gepledi. — Eýsem, meň üçin nähili? Men içimden: «Serkerdelik derejäňiz bilen seçekli pagonyňyz özüňize nesip etsin, maňa olar nämä gerek» diýýän... Wiý, sen asyl meň aýalym hakda soradyňmy? Aýalymmy? Hemme adam ýaly adam olam. Ýöne agzyna barmagyňy welin sokma. Şony ol halamaýar. Iň esasy zat, nämedir bir zadyň üstünden güleri ýaly, köpräk ýaňra. Öz söýgiň hakda aýtmalymy... täsinräk bolsun-da... özüň bilýäň.
— O nähili täsinlik?
— Gyzykly-da. Sen maňa birine aşyk bolandygyňy, öýlenmekçidigiňi gürrüň beripdiň ahyryn? Sen, ana, şo zatlary suratlandyryber.
— Sen o gürrüňden nähili gülkünç zat tapýaň? — diýip, Sanin gaty görjek boldy.
Polozow diňe gözüni aýlady. Onuň eňegine pyrtykalyň suwy syrykdy.
— Seni Frankfurta zat almaga aýalyň iberdimi? — diýip, az salym geçensoň, Sanin ýene sowal berdi.
— Edil özi.
— Onsoň sen nämeler aldyň?
— Belli zat — birtopar oýunjak.
— Oýunjak? Seň çagaňam barmy?
Polozow, hatda Saninden biraz çekildem.
— Ana! Çaga nireden bolsun mende... Oýunjak diýýänimem aýallara gerek zatlar. Özüni bezemek üçin ýüze-göze çalynýan närseler.
— Näme, seň ol zatlardanam başyň çykýamy?
— Çykýa.
— Onda näme «Aýalymyň işlerine gatyşamok» diýdiň?
— Şondan gaýry işine goşulamok. O zatlar hiç-le, hälki bir, içiň gyssa güýmenjelikdä. Şo meselede aýalymam meniň edenimi goldaýa. Men söwda etmäge-de ökde.
Polozow indi sözleriniň arasyny bölüp-bölüp gepleýärdi, ýadapdy.
— Aýalyň gaty baýmy?
— Baýlygyna-ha baý welin, esasan, özi üçin baý.
— Oňa garamazdan, senem garyplykdan zeýrenip ýöreňok dälmi?
— Baý aýalyň äri bolup garyplykdan zeýrenilermi? Men nä ol baýlykdan peýdalanmaly dälmi?! Onsoňam men oň üçin bähbitli adam ahyryn. Meň bilen ýaşamak oňa ýeňil, hezil. Men oň üçin amatly.

Polozow ýukajyk ýüpek ýaglyk bilen ýüzüni çaldy-da, uludan haşşyldady. «Maňa haýpyň gelsin. Indi beri geplemäge mejbur etme. Maňa geplemegiň kyn düşýändigini özüň görüp dursuň-a!»
Oňa päsgel bermek islemedik Sanin, ýene pikire çümdi.

***

Paýtunyňgelip öňünde saklanan Wisbadendäki myhmanhana özüne köşkdür öýtdürýärdi. Derrew onuň içindäki jaňlar jaňňyrdady, aljyraňňy gaýda-gaýmalaşyk başlandy, gara frakly, edepli adamlar esasy girelgäniň öňünde begenişip durdular, üst-başy altyn öwsüp lowurdaýan nobatçy haýdap gelişine, paýtunyň gapysyny açdy. Söweşden ýeňiş bilen dolanyp gelen serkerdä meňzän Polozow haly düşelen, hoşboý ys gelip duran basgançak bilen ýokaryk ädimläp ugrady. Örän kaşaň geýnüwli, ýüz keşbi rus adamlarynyňka meňzeş biri onuň ýanyna haýdap geldi. Ol Polozowyň ýan kömekçisidi. Polozow oňa indi nirä gitse-de, ýanyndan goýmajakdygyny aýtdy. Sebäbi düýn Frankfurtda özüni tutuş gije ýyly suwsuz goýupdyrlar. Beýle habary eşidip, haýrangalyjylyk duýgularyna gaplanan kömekçi çalasynlyk bilen eglip, onuň galoşyny çykardy.
— Mariýa Nikolaýewna öýdemi?
— Öýde. Üst-başyna serenjam berýär. Grafinýa Lasunskaýalara nahara gitmekçi.
— Hä, olara diýsene!.. Saklan! Paýtunda zatlar bardyr. Hemmesini özüň düşür, özüň elt. Sen bolsa, Dimitriý Pawlowiç — Polozow Sanine ýüzlendi. — Özüňe bir otag edin-de, ýene kyrk bäş minutdanam gel. Bile nahar edineris.
Polozow aňyrlygyna gitdi, Sanin bolsa özüne ýönekeýräk otag berilmegini haýyş etdi. Ol üst-başyna seredip, az-kem dynç hem aldy, soňam onuň alyhezreti *(Durchlaucht)* knýaz fon Polozof tarapyndan eýelenen äpet otaga tarap ugrady.
Sanin knýazy mähnet otagda, diýseň kaşaň mahmal örtülen kürsüde abşarylyp, gomparylyp oturan ýerinden tapdy. Saniniň hemme zada göwnübir, parhsyz duýgy bilen garaýan ýoldaşy eýýäm suwa düşünmäge-de ýetişip, atlazdan tikilen öý ýapynjasyna çolanyp otyrdy, kellesinde bolsa, käbir arap ýurtlarynda geýilýän depesi çüri feska diýilýän başgaby bardy. Sanin golaýlaşdy-da, ony esli salym synlady. Polozow butparazlaryň hudaýynyň heýkeline meňzäp, doňan ýaly bolup oturyşyna, Sanine tarap ýüzünem öwürmedi, hatda gaşlarynam gymyldatmady, ses-üýnem çykarmady. Beýle görnüş diýseň beýik dabaralylykdy. Iki minut çemesi ony synlap, keýp çeken Sanin bir zatlar diýip, bu mukaddes ümsümligi bozmak islände, goňşy otagyň gapysy birden açylyp, bosagada ak ýüpek köýnegi örme gara nagyşly, elleri, boýny göwher monjukly ýaş, owadan zenan — Mariýa Nikolaýewna Polozowanyň hut özi peýda boldy. Onuň örülen, ýöne ýokaryk ýygnalmadyk gür mele saçlary iki çekgesinden dökülip durdy.

## XXXIV

— Ah, bagyşlaweriň! — diýip, bir tarapky saçynyň ujuny derrew eline alan zenan az-kem utançly, az-kem ýaňsyly ýylgyryp, ullakan mele gözlerini Sanine dikdi. — Men sizi eýýäm gelensiňizem öýtmändim.

— Sanin Dimitriý Pawlowiç! Meniň oglanlyk ýoldaşym — diýip, Polozow ýerindenem turman, öňki oturyşyny hem üýtgetmän, myhmanhana diňe barmagyny çommaltdy.
— Bilýän. Sen eýýäm maňa ol hakda aýdypdyň. Tanşanymyza begenýän. Ýöne, Ippolit Sidorowiç, senden bir zat haýyş etmek isleýän... Hyzmatkärimiň şu gün, birhili, iş bilen seri ýok ýaly...
— Seň saçyňy tertipleşdirmelimi?
— Hawa, bildiň. Haýyş edýän... Bagyşlaň! — diýip, Mariýa Nikolaýewna öňki ýylgyryşyny gaýtalap, Sanine başyny atdy-da, yzyna çalt aýlanyp, näzik boýnunyň, owadan eginleriniň, ajaýyp bedeniniň ýakymly duýgusyny gapynyň bärsinde galdyryp, özi aňyrsynda gözden ýitdi.
Polozow ýerinden turdy-da, iki tarapa çaýkanyp, aýalynyň çykan gapysyna tarap ýöneldi.
Sanin özüniň bu ýere gelmegi bilen Mariýa Nikolaýewnanyň öňünden mazaly habardar edilendigine asla ynanmazçylyk etmedi. Ähli oýnuň manysy onuň saçyny güjeňlemek islegi bilen baglydy. Mariýa Nikolaýewnanyň saçy welin, dogrudanam, ajaýypdanam ajaýypdy. Hanym Polozowanyň eden ojagaz oýnuna Sanin öz ýanyndan begenmänem durmady. Belkem, meni haýran etmek, maňa görünmek isländirler. Belki. Kim bilýär! Belki-de, şeýdip, mülki arzanrak almagyň kül-külüne düşýändirler. Saniniň kalbynda bolsa Jemmadan gaýry hiç bir zenana orun ýokdy, başga zenanlar onuň üçin manysyzdy, olar çala gözüne ilýärdiler. Ine, bu gezegem ol diňe: «Bu zenan-a hiç neneň däldir» diýip baha berip, dogry aýdan ekenler — diýmek bilen çäklendi.
Eger şu mahalkysy ýaly adatdan daşary ruhy joşgunda bolmadyk bolsa, Sanin, megerem, başgaça oýlanardy. Çünki Mariýa Nikolaýewna Polozowa — durmuşa çykmanka Kolyşkina — örän ajaýyp maşgalady, ajaýyplygy bolsa barypýatan owadanlygy sebäpli hem däldi-de, aslynyň gelip-çykyşy bilen baglydy. Mariýa Nikolaýewnanyň aňyrsy knýazdan, dworýandan bolman, aşaky, garamaýak gatlakdandy. Sada gatlagyň hüý-häsiýetlerindenem, daş sypatyndanam oňa geçen zatlar kändi: maňlaýy dardy, burny az-kem etlegräkdi hem çalarak jaýtarlyp durdy. Ýüzüniň hamynyň näzikligi, el-aýaklarynyň enaýylygy bilenem onda öwnere zat ýokdy. Beýle ýagdaýdan nähili many çykýar? Mariýa Nikolaýewnanyň Puşkiniň aýdýan «gözellik keramatynyň» däl-de, rusuňky ýalymy, syganyňky ýalymy gujurly bedeniniň maýyl ediji çuňňur mähirliliginiň öňünde gabat gelen adam... onuň özi-de aýak çekerdi.
Ýöne Jemmanyň keşbi, şygyr ýazýanlar aýtmyşlaýyn, üç gat sowuda öwrülip, Saniniň daşyny goraýardy.
On minut çemesi geçensoň, Mariýa Nikolaýewna adamsy bilen ýene peýda boldy. Ol Sanine tarap gaýtdy. Onuň şeýlebir ýöreýşi bardy welin, şuňa meňzeş ýöreýişler bireýýäm dünýeden ötüp giden käbir ýeňles adamlaryň kalbyny hem lerzana getiren bolmalydy. Olardan biri: «Ol zenan saňa tarap gaýdanda, durmuşyňdaky bagtyýarlygyň hemmesini özi bilen alyp gelýär» diýerdi. Ol Sanine elini uzatdy-da ýakymly, birneme goýry äheň bilen rusçalap: «Siz maňa garaşarsyňyz ahyryn, şeýle dälmi? Men tiz dolanaryn» diýdi.

Sanin hormat bilen baş egdi, Mariýa Nikolaýewna bolsa daşky gapynyň galyň tutusynyň aňyrsyna dulanyberende, egniniň üstaşyry yzyna garap, ýene ýylgyrdy we çykyp barýan otagynda ýakymly duýgy galdyrdy.

Ýylgyran wagty onuň her ýaňagynda bir däl, iki däl, tutuş üç çukurjyk emele geldi, dodaklaryndan al öwüsýän, çep tarapy kiçijik haljagazly ýaýbaň dodaklaryndan beter gözleri gülýärdi.

Polozow otaga kürsäp girdi-de, ýene özüni kürsä goýberdi. Ol öňküsi ýaly dymýardy, ýöne mahal-mahal peýda bolýan kinaýaly täsin ýylgyrmasy reňksiz, eýýäm ýygyrt düşüp ugran ýaňaklaryny ýellendirýärdi.

Polozow Saninden bary-ýogy üç ýaş uly hem bolsa, garry kakuw görünýärdi.

Polozowyň myhmanyna hödürlän nahary iýmek-içmäge gezek gelende gaty talapkär kişileri-de kanagatlandyrmalydy, ýöne Sanin welin, ony soňy gelmeýän, iýerligi bar owkat hökmünde kabul etdi. Polozow «tagamyny bilmek bilen, nahara düşünmek bilen, tertip bilen, gabyň üstüne dykgatly eglip, alan her bölek zadyny diýen ýaly ysgap, öňürti hem çakyr bilen agzyny çaýkansoň, dodaklaryny şapbyldadyp, agzyna salanyny ýuwudýar. Gyzgyn nahar iýilmäge başlananda ol birden gepläp ugrady. Näme barada? Merinos diýilýän inçe ýüňli goýundan tutuş bir sürüsini edinmek hakynda. Özi-de her ady, her sözi mylaýym sesi bilen süýjüdip, jikme-jik gürrüň etdi. Gaýnap duran suw ýaly gyzgyn kofeni içip, öňki gezek buz ýaly, edil buz ýaly kofe berlendigini gözýaşlynyň, janyýangynlynyň sesi bilen hyzmatkäre birnäçe gezek duýduryş etdirensoň, gawana çilimini gyşyk sary dişleriniň arasynda gysyp, adaty endigine görä, oturan ýerinde irkildi. Polozowyň irkilmegi halys göwnünden turan Sanin bolsa, ýumşak halynyň üstünde iki ýana ýuwaş gezmeläp, Jemma bilen nähili ýaşajakdygynyň arzuwyna çümdi hem oňa niçiksi jogap alyp barjakdygynyň pikirini etdi. Ýöne Polozow, öz aýtmagyna görä, adaty ýatmaly wagtymy ýatman — ol bary-ýogy sagat ýarymjyk uklapdy — oýandy, hyzmatkäriň getiren gögümtil gara reňkli hakyky «kiýew» çüýşe gabyndaky, öz aýtmagyna görä, «şonsuz oňmaýan» miwe balyndan, rus miwe balyndan sekiz çemçesini bokurdagyndan geçirdi, bir bulgur buzly zelter suwuny içdi. Şondan soň ol gabagy çişip giden gözüni Sanine tarap aýlady-da, onuň kart oýnasynyň gelýäni-gelmeýäni bilen gyzyklandy. Sanin Polozowyň öňki agdyk düşen naharyň üstesine ýene ýagly guýruk, guzy etini, ýaroçka[19] dagy getirilmegini buýraýmazy ýaly, derrew kart oýnalmagyna razy boldy.

Öý eýesi bilen onuň ýoldaşy myhman otaga geçdi. Hyzmatkär kart getirdi. Oýun başlandy, elbetde, pulsuz oýun başlandy.

Ol azarsyz-zepersiz sada güýmenjäniň üstüne-de grafinýa Zasunskaýalara myhmançylyga giden Mariýa Nikolaýewna geldi. Ol otaga giren badyna kart oýnalýan lomber stoluna gözi düşüp, çasly gülüp goýberdi. Sanin böküp ýerinden turdy, ýöne Mariýa Nikolaýewna:

— Oturyň, oýnaberiň! — diýdi. — Eşiklerimi çalşyrnamsoň, menem ýanyňyza gelerin. — Ol köýnegini şowurdadyp gidip barýarka, elliklerini çykaryp gözden ýitdi.

Mariýa Nikolaýewna, dogrudanam, derrew dolandy. Ol öňki kaşaň geýimini melewşe reňkli, sallanyp ýatan açyk ýeňli ýüpek üstköýnegi bilen çalşyrypdy, biline bükdürilen ýüp aýlapdy. Owadan zenan äriniň ýanynda oturdy-da, ol utulýança

[19]Ýaroçka — işşek goýnuň etinden bişirilýän nahar (terjimeçiniň belligi.)

garaşyp: «Hany, pökgüje («pökgüje» sözüni eşiden Sanin Mariýa Nikolaýewnanyň ýüzüne haýran galyjylyk bilen seretdi, ol bolsa myhmanyň manyly nazaryna keýpli ýylgyryş bilen jogap gaýtaryp, owadan ýaňaklaryndaky çukurjyklary görkezdi), seňki boldy indi. Syn edýän welin, seň ukyň tutýan ýaly. Elimi öp-de, gidiber. Biz jenap Sanin bilen ikiçäk gürleşeris.
— Ukym-a gelip duranok welin... — diýen Polozow agyr göwresini zordan kürsüden göterdi. — Gitmeli bolsa giderin, eljagazyňam ogşaryn. — Aýaly Sanine seredip, ýylgyrmasyny dowam edip oturyşyna, ärine eliniň aýasyny uzatdy. Polozow hem Sanine seretdi, ýöne, sagbollaşman çykyp gitdi.
— Aýdyberiň, aýdyberiň! — diýip, ýalaňaç tirseginiň ikisini-de birmahalyň özünde stola diräň Mariýa Nikolaýewna bir eliniň dyrnaklaryny beýleki eliniň dyrnaklaryna irginsizlik bilen urup oturyşyna, gyssanýan ýaly çalt gepledi. — Size öýlenýär diýýänleri çynmy?
Şol sowaldan soň, Mariýa Nikolaýewna Saniniň gözlerine gowy seretmek üçin, hatda kellesini-de biraz gapdala gyşartdy.

## XXXV

Adamlar bilen gatnaşyp, durmuşynda käbir çarşenbäni başyndan geçirmedik bolsa hemem dörän ýagdaýdan öz işiniň bähbidini aramasa, hanym Polozowanyň edepsiz hereketleri Sanini birbada düýrükdirerdi. «Bu baý aýalyň ynjyk häsiýetlerine çydamaly bolar» — diýip, oýlanan Sanin öý eýesiniň erkinlik bilen berýän sowallaryna onuň öz äheňinde jogap gaýtardy.
— Hawa, men öýlenmekçi.
— Kime? Daşary ýurtlumy?
— Hawa.
— Siz oň bilen täzelikde tanyşdyňyzmy? Frankfurtdamy?
— Edil aýdyşyňyz ýaly.
— Kim ol? Kimdigini bilmek mümkinmi?
— Mümkin. Ol süýji-kökeçiniň gyzy.
Mariýa Nikolaýewnanyň gözleri hanasyndan çykaýjak bolup gaşlary gerildi.
— Täsin ýagdaý! — Ol howlukman gepledi. — Örän täsin ýagdaý! Men siz ýaly ýaş ýigitler jahanda indi gabat gelmez öýdýärdim. Süýji-kökeçiniň gyzy!
— Görýän welin, ol ýagdaý sizi geňirgendiräýýän ýaly — diýip, Sanin öz mertebesini hem kiçeltmän dillendi. — Birinjiden-ä, mende beýle yza galak düşünje ýok...
— Birinjiden-ä, ol ýagdaý meni asla-da geňirgendirmeýär — diýip, Mariýa Nikolaýewna gürrüňdeşiniň gepiniň arasyny böldi. — Mende-de köne düşünje ýok. Özümem daýhan gyzy. Düşünýäňizmi? Meni adamyň söýmekden gorkmaýandygy hem geňirgendirýär, hem begendirýär. Siz ony söýýänsiňiz ahyryn?
— Hawa.
— Görk-görmekli maşgalamy?
Soňky sowal Saninde az-kem ýakymsyz duýgy döretdi... Oňa garamazdan, yza gaýdylmady.

— Bilýäňizmi, näme, Mariýa Nikolaýewna, öňýeten adam öz söýenini başgalardan owadan hasaplaýar. Ýöne meň gelinligim welin, dogrudanam, örän ajaýyp.
— Hakykatdanam, şeýlemi? Haýsy manyda? Italýanlaryň düşünjesi bilenmi, antikleriňki bilenmi?
— Hawa. Ol örän owadan.
— Ýanyňyzda suraty ýokmy?
— Ýok.
(Ol mahallar fotografiýa diýilýän zat bilinmeýärdi. Dagerrotipler ýaňy ýaýrap başlapdy. — Ýazaryň belligi).
— Gelinligiň ady näme?
— Ady Jemma.
— Siziňki näme?
— Dimitriý.
— Ata tarapdan?
— Pawlowiç.
— Bilýäňizmi, näme — diýip, Mariýa Nikolaýewna gep ugruna öňküleri ýaly haýallyk bilen aýdyp goýberdi. — Size synym oturýar, Dimitriý Pawlowiç, Siz gowy adamsyňyz. Hany, maňa eliňizi beriň. Ýakyndan tanşalyň!
Ol owadan, ak, güýçli barmaklary bilen Saniniň elini mäkäm gysdy. Onuň eli Saniniňkiden juda kiçidi, emma has gyzgyndy, tekizdi, ýumşakdy.
— Ýöne meniň kelläme nähili pikir gelýändigini bilýäňizmi?
— Nähili pikir?
— Gaty görmersiňizmi? Hä? Siz oňa öz gelinligim diýýäňiz. Beýle agyr ädimi ätmek eýsem... eýsem, hökman gerekmidi?
Sanin ýüzüni çytdy.
— Men size düşünmeýärin, Mariýa Nikolaýewna.
Mariýa Nikolaýewna ýuwaşja güldi-de, kellesini silkip, ýaňagyna dökülen saçyny ýokaryk galdyrdy.
— Dogrudanam, bu ajaýyp ýigit! — diýip, Mariýa Nikolaýewna pikire çümen ýa-da aljyraňňy ýaly halda gepledi. — Gaýduwsyz! Mundan soň arzuwçyl adamlar indi ýok diýýänleriň gepine ynanyp bilseň ynan-da!
Mariýa Nikolaýewna başdan-aýak diňe rusça, geň galaýmaly, arassa rusça, dworýan kakuwynda-da däl, Moskwanyň halk dilinde gepledi.
— Siz, megerem, öýde, köne garaýyşly, hudaýhon maşgalada terbiýe alan bolsaňyz gerek? — diýip, ol sowal berdi. — Özüňiz haýsy guberniýadan?
— Tula guberniýasyndan.
— Onda-ha ikimiz bir «paýtundan» bolýas. Meň kakam... Kakamyň kim bolanyny siz bilýäňiz ahyryn.
— Hawa, habarly.
— Ol Tulada doglan. Tulaly. Ýeri, bolýa... (Mariýa Nikolaýewna soňky sözüni ýörite meşşanlaryň şiwesinde; «bolýa-a» görnüşinde aýtdy). Hany, indi esasy meselä geçeliň.
— Düşünmedim... Meselägeçmek diýip nämäni göz öňünde tutýarsyňyz?
Mariýa Nikolaýewna gözlerini süzdi.

— Siz bu ýere näme maksat bilen geldiňiz? (Ol gözlerini süzen mahaly garaýşy örän mylaýymlaşardy hem onda az-kem kinaýa duýulardy. Gaýtadan öňki ululygynda açylanda bolsa zenan gözleriniň mähirsiz şöhlesinde düýrükdiriji howp peýda bolardy. Onuň gözlerine aralary ýakyn, gür, samyr reňk gara gaşlary aýratyn owadanlyk goşýardy). — Siz mülküňizi satyn almagymy isleýäňizmi? Size nikalaşmak üçin harajat gerek-dä? Şeýle dälmi?
— Hawa.
— Känmi?
— Başda-ha birki müň frank bilen oňmaly bolar. Siziň adamyňyz meniň mülkümden habardar. Öňürti siz şoň bilen maslahatlaşaýyň. Nyrhynam birneme arzanrak keserindä.
Mariýa Nikolaýewna kellesini saga-sola aýlady.
— *Birinjiden-ä* — diýip, ol sözüne dyngy berip, barmaklarynyň ujuny Saniniň ýeňine urup gepledi. — Diňe öz üst-başyma gerek maýda-çüýde zatlar bolaýmasa, ärim bilen maslahatlaşmak endigim ýok. Şol ownuk-uşak zatlardan welin, oň başy çykýar. *Ikinjiden bolsa,* siz bahasyny arzan kesmek diýen sözi näme üçin diliňize alýaňyz? Men siziň çynyňyz bilen söýgä berlip, her hili ylalaşyga gitmäge, öz bähbidiňizi pida etmäge taýyndygyňyzdan peýda aramak islämok. Men sizden hiç hili sadaka alman. Nädip alaýyn? Serpaý ýapylmaga mynasyp halyňyza... nähili oňadrak edip aýtsamkam... parasatly duýgudaşlyga derekmi, nämemi... men sizi towuk üten ýaly ütmelimi? Mende beýle edähet ýok. Adamlara rehimdarlyk etmeýän wagtlarymam bolýar, ýöne ony-da beýle ýol bilen etmeýärin.
Sanin öz üstünden gülünýändigine-de, çyn bilen gepleşilýändigine-de düşünip bilmedi. Ol diňe: «Sen ýalynyň atymyna golaýlaýmaly däl-ow!» diýip oýlandy.
Üstüne rus semewary, çaý üçin gap-gaçlar, gaýmak, kakadylan çörek bölejikleri goýlan mejimäni alyp hyzmatkär peýda boldy. Ol getiren zatlarynyň hemmesini öý eýesi bilen myhmanyň arasynda goýdy-da, çykyp gitdi.
Mariýa Nikolaýewna Sanine bir bulgur çaý guýdy. Ol maýda-çüýde zatlar tutulýan gural bar hem bolsa, myhmanyň çaýyna eli bilen gant atdy-da:
— Keşdiňiz çekmän durmaz-a? — diýip sorady.
— Aýdýanyňyz näme!.. Şeýle ajaýyp barmaklardan...
Ol pikirini aýdyp gutarmanka, tas owurtlan çaýyna düwnüpdi, garşysynda oturan zenan bolsa oňa üns bilen seretdi.
— Meniň mülküme pesräk nyrh goýjak diýýänime häzir siziň öz watanymyzda däldigiňiz sebäp boldy — diýip, Sanin içki duýgusyny beýan etmäge başlady. — Daşary ýurtdadygyňyz üçin ýanyňyzda maýda-çüýde haryda niýetlenenden zyýat pul hem bardyr öýtmeýärin. Onsoňam şeýle ýagdaýda aluw-satuw etmegem adaty iş bolmazmyka diýýän. Şony-da men unutmaly däl.
Sanin bulaşýardy, ýalňyşýardy. Mariýa Nikolaýewna bolsa, usullyk bilen kürsiniň arkasyna ýaplanyp, elini eliniň üstünde goýup, Sanine öňki gyzyklanmasy hem açyk nazary bilen garap otyrdy.
Sanin ahyr geplemesini goýdy.
Öý eýesi onuň geplemegine goltgy berýän ýaly:
— Zeleli ýok, aýdyberiň, aýdyberiň! — diýdi. — Men diňleýän. Sizi diňlemekden men lezzet alýan, gepläberiň.

Sanin öz mülküniň nähilidigini, näçe desýatin (desýatin — bir gektardan sähel gowrak) ýeriniň bardygyny onuň näçe möçberdäkisiniň ekin ekmäge amatlydygyny, nähili bähbit görüp boljakdygyny aýdyşdyrdy, owadan meýdanda ýerleşýändigine çenli belledi. Mariýa Nikolaýewna bolsa oňa şo-ol seredip otyrdy, seredişiniň bolsa gitdikçe dykgatlylygy artýardy, bakyşy barha nurlanýardy, dodaklary ýylgyrmasa-da, çalaja hereket edýärdi, dişleri aşaky dodagyň üstünden basýardy. Sanin ahyr özüni, birhili, oňaýsyz halda duýdy, şonuň üçinem ikinji gezek dymdy.
— Dimitriý Pawlowiç! — diýen Mariýa Nikolaýewna oýlandy-da, ýene aýdanyny gaýtalady. — Dimitriý Pawlowiç, siziň mülküňizi satyn almak meň üçin bähbitli geleşik, söwdamyzyň ylalaşykly çözüljekdigine ynanýan. Ýöne siz maňa iki gün, hawa, iki gün puryja bermeli bolarsyňyz. Siz gelinligiňizden iki gün dagy aýra düşüp bilersiňiz ahyryn? Özüňiz galmak islemeseňiz, erkiňiziň garşysyna gidip, men sizi şol iki günden zyýat saklaman, anyk söz berýän. Ýöne size häzir bäş-alty müň frank gerek bolsa, men ony uly höwes bilen karz berip bilerin. Soň hasaplaşylar ýörler-dä.
Sanin ýerinden turdy.
— Men asla tanamaýan adamyňyza-da güler ýüz bilen, hoşamaýlyk bilen ýardam etmägä taýýardygyňyz üçinem size minnetdar bolmalydyryn, Mariýa Nikolaýewna... Ýöne eger şeýtmegiň juda zeruryýetligi bar bolsa, men öz mülkli meselämiň çözülmegine garaşmagy zerur hasaplardym hem bu ýerde iki gün galardym.
— Hawa; şol şert meň üçin oňaýly bolýar, Dimitriý Pawlowiç. Size bu ýerde galmak örän agyr düşermikä? Gaty kyn bolarmyka, ä?
— Men öz gelinligimi söýýän, Mariýa Nikolaýewna, aýralyk maňa ýeňil düşmez.
— Ah, siz nähili ajaýyp adam! — Mariýa Nikolaýewna uludan dem aldy. — Sizi onçakly heläk etmejegime wada berýän. Siz eýýäm gidip barýaňyzmy?
— Wagtam bir çene bardy-da.
— Ýol ýadawlygyny çykarmak üçin, adamym bilen kart oýnamakdan soň dynç alarsyňyz. Siz Ippolit Sidorowiçiň, ýagny meniň adamymyň gaty ýakyn dostumysyňyz?
— Ikimiz bir pansionda terbiýelendik.
— Ol şol mahallaram şu wagtkysy ýalymydy?
— O nähili şu mahalky ýaly?
Mariýa Nikolaýewna birden güldi, ýüzüniň ähli ýeri gyzaryp gidýänçä güldi, ýaglygyny dodagyna ýetirdi, kürsüden turdy-da, argyn adam ýaly yranyp, Saniniň ýanyna bardy, elini uzatdy.
Ör turan Sanin baş atyp, tagzym etdi-de, gapa tarap ýöneldi.
— Ertir irgözinden geleweriň! — diýip, Mariýa Nikolaýewna onuň yzyndan gygyrdy. Sanin otagdan çykyp barýarka, yzyna gaňrylyp, zenanyň ýene kürsä geçip iki elini hem ýeňsesine goýup oturanyny gördi. Köýneginiň giň ýeňleri hem egnine çenli diýen ýaly syrygypdyr. Onuň elleriniň ýatyşynyň, asyl tutuş bedeniniň ajaýyplygyny boýun almazlyk mümkin däldi.

## XXXVI

Gije ýarymdan agansoňam, Saniniň otagynyň çyrasy ýanyp durdy. Ol stol başynda oturyp, «öz Jemmasyna» hat ýazýardy. Oňa ähli zady beýan etdi; är-aýal

Polozowlaryň kimdikleri bilen tanyşdyrdy, hatyň esasy manysy hem şahsy duýga syrykdy, ahyry hem duşuşyk wagty bellendi: ýene üç günden!!! (Özi-de üç sany ýüzlenme belgisi bilen). Ertesi irden haty poçta elten Sanin Kurgauzanyň eýýäm saz sesi gelip ugran bagyna gezim etmäge gitdi. Bagda entek adam kän däldi. Ol aşagynda orkestr ýerleşýän bassyrmanyň öňünde aýak çekdi, «Iblis-Robertden» belli heňleri diňledi, kofe içensoňam gapdaldaky çolarak seýilgähe baryp, uzyn oturgyçda oturdy-da, oýa batdy.
Saýawanyň tutaýy onuň egnine mazaly agram saldy. Sanin tisginip gitdi... Onuň öňünde ýuka, ýaşylymtyl boz köýnekli, týuldan edilen ak başgaply, şwed ellikli, reňki gülgün öwüsýän, tomus ertiriniň säheri ýaly tämiz, ýöne aladasyz-ünjüsiz ukynyň beren entek öçmedik şatlykly lezzeti hereketinde-de, nazarynda-da duýulýan Mariýa Nikolaýewna durdy.
— Salam, Dimitriý Pawlowiç! — diýip, zenan öňürti dillendi. — Men irden yzyňyzdan adam iberdim welin, siz eýýäm giden ekeniňiz. Men hut ýaňyja ikinji bulgur suwumy içdim. Bilýäňizmi, näme, meni bu ýerde, näme üçindiginem Hudaý bilýändir welin, şol suwy içmäge mejbur edýäler... ýa keselläp ýörmükäm? Indem tutuş bir sagatlap gezmeli. Maňa ýoldaş bolmak isläňzokmy? Soňam kofe içeris.
— Men ertirlik kofämi içip geldim — diýip, ýerinden turan Sanin dillendi. — Ýöne size welin, höwes bilen ýoldaş bolardym.
— Hany, onda maňa eliňizi beriň-dä... Gorkmaň: bu ýerde gelinligiňiz ýok — ol sizi görmez.
Sanin ýylgyrmaga mejbur boldy. Her gezek Mariýa Nikolaýewna Jemmany ýatlanda, Saninde, birhili, ýakymsyz duýgy döreýärdi. Oňa garamazdan, häzirem ol hem howlugyp, hem tabynlyk bilen baş egdi... Mariýa Nikolaýewnanyň eli ýuwaşlyk bilen uzady-da, taýýan ýaly bolup, onuň eliniň üstünde saklandy.
— Ine, şu tarapa gideliň — diýip, açyk saýawanyny arkasyna taşlan Mariýa Nikolaýewna Sanine ýüzlendi. — Bu seýilbaga men öz öýüm ýaly belet bolup gitdim. Sizi iň owadan ýerlere aýlaýyn. Bilýäňizmi, näme, (şu iki sözi ol örän kän gaýtalaýardy) häzir biz şol edilmeli söwda barada gürrüňe dolanmalyň, ol hakda nahardan soň gutarnykly gepleşeris. Indi men sizi ýakyndan tanarym ýaly, kim bilen iş salyşýanymy bilerim ýaly, özüňiz hakda aýtmaly bolarsyňyz. Onuň yzyndanam, isleseňiz size özüm hakda gürrüň bereýin. Bolýamy?
— Ýöne Mariýa Nikolaýewna, men hakda näme gyzykly zat...
— Duruň, duruň! Siz maňa başgaça düşündiňiz. Men siz bilen näz-kereşme edişmek islämok. — Mariýa Nikolaýewna eginlerini gysdy. — Gadymy ýadygärlik ýaly ajaýyp gelinligi bar ýigit bilen men näz-kereşme edişmelimişimmi?! Siz satyjy, men alyjy. Men siziň harydyňyzyň niçiksidigini bilmek isleýän. Hany, onuň nähilidigini görkeziň. Men diňe näme alýanymy däl, «nämäni» kimden alýanymy hem bilmek isleýän. Ol meniň kakamyň endigidi. Hany, başlaň!.. Çagalykdan bolmasa-da... Siz kän wagt bäri daşary ýurtdamysyňyz? Şu mahala çenli nirelerde bolduňyz? Özüňizem haýalrak ýöräň, gyssanýan ýeriňiz ýok.
— Men bu ýere Italiýadan geldim. O ýerde-de birnäçe aý boldum.
— Görýän welin, sizi Italiýa bilen bagly zatlar özüne çekäýýän ýaly. Özüňize gerek zady garaşylmadyk ýerden tapýanyňyz geň zat. Siz çeper sungaty — suratlary halaýaňyzmy? Ýa-da sazy ondanam gowy görýäňizmi?

— Men sungaty söýýän... Owadan zatlaň hemmesinem gowy görýän.
— Sazammy?
— Sazy-da halaýan.
— Ana, şony welin, men asla halamok. Maňa diňe rus aýdymlary ýaraýar, onda-da obadakam, üstesine-de, bilýäňizmi, ýany bilen tans edilip aýdylýan aýdymlary halaýan... Näzik maýsa bilen bezelen owadan meýdan, al-elwan güller, burnuň tüssäniň ýeňiljek ysyny duýýar... gözellik... Men geplemeli däl, siziň gezegiňiz ahyryn. Aýdyberiň!
Mariýa Nikolaýewna ýöräp barýardy, ýöräp barýarka-da, zol-zol Sanine seredýärdi, boýy hem uzyn bolansoň, onuň egni Saniniň tas ýüzüniň deňine ýetýärdi..
Sanin başda kynlyk bilen, oňaýsyz gepledi, soň welin, ýüzi açylyp, hatda ýaňrabam ugrady. Mariýa Nikolaýewna gürrüňi örän agraslyk bilen, çyny bilen diňledi. Onsoňam özi örän açyk ýaly bolup görnensoň, başgalar hem onuň bilen özlerinden erksiz açyk gepleşmeli bolýardylar. Onda kardinal Retsiň ýatlaýan täsin «ugurtapyjylyk» — *le terrible donde la familiarité* — ukyby bardy. Sanin eden syýahatlary hakda, Peterburgyň durmuşy hakda, öz ýaşlygy hakda gürrüň berdi... Mariýa Nikolaýewna inçe duýguly, ýokary gatlak wekili bolanlygynda Sanin hiç mahal onuň öňünde häzirkisi ýaly derejede asla açylmazdy. Ýöne Mariýa Nikolaýewna özi-özüni göze dürtülip duran ýasama sypaýyçylyga takat edip bilmeýän «hoşniýetli juwan» diýip atlandyrýardy. Ol başda Sanine özüni hut şeýle pikirli adam edip görkezipdi. Şol bir wagtda-da, ojagaz «hoşniýetli juwan» ýaş zenan keşbine girip, gapdalyndan pişik basyşy bilen ýöräp barşyna, oňa çalarak ýaplanýardy, ýüzüne garaýardy.Şeýle zenanyň tutuş durkundan biziň doganymyz bolan günäkär, özüne buýrup bilmeýän erkegiň käbirini, onda-da arassa ganlysyny däl-de, gany gatyşyk slawýan asyllysyny saýlap-seçiji, hesretli, ýuwaş hem köýdüriji aldawa maýyl edýän duýgy öwüsýärdi.
Sanin bilen Mariýa Nikolaýewnanyň gezelenji we gürrüňdeşligi bir sagatdanam uzaga çekdi. Olar gezim edýän mahallary ýeke ýerde-de säginmän, seýilgähiň tükeniksiz ýodalaryndan ýörediler, käte belentliklere çykyp baryşlaryna töweregisynladylar, käte-de aşak, jülgä düşüp, hemme ýerde-de el-ele berişip, Gün geçmez kölegelere siňdiler.Saniniň Jemmasy, özüniň mylaýym Jemmasy bilen hiç mahal, şeýdip uzak wagtlap, el-ele berip gezmändigine haýpy geldi... bu ýerde bolsa başga bir zenan erkini öz eline aldy — iş tamam!
Sanin:
— Ýadaňzokmy? — diýen sowalyny telim gezek gaýtalady.
— Men hiç mahal ýadamaýaryn — diýen jogap hem şonça gezek ýaňlandy.
Seýregem bolsa, käte gezim edip ýörenler gabat gelýärdi. Olaryň hemmesi diýen ýaly Mariýa Nikolaýewna salam berýärdiler, käbirleri bolsa ýalynjaňlyk bildirýän ýaly, hasam aşak eglip, tagzym edýärdiler. Bezenmegi halaýandygy bildirip duran, kaşaň geýnen, gara saçly örän görmegeý bir adama Mariýa Nikolaýewna, ara uzagrak bolsa-da, gowy pariž şiwesinde: *«Comte, vous sawez, il he faut pas venir me voir — ni aujourd'hui, ni demain*[20]*»*— diýip gygyrdy. Graf diýilýän başgabyny çykardy-da, söz diýmän, tagzym etdi.

---

[20]«Bilýäňizmi, graf, şu günem, ertirem meniň ýanyma barmak bolýan däldir».

— Kim ol? — diýip, Sanin ruslaryň hemmesine mahsus bolan gelşiksiz «bilesigelijilik» etdi.
— Olmy? Bir tanyş fransuzjyk. Olaryň bu ýerde köw-söw edip ýörenleri kän. Meň göwnümi tapjak bolýa olam. Kofe içmäge-de wagt boldy. Öýe gideliň. Siz, belkem, ajygansyňyz. Meniň wepadarym indi gözüň açylandyr.
«Wepadarym! Gözüň açylandyr!» — diýen sözleri Sanin içinden gaýtalady...» Fransuz dilinde-de kössüz gepleýär... Bu nähili geň zenan!»

***

Mariýa Nikolaýewna ýalňyşman eken. Sanini hem ýanyna alyp, öýüne baran wagty «onuň adamsy» ýa-da «pökgüjesi» hiç wagt ýadyndan çykarmaýan başgabyny hem geýip, üsti naharly stoluň başynda otyrdy.
— Men saňa garaşyp ýadadym — diýip, ol ýüzüni turşadyp bürjeşdirdi. — Kofäni sensiz içerin diýip otyrdym.
— Aýyby ýok, aýyby ýok — Mariýa Nikolaýewna şadyýan ses bilen jogap berdi. — Gaty gördüňmi? Şol gowy-da: ýogsam sen doňup galarsyň. Ynha, men myhman getirdim. Tizräk jaň edip buýur, gar ýaly ak saçagyň başyna kofe getirsinler, iň gowusyny, özem sakson gabyna guýsunlar...
Ol saýawanyny, elliklerini taşlady-da, ellerini çarpdy. Polozow oňa gür gaşlarynyň astyndan garady.
— Bu gün näme jylawy erkine goýberdiň-le, Mariýa Nikolaýewna? — diýip, ol pessaý ses bilen sowal berdi.
— Ol siziň işiňiz däl, Ippolit Sidorowiç. Hyzmatkäre jaň et. Oturyň, Dimitriý Pawlowiç. Belki, ýene kofe içersiňiz. Ah, buýruk bermek nähili hezil! Jahanda şondan gowy keýp ýok!
— Buýruk diňlense, keýp bolar-da — diýip, Polozow hüňürdedi.
— Dogry, diňlense keýp bolar. Şonuň üçinem häzir meniň keýpim kök-dä. Hasam seň bilen. Dogry aýdýan dälmi, pökgüje? Ana, kofe-de geldi!
Ullakan mejimäniň üstünde teatryň bildirişi hem bardy. Mariýa Nikolaýewna derrew oňa ýapyşdy-da:
— Drama! — diýip, närazylyk bilen dillendi. — Nemes dramasy. Barybir, nemes komediýasyndan gowurakdyr. Maňa loža — benuar ýa-da, ýok... gowusy, *Fremden-Loge*[21] petek buýruň! — diýip, ol hyzmatkäre ýüzlendi. — Eşitdiňizmi? Hökman *Fremde- Loge* bolmalydyr.
— Eger *Fremden-Loge* onuň alyjenabyna şäher başlygy tarapyndan eýelenen bolsa *(seine Ehcellenz der Herr Stadt-Director)* — diýip, hyzmatkär habar bermäge ýürek etdi.
— Ložany maňa goýary ýaly onuň alyjenabyna on teler töläýiň.
Hyzmatkär tabynlyk bilen, ýöne keýpsiz baş atdy.
— Dimitriý Pawlowiç, siz meň bilen teatra gidersiňizmi? Nemes aktýorlary-ha dereksizdir welin, ýöne siz gidersiňiz gerek? Hawa! Siz nähili sypaýy adam! Pökgüje, sen gideňokmy?

---

[21]Daşary ýurtlularyň ložasy.

— Buýruşyňa görä-dä. — Polozow agzyna elten kofesinden dodagyny aýyrman gepledi.
— Bilýäňmi, näme, sen, gowusy, gitme. Oýny uklap geçirýäň ahyryn. Onsoňam nemes dilini hem ibaly bileňok. Gowusy, sen näme et diýsene! Biziň habarymyz hakdaky mesele bilen, ýadyňdadyr-a, iş dolandyryja jogap ýaz. Daýhanlaň bugdaýyny üwemek barada. Men şony islämok, islämok, ýene bir gezek islämok! Ana, şol hem saňa tutuş agşam güýmener ýaly iş bolar.
— Düşündim — diýip, Polozow baş atdy.
— Düşünen bolsaň örän oňat. Sen meň akyllyjam ahyryn! Indi bolsa, iş dolandyryjyny ýatlan bolsak, esasy meselä geçeliň, jenaplar. Hyzmatkär stoluň üstündäki zatlary aýrar welin, Dimitriý Pawlowiç, siz öz mülküňiz hakda, näçe nyrh kesjekdigiňizi, bahasynyň ujundan öňünden näçe almak isleýändigiňizi, gepiň keltesi hemme zat hakda aýdarsyňyz. («Ahyr mesele çözüljeg-ow! — diýip, Sanin içini gepletdi. — Hudaýa şükür!») Siz eýýäm maňa käbir zatlary aýtdyňyz, ýadyma düşýär welin, mülküňizdäki bagy gowy edip suratlandyranyňyzda «pökgüje» ýanymyzda ýokdy, goý, ol hem eşitsin. Belki, nämedir bir zatlar samrar. Siziň öýlenmegiňize ýardam edip biljekdigim barada oýlansamam, özümden hoşal boluberýärin. Size ertirlik nahardan soň, meselä dolanaryn diýip söz beripdim ahyryn. Men mydama-da beren sözümde tapylýandyryn. Hakykaty aýdýan dälmi, Ippolit Sidorowiç?
Polozow eliniň aýasy bilen maňlaýynyň derini syldy.
— Dogry zada dogry diýmeli. Siz hiç haçan adam ogluny aldan dälsiňiz.
— Hiç haçan aldan däldirin. Hiç haçan, hiç kimi aldamanam. Hany, Dimitriý Pawlowiç, biziň senat maslahatynda aýdyşymyz ýaly, meseläni beýan ediň!

## XXXVII

Sanin meseläni beýan etmäge, ýagny öz mülküni ýaňadandan suratlandyrmaga başlady, emma ikinji gezek ol ýeriň tebigatynyň gözelligine ýanaşmady. Ýöne ol aýdan käbir «sanlaryny hem närselerini» tassyklajak janly şaýat hökmünde käte-käte Polozowa seredýärdi. Ol bolsa diňe hümmüldäp başyny yralaýardy. Onuň şol hereket bilen aýdylany goldaýanyndan ýa-da goldamaýanyndan baş alyp çykjak gümanyň ýokdy. Dogrusy, Mariýa Nikolaýewna onuň gürrüňe goşulmagyna mätäjem däldi. Ol täjirlik hem ýolbaşçylyk babatda özüniň şeýlebir ýokary ukybyny görkezýärdi welin, diňe aňk bolup, agzyňy açyp oturaýmalysy galýardy. Gizlin hojalyk, hojalygyň pynhan bolmaly syrlary onuň üçin açyk, aýan zatlardy. Şoňa görä-de berýän sowallary mülküň ähli maýda-çüýdesine çenli baryp ýetýärdi, her sözi, her pikiri-de nyşananyň ortarasyna göni baryp degýärdi. Sanin beýle-beýle synaga sezewar edilmegiň öňünde durmaga taýýarlyk görmändi. Şonuň üçinem ol synag tutuş sagat ýaryma çekdi. Sanin özüni oba ýeriniň ýowuz kazysynyň öňündäki kiçijik kürsüde oturan günäkär ýaly duýdy: «Bu kazynyň demine düşmek bolýar!» — diýip öz ýanyndan gussaly pyşyrdady. Mariýa Nikolaýewna bolsa başdan-aýak oýun edýän ýaly gülümjireýärdi, bälçireýärdi. Ýöne onuň üçin Saniniň ýüki ýeňlemeýärdi. «Synagdan» geçmegiň dowamynda eşiden «täzeden paýlama», «sürme» sözleriň-ä Sanin näme many aňladýandyklaryna-da düşünmedi. Şol sebäpli hem ony der basyp gitdi.

— Ýeri, bolýa-da! — Mariýa Nikolaýewna ahyr çözgüde geldi. — Mülküňizi indi men siziň özüňizçe bilýän... Jan başyna näçe nyrh kesýäňiz? (Ol döwürlerde ýer-mülk söwdasynda nyrh şol ýerdäki bar bolan adam sanyna görä kesgitlenýärdi.

— Meniň çakyma görä, jan başyna bäş ýüz manatdan az diýmek bolmaz. — Şony aýtmaga Saniniň zordan dili aýlandy. (Wah, Pantaleone, Pantaleone! Sen nirede? Nirede? Şu mahal ýanymda bolan bolsaň, sen ýene *«Barbari!»* diýip gygyrmaly bolardyň).

Mariýa Nikolaýewna pikire çümýän ýaly bolup ýüzüni ýokaryk tutdy.

— Ýeri, bolýa-da! — diýip ahyram dillendi. — Men ol nyrhy çökder hasap edemok. Ýöne sizden iki gün puryja sorapdym. Meseläniň aýgytly çözülmegi üçin ertire çenli garaşmaly bolar. Mesele oňyn çözülermikä öýdýän. Şondan soň siz öňünden näçe talap edýändigiňizi aýdarsyňyz. — Saniniň bir zat diýjek bolanyny aňybam: — Indi bolsa, *basta così!*[22] — diýdi. — Ýigrenji metala kän wagtymyzy giderdik... *à, demain les affaires.*[23] Indi men siziň eliňizi boşadýan. (Ol bilguşagyna gysdyrylgy syrçaly sagatjygyna seretdi). Sagat üçe çenli... Size dynç hem bermeli ahyryn. Gidiň-de, ruletka oýnaň!

— Men göçgünli oýunlary oýnamaýaryn — diýip, Sanin jogap gaýtardy.

— Dogrudanam, oýnaňzokmy? Siz aňrybaş derejedäki kämil adam! Dile geldi — bile geldi — menem şony oýnamok. Puly ýeliň ugruna sowurmak akmaklyk. Göçgünli oýun oýnalýan zala baryp, oýunçylaryň ýüzlerine bir seredip görüň: gülkünçlerine, aýylgançlaryna gabat gelersiňiz. Şol ýerde alyn saçynyň üstüne şaý dakan murtly bir kempir bar. Barypýatan täsinlik! Şol ýere barýan biziň bir knýazymyzam ondan oňly däl. Göwresi-hä dagyň bir bölegi ýaly, burny hem edil bürgüdiňki ýaly, oýna başlanda, gursakçasyna bukulyp, gizlin çokunar... Žurnal okaň, gezim ediň — nätseňiz şeýdiň... Sagat üçde bolsa, men size *de pied ferme*[24] hökman garaşýan. Nahary irräk edinmeli bolar. Gülkünç nemesleriň spektakly ýediniň ýarynda başlanýar. — Ol elini uzatdy. — *Sans rancune n'est-ce pas?*[25]

— Bagyşlaň welin, Mariýa Nikolaýewna, sizden nämä göwnüm galmalymyşyn?

— Gynanym üçin. Entek nämäni görýäňiz? Beterrägem bardyr! — Mariýa Nikolaýewna gözüni süzende al öwüsýän ýaňaklarynda adaty ýüze çykýan çukanaklarynyň hemmesi birden peýda boldy. — Sag boluň!

Baş atan Sanin çykyp gitdi. Şol pursat yzdan peýda bolan joşgunly gülkini eşiden myhman gapdalyndan geçip barýarka aýna garanda şeýle görnüşi synlady: Mariýa Nikolaýewnanyň «pökgüjesiniň» başgabyny gözüniň üstüne çenli çekipdir welin, Ippolit Sidorowiç ýüzüni açyp bilmän, urunýan ýaly bolup, ellerini kelemenledýärdi.

## XXXVIII

Öz otagyna dolanan badyna, Sanin begenip, uludan dem aldy! Çyna çyn diýmeli. Mariýa Nikolaýewna ýöne ýere dynç almagy maslahat bermän ekeni. Kellesine hem kalbyna baryp dolan täze tanyşlyklardan, çaknyşyklardan, gep-gürrüňlerden,

---

[22]Gep gutardy!
[23]Ertiremiş kän.
[24]Gürrüňsiz.
[25]Ozalky öýke-kinäni unudalyň. Dogry dälmi? — fr.

humarlardan, duýdansyz ýerden, garaşylmadyk ýagdaýda, özüne ýat bolan häsiýetli zenan bilen ysnyşykdan soň, Sanin dynç almalydy, diňe dynç almalydy. Haçan bu zatlaryň soňy gelerkä? Jemmanyň özüni söýýändigini bilen gününiň hut ertesi diýen ýaly, Sanin onuň adaglysyna öwrüldi. Ol mukaddeslik bolýar ahyryn! Özüni gönertlemäge hiç hili tutarygy bolmasa-da, ol päk, ajaýyp gözelden hyýalynda müňlerçe gezek ötünç sorady, onuň beren haçyny müňlerçe gezek ogşady. Eger Wisbadene ýörite şol mesele bilen gelip, başyny başlan işiniň bähbitli gutarjagyna umyt baglamaýan bolsa, yzyna, Frankfurta tarap howlukmaçlyk bilen ýola düşerdi, indi özi üçin iň yssy ojaga öwrülen jaýa girip, söýgülisiniň aýagyna ýykylardy... Etjek zadyň ýok! Başyny başlan işiňi ahyryna ýetirmeli: geýinmeli, nahara barmaly, nahardan soňam teatra gitmeli... Ertir beri Mariýa Nikolaýewna ony tizräk boşadaýsa ýagşydyr.

Sanini ýene bir zat utandyrýardy, gaharlandyrýardy: ol Jemmany çuň söýgi bilen, mähir bilen, adamçylygyna haýran galyjylygy bilen ýatlaýar, garaşylýan bile ýaşaljak bagtly günleri göz öňüne getirýär. Oňa garamazdan, bu geň hem düşnüksiz zenan — ol hanym Polozowa — bir ädim hem gapdala tesmän, yzyna düşüp ýör. Ýok, yzyna düşmek däl, hut ýelmeşip ýör. — Sanin başganyň begenjine gynanýan adam ýaly bolup pikir etdi. Sanin ol zenanyň gözüniň içindedi, görejindedi, Sanin ol gözlerden, ol göreçlerden sypyp, gutulyp bilmeýärdi, sesini eşitmän, aýdan sözlerini ýatlaman durup bilmeýärdi, hatda onuň eşiklerinden töwerege ýaýraýan sary leýligüliniň ysy ýaly näzik, melul ediji, ýakymly ysy hem unutmagy başarmaýardy. Ol zenan Saniniň başyny aýlaýardy, şeýtmek üçinem her hili ýol tapýardy. Beýle bolmak nämä gerek? Ol näme isleýär? Eýsem, bu zatlar läliksiredilen, ahlaklylyk taýdanam meňki bolsun diýerligi ýok baý hatynyň diňe näz-kereşmäniň lezzeti üçin tapýan oýunlarymyka? Ýeri, ol ärsumaga näme diýjek? Edil haýwan ýaly zat. Ol öz aýalyna nähili garaýarka? Jenap Polozowa-da, onuň aýalyna-da hiç hili dahyly bolmadyk Saniniň kellesine beýle sowallar nireden gelýär? Tutuş durky bilen Taňrynyň güni ýaly aýdyň, päkize birine berilýärkä-de, ol özünden el çekmeýän bu keşpden näme üçin çürt-kesik arany açyp bilmeýärkä? Ol keşp şol mukaddeslik ýaly berlen keşbini neneň edip böwsüp geçip bilýärkä? Diňe geçmek däl, pitjiňem atýar. Şol çalymtyl wagşy gözler, ýaňakdaky çukanaklar, şamar saçlar... bularyň bary Sanine ýelmeşen deý. Näme üçin ol bulary eliniň tersi bilen zyňyp, saplanyp bilmeýärkä?

Bidereklik! Bidereklik! Hutertiriň özünde bularyň hemmesi nam-nyşan galdyrman ýitip gider. Ýöne ertir bu zenan ol ýigidi gününe goýarmyka?

Hawa... Beýle sowallaryň hemmesini Sanin öz öňünde goýup gördi, sagadyň dili bolsa belleşilen üçe tarap süýşýärdi. Sanin gara fragyny geýip, bagda biraz gezim edeninden soň, Polozowlara tarap ugrady.

***

Sanin Polozowlaryň myhman otagynda çakdanaşa uzyn boýly, at ýüzli, aksowult saçy ýeňseden açylan (şol wagtlar ol entek täzelikdi), nemes ilçihanasynyň kätibine hem... bu gudraty!.. kimdir öýdýäňiz?.. Fon Döngofa, birnäçe gün mundan ozal özi bilen atyşan serkerdä gabat geldi! Sanin oňa edil şu ýerde sataşaryn öýdüp, eger-eger pikir hem etmändi. Ol serkerdeden utandy, bolsa-da, başyny atdy.

Saniniň düşen ýagdaýyny aňan Mariýa Nikolaýewna:
— Siz tanyşmydyňyz? — diýip sorady.
— Hawa, onuň bilen ozal bir gezek görüşmek nesip edipdi — diýip, Mariýa Nikolaýewna tarap çalarak baş egip, ýylgyran Döngof pessaý ses bilen jogabynyň üstüni ýetirdi. — Gürrüň beripdim-ä... Siziň ildeşiňiz... rus...
— Mümkin däl! — diýip, Mariýa Nikolaýewna hem pessaý ses bilen gepledi. Serkerdä barmagyny çommaldyp, haýbat atan boldy, derrewem onuň bilenem, uzyn myhman bilenem hoşlaşdy. Uzyn nemes, Mariýa Nikolaýewna ölemen aşyk bolmaga çemeli. Sebäbi her gezek oňa tarap seredende-de, agzyny açyp seredýärdi. Özünden näme talap edilýändigine maşgalanyň dosty hökmünde ýarym sözde düşünýän Döngof sypaýy tabynlygyny edip, tiz çykyp gitdi. Kätip myhman gitmejek bolup, kesirlige ýüz urmak isledi welin, öý eýesi ony hiç hili höre-köşesiz ugradyp goýberdi.
— Öz ýokary mertebeli zenanyňyzyň ýanyna baryň! — diýip, Mariýa Nikolaýewna gidende oňa ýüzlendi (şol wagtlar Wisbadende di Monako atly, «şa zenan» lakamly azgyn aýala örän çalymdaş biri ýaşaýardy). — Size men ýaly garamaýak zenanyň ýanynda oturmak nämä gerek?
— Bagyşlaň, hanym — diýip, bagtygara kätip özüni aklamaga çalyşdy. —Dünýäniň ähli şa...
Barybir, Mariýa Nikolaýewna birehimdi. Kätip ýeňsesi açyk saçy bilen bile gelen ýerini terk etmeli boldy.
Mariýa Nikolaýewna şol gün, biziň garry enelerimiziň aýdyşlary ýaly, öz «artykmaçlygyna» mynasyp kaşaň geýnüwlidi. Egninde *àla Fontanges* görnüşde tikilen ýeňli, açyk gülgün reňkli ýüpek köýnegi, her gulagynda-da ullakan göwher gulakhalkasy bardy. Onuň gözleriniň lowurdysy hem şol göwher gulakhalkalaryň lowurdysyndan pes däldi, ruhubelentdi, keýplidi.
Ol Sanini gapdalynda oturtdy-da, ýene birnäçe günden gidýän şäheri Pariž hakda, özüni nemesleriň halys bizar edendikleri, olaryň akyl satanlarynda akmak bolýandyklary, akmaklyk edenlerinde hem ýerliksiz akyllydyklary hakda gürrüň berdi. Birdenem ol «göni ýüzüne bakyp» — *àbrule pourpoint* — diýlişi ýaly, ýaňy şu ýerden giden serkerde bilen birki gün mundan ozal zenan sebäpli çaknyşygyň çyndygyny-ýalandygyny bilmek üçin Sanine gönümel sowal berdi.
— Siz ony nireden bilýärsiňiz? — diýip, Sanin geň galyp sorady.
— Dünýäň gep-gürrüňden ýüki ýetik, Dimitriý Pawlowiç. Ýöne welin, men siziň mamladygyňyzy, onda-da müň keren mamladygyňyzy, özüňizi hem gaýratly ýigit hökmünde görkezendigiňizi bilýärin. Şol zenan siziň gelinligiňizmidi?
Sanin gaşlaryny çytdy...
— Ýeri, soramadygym bolsun, soramadygym eken-dä — diýip, Mariýa Nikolaýewna gyssandy. — Sowalym göwnüňize ýakmady, meni bagyşlaň, gaty görmäň! — Eli bir bölek gazetli Polozow goňşy otagdan çykdy. — Näme? Ýa nahar taýynmy?
— Nahary häzir äberjekler welin, «Demirgazyk balarysynda» meniň näme okanyma bir seret... Gromoboý knýaz ýogalypdyr.
Mariýa Nikolaýewna başyny galdyrdy.
— He-e! Ýatan ýeri ýagty bolsun! Ol maňa her ýyl ýüz tutardy. — Ol Sanine ýüzlendi. — Fewralda, meniň doglan günüme gabatlap, hemme otagymy ajaýyp ysly

kameliýa güli bilen bezeýärdi. Ýöne munuň üçin gyşda Peterburgda ýaşanyňa degenok. Megerem, ol ýetmiş ýaşan bolsa gerek? — Ol adamsyna garady.
— Ýetmişe ýetipdir. Onuň jaýlanyşyny gazetler beýan edýärler. Köşk adamlarynyň ähli si gatnaşypdyr. Şol sebäpli knýaz Kowrişkiniň ýazan goşgusynam çap edipdirler.
— Gaty gowy-da.
— Okap bereýinmi? Knýaz ony geňeşiň är kişisi diýip atlandyrýar.
— Okama. O nähili geňeşiň är kişisimiş? Ol diňe Tatýana Ýuriýewnanyň äri bolupdy. Ýörüň, naharlanalyň! Dok başa döwlet ýagar. Eliňizi beriň, Dimitriý Pawlowiç.

***

Nahar düýnki ýalydy, deňli-derejelidi, özi-de şüweleňli geçdi. Mariýa Nikolaýewnada aýallara, onda-da rus aýallaryna mahsus bolmadyk gürrüňçillik bardy. Ol gürlän mahaly gödegräk sözlerdenem sowlup geçjek bolmaýardy, aýratynam, öz watandaş aýallarynyň üstünden düşende garadangaýtmazdy. Onuň batyrgaý hem nyşana göni degýän ýiti sözjagazlary Sanini kän gezek gülmäge-de mejbur edipdi. Has beterem, ol ikiýüzlüligi, boş gepi, ýalan sözlenmegi halamaýardy, şol zatlary hemme ýerde derrew tutýardy. Ol özüniň tanymal däl gelip-çykyşy bilen öwünýän ýalydy, ýaşlyk döwründäki garyndaşlarynyň durmuşyndan örän geň degişmeleri-de ýatlaýardy, özüni Nataliýa Kirillowna Naryşkinaça yzagalak hasaplan bolýardy. Sanin Mariýa Nikolaýewnanyň kän-kän deň-duşlarynyň ýörän ýoly bilen deňeşdireniňde has köp çarşenbäni başyndan geçirendigine göz ýetirdi.
Polozowyň bolsa ähli ünsi nahardady, diňe, göräýmäge, körjümek ýaly bolsa-da, agymtyldan sary örän görgür gözlerini kä aýalyna, käte-de Sanine tarap aýlap goýberýärdi.
— Sen meň akyllyjam! — diýip, Mariýa Nikolaýewna adamsyna ýüzlendi. — Frankfurta gideňde meň ähli tabşyryklarymy artykmajy bilen bitiripsiň. Şoň üçin men seň maňlaýjygyňdan ogşardym welin, sen o zatlary küýsäbem duraňok-da.
— Küýsämok — diýen Polozow kümüş pyçagy aldy-da, ananas kesmäge başlady.
Mariýa Nikolaýewna oňa garap, barmaklary bilen stoly tykkyldatdy.
— Jedelimiz güýjünde galýarmy?
— Galýar.
— Bolýar. Ýöne welin, sen utularsyň.
Polozow eňegini öňe uzatdy.
— Bu gezek hernäçe özüňe ynam etseňem, Mariýa Nikolaýewna, meň çakyma görä, sen utularsyň.
— Jedel näme hakda? Bilmek mümkinmi? — diýip, Sanin hem gyzyklandy.
— Ýok. Indi bilmek bolanok. — Mariýa Nikolaýewna gülüp goýberdi.
Sagat ýediniň zaňy ýaňlandy. Hyzmatkär ulagyň taýýardygyny habar berdi. Aýalyny ugradan badyna, Polozow süýrenip yzyna geldi-de, derrew oturgyjyna çökdi.
— Iş dolandyryja hat ýazmagy unudaýmagyn! — diýip, Mariýa Nikolaýewna daşky otagdan gygyrdy.
— Biynjalyk bolma, ýazaryn. Men tertipli adamdyryn.

# XXXIX

1840-njy ýylda Wisbaden teatry jaýynyň daş görnüşi boýunça-da ibaly däldi welin, artistleri hem sahnada sözleri ulanyşlary bilenem, ukyplarynyň ortahallygy bilenem, ahlaksyz köneçillige ýykgyn edişleri bilenem soňky wagtlarda ähli german teatrlarynyň kämilliginiň ýeten derejesiniň görkezijisi hasaplanýan jenap Dewriýentiň «tanymal» ýolbaşçylygyndaky Karlsruedäki topardan saçyň tary ýaly-da gowulyga tapawutlanmaýardy. Hyzmatkäriň «onuň alyhezreti hanym Polozowa» üçin ol ýeri nädip eýeländigini (dogrudanam, ştat-müdiri satyn alan däldir-ä) Hudaý bilsin. Ložanyň ýeňsesinde içinde diwan goýlan kiçeňräk otag bardy. Otaga girilmezinden ozal, Mariýa Nikolaýewna Saninden teatr bilen ložanyň arasyna perde bolýan tutyny galdyrmagyny haýyş etdi.

— Hiç kimiň gözüne görünmek islämok — diýip, Mariýa Nikolaýewna ýagdaýy düşündirdi. — Göräýseler, üstüme çozarlar.

Ol Sanine hem öz ýanynda, ložanyň boş ýaly bolup görünmegi üçin arkasyny zala öwrüp oturmagyny tabşyrdy.

Orkestr «Figaronyň öýlenişiniň» giriş sazyny çaldy, perde göterildi, oýun başlandy. Ol bolgusyz eserleriň biri bolan sahna eserinden okumyş, emma elinden hiç zat gelmeýän ýazarlaryň, saýlantgy sözli bolsa-da, dili jansyz, ugur-utgasyz haýsydyr bir «düýpli» ýa-da «wajyp» taglymaty, pajygaly çaknyşyk diýilýän zady erjellik bilen orta çykaryp,aziýa mergisi ýaly içgysgynçlyk döredýän oýundy. Mariýa Nikolaýewna sabyrlylyk bilen, oýnuň ýaryny diňledi. Ýöne birinji oýnaş söýýäniniň özüne dönüklik edendigini bilensoň (ol ýörite gasyn-gasyn edilen ýeňli gara üstki eşiklidi. Ýakasy mahmala meňzeş matadan edilendi, ýany sadap ilikler bilen bezelen gursakçaly, laklanan gaýyşdan edilen ýaşyl pantalonly hem ak zamyş elliklidi), oýnaş iki ýumrugyny hem döşüne diräp, tirsekleriniň çiş ýaly bolup duran ýiti uçlaryny öňe çykaryp, edil it ýaly uwlady welin, Mariýa Nikolaýewna saklanyp bilmedi.

— Iň bir ukypsyz fransuz aktýory iň bir yzagalak, ilatynyň gözýetimi çäkli şäherjikde hem nemesleriň iň tanymal ussadyndan gowy oýnaýar — diýip, ol gaharlandy-da, yzdaky otaga geçip oturdy. — Sizem bärik geçiň! — Mariýa Nikolaýewna Sanine ýüzlendi-de, öz gapdalyndan orun görkezip diwany kakdy. — Beýle oýun göreniňden lakgyldaşanyň gowy bolaýmasa...

Sanin aýdylany berjaý etdi.

Mariýa Nikolaýewna oňa seretdi.

— Görýän welin, siz ýüpek ýaly ýumşak adam bolmaly! Aýalyňyza siz bilen ýaşamak kyn düşmez. Ol masgarabaz (artist öý mugallymynyň keşbini döredýärdi) maňa ýaşlygymy ýatlatdy — diýip, Mariýa Nikolaýewna elindäki ýelpewajynyň ujuny sahnada uwlap ýörene tarap öwürdi. — Menem mugallyma aşyk bolupdym. Özem ol birinji, ýok, ikinji söýgimdi. Ilkinji sapar men Don keşişhanasynyň hyzmatkärini söýdüm. Şol wagt on iki ýaşymdadym. Men ony diňe ýekşenbe günleri görýärdim. Ol dindarlaryň uzyn ýapynjasynyň aşagyndan mahmal eşik geýýärdi, üstüne odelawan atyr sepinýärdi, märekäniň arasynda eli kadilaly[26] aýlanyp ýörkä, zenanlara fransuzçalap: «pardon, ekskýuze» diýýärdi, hiç mahalam ýüzüni

[26]Ybadat mahaly içinde ýakymly ysly şepbik ýakylýan gap (terjimeçiniň belligi.)

galdyrmaýardy, a onuň kirpikleri dagy, ine, şeýledi! — Mariýa Nikolaýewna başam barmagynyň dyrnagy bilen külbikesiniň tutuş ýaryny ölçäp Sanine görkezdi. — Mugallymymyň ady — *monsieur Gastondy*. Özi şweýsariýaly ol mugallymyň güýçli alymdygyny hem tüýs talapkär adamdygyny men size aýtmalydyryn. Özi hem şeýlebir dogumlydy. Sakgalsapysy gara şepbik ýaly garady, gapdalyndan garasaň grege çalym edýärdi, dodaklary demirden guýlana meňzeýärdi. Men ondan çekinýärdim, ömrüm boýy diňe şol adamdan eýmenipdim. Ol doganyma hojalyk işlerinde geňeşçi hem bolýardy. Doganym soň gark boldy... Bir sygan aýal maňa-da öz ajalyma ölmejegimi aýtdy, ýöne ol ýalan bolar. Men oňa ynanmaýaryn. Siz Ippolit Sidorowiçi eli hanjarly göz öňüne getirip bilersiňizmi?
— Diňe hanjar däl, ölüme başga zatlaram sebäp bolup biler ahyryn...
— Hemmesi galat. Siz yryma uýýaňyzmy? Men birjik-de ynanamok o zatlara. Bolmaly zat bolar. Öňi aldyrmaz. *Monsieur Gaston* biziň jaýymyzda, ikinji gatda meň depämde ýaşady. Käte gije oýanyp, onuň aýagynyň sesini eşidýän mahallarym hem bolýardy, ol giç ýatýardy. Şonda oňa bolan yhlasdanmy ýa-da başga bir zatdanmy, ýüregim doňýan ýaly bolýardy. Kakam çalasowatdy, ýöne bize gowy terbiýe bermegiň welin hötdesinden geldi. Bilýäňizmi, meň latyn dilinden başym çykýar.
— Siz? Latyndan?
— Hawa, men. Ol dili *monsieur Gaston* öwretdi. Men onuň bilen «Eneidany» okap çykdym. Içgysgynç zat welin, oňat ýerleri hem bar. Didon bilen Eneýiň tokaýa baryşlary ýadyňyzdamy?
— Hawa, hawa, ýadymda — diýip, Sanin gyssanyp jogap gaýtardy. Onuň özi-hä latyny bireýýäm unudypdy welin, «Eneida-da» düşünişi gaty bärden gaýdýardy.
Mariýa Nikolaýewna adaty endigine görä, oňa birneme gapdalragyndan, aşakdan ýokaryk seretdi.
— Ol ýatlamalardan soň, siz meni alymdyr öýdäýmäň. Wah, Hudaýym, men alym-a däl welin, hiç hili ukybymam ýok. Haty zordan ýazýan... dogrusy! Sesli okamagy başaramok; pianino çalamok, surat çekmekden, tikin tikmekden — dynç! Meniň bar bolşum, ine, şu ýerde görüp durşuňyz ýaly.
Ol ellerini ýazdy-da:
— Şol akmaklary (ol sahna tarap elini salgady. Şol pursat aýal aktýor hem tirseklerini öňe uzadyp uwlaýardy) diňlemezlik üçin men size hemme zadyň gürrüňini berýän — diýip dowam etdi. — Ikinjidenem, men size bergidar. Siz öten agşam maňa özüňiz barada gürrüň berdiňiz...
— Siziň men hakda bilesiňiz geldi-dä.
Mariýa Nikolaýewna birden oňa tarap öwrüldi.
— Sizde meniň nähili zenandygymy bilmek höwesi oýanmadymy? — Ol ýene diwanyň ýassygyna tirsegini goýdy. — Hawa-da, onsoňam öýlenjek bolup ýören adamdan, çyn söýgi bilen söýýän adamdan, o söýgi üçin atyşmadanam gaýtmaýan adamdan nämä garaşjak?.. Beýle kişi başga biri barada nädip pikir etsin!
Mariýa Nikolaýewna oýa batdy, ýöne göni hatar, süýt ýaly ak dişleri bilen ýelpewajynyň sapyny dişlemäge başlady.
Saniniň bolsa iki gün bäri daşlaşyp bilmän ýören humary ýene kellesine dolan ýaly boldy.

Mariýa Nikolaýewna ikisiniň arasyndaky gürrüň pessaý, pyşyrdy bolup eşidilýärdi, ol hem Sanini öňküsindenem beter gyjyndyrýardy, ozalkysyndanam beter tolgundyrýardy...
Bu ýagdaý haçan gutararka?
Saly gowşak adamlar beýle ahwalaty hiç wagt özleri gutarmaýarlar, onuň özi soňlanaryna garaşýarlar. Sahnada kimdir biri asgyrdy. Asgyrmak oýnuň ýazary tarapyndan esere «gülkünç pursat» ýa-da närse diýlip goşulandy, eserde şondan başga gülkünç zat, elbetde, ýokdy, tomaşaçylar bolsa şol pursatdan kanagatlanma tapýardylar, gülüşýärdiler.
Ol gülki Saniniň gaharyny getirýärdi.
Şeýlebir pursatlar boldy welin, Sanin şol mahallar özüniň gaharlanýandygyndanam, begenýändigindenem, içiniň gysýandygyndanam, şatlanýandygyndanam gutarnykly baş çykarmaýardy. Onuň şeýle ýagdaýyny Jemma bir bilsedi.

***

— Dogrudanam, bu geň — diýip, Mariýa Nikolaýewna birden dil ýardy. — Biri size şeýle parahat ses bilen: «Meň öýlenmek meýlim bar» — diýip habar berýär, ýöne hiç kim welin: «Meň özümi suwa taşlamak islegim bar» diýmeýär. Ýogsam şol iki habarda näme parh bar? Dogrudanam, geň ahwalat.
Sanini çaklama gurşap aldy.
— Uly parh bar, Mariýa Nikolaýewna! Käbir adama özüni suwa taşlamak howply hem däl — ýüzüp bilýär, ondanam başga... nikalaşmagyň geň-taňlygy hakda oýlansak welin... gürrüňi şoňa ýazdyrjak bolsak...
Ol birden dymdy-da, dilini dişledi.
Mariýa Nikolaýewna bir elindäki ýelpewajyny beýleki eliniň aýasyna urup goýberdi.
— «Dile geldi — bile geldi» Dimitriý Pawlowiç, saklanmaň. Men siziň näme diýjek bolýandygyňyzy bilýän. «Ony aýtjak bolsaňyz, merhemetli hanym Mariýa Nikolaýewna Polozowa, siziň nikalaşmagyňyzdan has geň zady göz öňüne getirmegem mümkin däl. Sebäbi men siziň adamyňyza oglanlykdan bäri gaty belet ahyryn!» Ine, siz şuny diýmek islediňiz. Siz ýüzmegi başarýaňyz!
— Rugsat beriň... — diýip, Sanin geplemäge başlajak boldy welin:
— Eýsem, şol nädogrumy? — diýip, Mariýa Nikolaýewna erjellik bilen sowal berdi. — Eýsem, şol hakykat dälmi? Aýdanymyň çyndygyny meniň ýüzüme seredibem kesgitläp bolar ahyryn?
Sanin öz nazaryny nirede gizlejegini bilmedi.
— Jogaby gürrüňsiz talap edýän bolsaňyz, aýdýanyňyz hakykat — diýip, ahyr ol ýüregini açmaly boldy.
Mariýa Nikolaýewna başyny yrady.
— Şeýle... şeýle-e... A, eýsem, siz özüňize: «Şol ýagdaý näme sebäp bilen ýüze çykdyka?» diýen sowaly berip görmediňizmi, ýüzüp bilýän gadyrdan? Garybam däl, akmagam däl, ýaramazam däl zenanyň beýle geň ädim ätmegine näme sebäp bolup bildikä? Sizi beýle sowal gyzyklandyrýanam däldir welin, bolsa-da, ony size häzir däl, arakesme gutaransoň düşündirerin. Men kimdir biri bu ýere geläýermikä öýdüp biynjalyk bolýan...

Mariýa Nikolaýewna iň soňky sözüni aýdyp-aýtmanka, dogrudanam, daşky gapynyň ýary açylyp, loža derläp duran, semizden owadan kelle sokuldy. Ol kelle entek ýaş hem bolsa eýýäm dişsizdi, ýelmeşip duran uzyn saçly, sallanyp duran burunly, ýarganatyňky ýaly ullakan gulakly, özüne çekiji manysyz gözleriniň üsti — *pince-nez* — altyn çaýylan äýneklidi. Içerä ser salan kelle, Mariýa Nikolaýewnany görensoň, gelşiksiz ýyrşarylyp, aşak-ýokaryk hereket etdi, damarlak boýun hem şol herekete goşuldy...

Mariýa Nikolaýewna «gelme» diýen manyda elýaglygyny galgatdy.

— Men öýde ýok! *Ich bin nicht zu Hause, Herr P...! Ich bin nicht zu Hause...*

Küş! Küş!

Kelle alan jogabyny geň gördi, mejbury gülen boldy, birmahal öňünde ýalynjaňlyk eden kompozitory Liste öýkünip, hamsygýan ýaly ses bilen: *Sehr gut! Sehr gut!*[27]— diýip ýitip gitdi.

— Kim ol şübheli ýaly adam?

— Olmy? Ol Wisbadeniň «Litterat» gazetiniň tankytçysy ýa-da, başgaça aýtsaň, hakynatutma hammal. Haýsy adyny tutasyň gelse tutubermeli. Ol şu jaýyň kireýkeşiniň elinde işe güýmenýär. Şonuň üçinem onuň hemme zadyny öwmeli, hemme zadyna haýran galmaly. Özüniňem öthaltasy ödüň iň zäherlisinden doldurylan. Ony daşyna çykarmagy-da başaranok. Men ony gybatçydyr öýdüp hem gorkýan. Häzir eňip gider-de, meň teatrdadygymy ile buşlar. Aý, nätse, şeýtsin!

Orkestr wals sazyny çaldy, perde ýene açyldy... Sahnada şol kelpez näz, ýene şol ýüregedüşgünç aglamjyrama başlandy.

— Ýagşy-y! — diýen Mariýa Nikolaýewna ýene özüni diwana goýberdi. — Gelinligiňiz bilen ýanaşyk oturmaly halyňyza, maňa gabat gelen bolsaňyz, indi meň bilenem oturmaly bolarsyňyz... gözüňizem elek-çelek etmäň, ganyňyzam gyzdyrjak bolmaň. Ýagdaýyňyza düşünýän, men siziň çar tarapyňyzy açyk etjekdigime ozal wada beripdim. Indi bolsa meniň kalbymyň teýinden çykýan sözlere gulak asyň. Iň gowy görýän zadymyň nämedigini bilmek isleýäňizmi?

— Erkinlik — diýip, Sanin derrew jogap gaýtardy.

Mariýa Nikolaýewna onuň eliniň üstünde elini goýdy.

— Hawa, Dimitriý Pawlowiç — diýen zenanyň sesi özboluşly, nähilidir bir şübhesizlik hem möhümlik bilen ýaňlandy. — Hemme zatdan ozal esasy, wajyby erkinlik. Ýöne siz meni şonuň bilen magtanýandyr öýdüp pikir edäýmäň. Ol häsiýetde öwünmek üçin hiç zat ýok — diňe şol häsiýet bar. Ol mydama bolupdy, soňky demime çenli hem bolar. Men çagalygymda gulçulygyň nämedigini göre-göre, gelýän. Şol zerarlam azap baryny çekýän. Ahyram *monsieur Gaston* — öz mugallymym meniň gözümi açdy. Bu gürrüňlerden soň, siz meniň näme sebäp bilen Ippolit Sidorowiçe äre çykmagymyň manysyna-da, belki, düşünensiňiz? Onuň bilen ýaşasam men — erkin, düýrmegim bilen erkin, edil howa ýaly, edil şemal ýaly erkin. Şeýle boljagyna men toýuň öňinçäsi göz ýetirdim. Onuň bilen ýaşasam, erkin kazak ýaly azat boljakdygyma-da ynandym.

Mariýa Nikolaýewna dymdy-da, ýelpewajyny bir gapdala taşlady.

[27]Örän oňat! Örän oňat!

— Size ýene bir zat aýdaýyn. Men oý-pikir bilen meşgullanmakdanam gaçalak edemok. Birinjiden-ä, oýlanmak, birhili, keýpli bolmaga iterýär, soňam akyl oýlanmak üçin berlipdir ahyryn. Öz edýän işlerimiň netijesi hakynda-ha özüm hiç mahal oýlanmaýaryn, oýlanmaly bolsa welin, janymy sähelçe-de gaýgyrmaýaryn, gaýgyrmagyň geregi hem ýok. Mende bir nakyl bar: *«Cela ne tire pas à conséquence».*[28]— Ony rus dilinde nädip aýdyp boljagyny bilmedim. Ol gaty dogry: *tire à conséquence?* Menden bu dünýede, şu toprakda hasabat-a soralmaýar, o ýerde bolsa (ol barmagyny ýokary göterdi), bilenlerinden galmasynlar, halanlaryny etsinler. Ol ýerde sorag edenlerinde, men başga biri bolaryn. Siz meni diňleýäňizmi? Içiňiz gysýamy?

Eglip oturan Sanin başyny galdyrdy.

— Birjigem içim gysanok, Mariýa Nikolaýewna. Siziň aýdýanlaryňyzy gyzyklanma bilen diňläp otyryn. Ýöne boýnuma alaýyn... siz maňa bu zatlaryň baryny näme üçin aýdýarkaňyz diýip, öz-özüme sowal berýärin.

Mariýa Nikolaýewna az-kem gobsundy.

— Siz özüňizden soraýarsyňyz... Siz beýle aňmazak adammy? Ýa-da şeýle sadamysyňyz?

Sanin kellesini has ýokary tutdy.

— Bu zatlaryň baryny size aýdyp berýänimiň sebäbimi? — diýip, Mariýa Nikolaýewna gepini asudalyk bilen dowam etdi. Ýöne onuň ýüzüniň aňladýan manysy sesiniň parahatlygy bilen bap gelmedi. — Sebäbi siz maňa gaty ýaraýarsyňyz; hawa, geň galmaň. Bilip goýuň, men oýun edýän däldirin. Sebäbi biziň duşuşygymyzdan soň, sizde özüm barada ýakymsyz ýatlama galmagynyň pikirini etmek maňa agyr degerdi ýa-da hatda gowy pikiriňem maňa, barybir, hiç hili täsiri bolmaz. Şol sebäplem sizi bu ýere alyp geldim hem ikiçäk galdym, açykdan-açygam gürrüň edýän... Hawa, hawa, açyk gürrüň edýän. Galat zat aýtmaýaryn. Bir zady belläň, Dimitriý Pawlowiç, men siziň başga birine göwün berendigiňizi bilýärin, oňa öýlenmekçidigiňizi-de bilýärin... Meniň akgöwünliligime, öz peýdama çapmaýanlygyma mynasyp baha beriň. Indi bolsa öz nobatyňyzda *«Cela ne tire pas à conséquence!»*, ýagny «ondan hiç hili zyýan gelmez» diýmeli pursadyňyz geldi.

Ol güldi. Ýöne gülki birden togtady, öz sözleri özüne ok bolup degen ýaly zenan doňup galdy, adaty wagtlar gözlerinde görünýän şadyýanlyga hem doguma derek çekinjeňligiňmi ýa-da gamgynlygyňmy alamatlaryna meňzeýän bir zatlar uçganaklady.

«Ýylan! Bu ýylan bolmaly! — Sanin içini gepletdi. — Ýöne nähili owadan ýylan!»

— Lornetkämi[29] äberiň! — diýip, Mariýa Nikolaýewna garaşylmadyk haýyş etdi. — Şol *jeune première*[30],dogrudanam, göz eglenmez ýaly derejede bigörkmükä? Şony biläýsem diýýän. Eýsem, görmegeý däl aktrisany ahlakly bolmagyň aladasyny edýän hökümet ýaşlar hetden aşmazlary ýaly ýörite belleýärmikä?

Sanin dürbini uzatdy. Mariýa Nikolaýewna çalt hereket etdi-de, emaý bilen onuň elini iki eli bilenem tutdy.

---

[28]«Yzynyň ideljek gümany ýok».

[29] Ulaldyp görkezýän hem eplenýän dürbi (terjimeçiniň belligi.)

[30]Başgahrymany oýnaýan aktrisa.

— Agras bolmazlyga-da ýol goýuň! — diýip, zenan ýylgyryp pyşyrdady. — Bilýäňizmi, näme, meni zynjyrlamak-ha mümkin däl, ýöne özümem hiç kimiň boýnundan zynjyr daňamok. Men erkinligi söýýän, tabyn bolmagy halamaýaryn. Bu diňe özüm babatda-da däl... Indi bolsa bir tarapa süýşüň, oýun göreliň!

Mariýa Nikolaýewna dürbini sahna gönükdirdi. Sanin hem ložanyň ýarym garaňkylygynda yz taraprakda öňe garap oturyşyna zenanyň ajaýyp bedeninden bölünip gaýdýan ýakymly mylaýymlylykdan hem hoşboý ysdan dem alyp, özünden erksiz dem alyp, onuň düýn uzyn günüň dowamynda, has beterem, soňky minutlarda aýdan zatlaryny kellesinde aýlady.

## XL

Oýun ýene bir sagatdanam gowrak dowam etdi, ýöne Mariýa Nikolaýewna bilen Sanin sahna uzak seredip oturmady. Ikiçäk gürrüň ýene gyzyşdy, ol hem öňküje ýoda düşdi, ýöne bu gezek Sanin kän dymmady. Ol özündenem, Mariýa Nikolaýewnadanam gaty görýärdi. Ol Mariýa Nikolaýewnany nazaryýet baradaky düşünjeler gyzyklandyryp barýan ýaly onuň «nazaryýetiň» başdan-aýak esassyzdygyny tekrarlamagyň aladasyny etdi, jedelleşmäge başlady. Mariýa Nikolaýewna bolsa jedeliň döremegine öz ýanyndan begendi. Sebäbi jedelleşige giren adamyň ýa-ha özi ýan bermelidi, ýa-da ol garşydaşyny dyza çökermelidi. Sypjyk balyk çeňňegiň ujundaky aldawaja tarap ýüzüp başlady, howsala düşüp ugrady, ýüzi birneme açyldy. Mariýa Nikolaýewna onuň käbir aýdanlaryna garşy gopdy, käbirlerini goldady, oýlandy, käte garşylyk görkezdi... Şol bir mahalyň özünde-de ol ikisiniň ýüzi barha golaýlaşýardy, Saniniň gözleri indi Mariýa Nikolaýewnanyň nazaryndan sowuljak bolmaýardy. Zenanyň gözleri ýigidiň ýüz keşbiniň üstünde azaşana, gezim edýäne meňzeýärdi. Sanin oňa jogap hökmünde ýylgyrýardy. Saniniň indi başga zatlara aralaşyp, mysal üçin, özara gatnaşyklar, borç, söýginiň hem nikanyň keramatlylygy hakda pikir edip ugramagy Mariýa Nikolaýewna üçin peýdady. Ol ýagdaý başlangyç badalga edinmekde-de, soňky nokady goýmakda-da derwaýysdy...

Mariýa Nikolaýewnany ýakyndan tanaýan adamlar zandy güýçli, durky berk bu zenanyň kalbynda birden näzikligiň, asyllylygyň, hatda gyz ejabyna ýakyn utanjaňlygyň döräp bilýändigini — beýle üýtgeşme nireden peýda bolýar o-da belli däl — ana, şonda ýagdaýyň gaty howply bolýandygyny aýdýardylar.

Sanin üçinem ýagdaý şol howply öwrüme baraýýan ýalydy. Egerýekeje pursat pikirini jemlemegi başarsady, ol öz-özüni ýigrenerdi welin, pikirini jemlemäge-de, özüni ýigrenmäge-de ýetişmeýärdi, netijede, öz bolşuny hem ýigrenmeýärdi.

Mariýa Nikolaýewna wagt ýitirmeýärdi. Bu zatlaryň bary-da Saniniň zenan gözi eglenmezçe ýigit däldiginden gelip çykýardy. Ýagdaý «Nirede tapyp, nirede ýitirjegiň bellisi ýok» diýmäge mejbur edýär.

Sahna oýny tamam boldy. Mariýa Nikolaýewna Saninden boýnuna şalyny atmagy haýyş etdi, ýumşak ýaglyk ajaýyp eginlere dolanýança gymyldaman durdy. Soň ol Saniniň elinden tutdy-da, otagdan çykdy, birdenem, ložanyň edil bosagasynyň daş tarapynda düýşe giren ýaly bolup Döngofyň duranyny görüp, tas gygyrypdy. Onuň

ýeňsesinde hem Wisbaden tankytçysynyň nejis sypaty göründi. «Litteratanyň» ýagjymak ýüzi ýigrenç bilen gülümsireýärdi.
— Paýtunyňyzy tapmagy maňa buýurmarsyňyzmy, hanym? — diýip, sesindäki gazabyny oňat ýaşyryp hem bilmeýän ýaş serkerde Mariýa Nikolaýewna ýüzlendi. Zenan:
— Ýok. Sag boluň! — diýen jogap gaýtardy. — Öz hammalym paýtuny getirer. Galaýyň! — Buýruk beriji pyşyrdysy eşidilen zenan Sanini hem ýany bilen alyp, ol ýerden derrew gitdi.
— Güm boluň! Näme söbügimi basyp ýörsüňiz? — diýip, gaharyny kimdenem bolsa birinden çykarmaly Döngof birden litteratyň ýüzüne jabjyndy.
— Sehr gut! Sehr gut! — diýip samran litterat şol bada ýumlukdy.
Aşakda garaşýan hammal Mariýa Nikolaýewnanyň paýtunyny derrew gözläp tapdy. Hanym ulaga çakganlyk bilen mündi, Sanin hem gapdalynda ornaşdy. Paýtunyň gapysy ýapylan badyna, Mariýa Nikolaýewna uzak wagtlap, gara çyny bilen güldi.
— Siz beýle nämä gülýäňiz? — diýip, Sanin gyzyklandy.
— Meni bagyşlaň welin, eger Döngof meň üçinem siz bilen atyşmaly bolaýsa diýen pikir kelläme geldi-de... Nähili geň zat!
— Siz onuň bilen ýakyndan tanyşmysyňyz? — diýen Sanin soraman oturyp bilmedi.
— Şoň bilenmi? Şol oglanjyk bilenmi? Ol meň üçin ýumuş oglany. Siz biynjalyk bolmaň!
— Men asla biynjalyk bolamok.
Mariýa Nikolaýewna uludan dem aldy.
— Wah, siziň biynjalyk bolmaýandygyňyzy men bilýän-le. Ýöne gulak asyň, bilýäňizmi, näme: siz şeýlebir mylaýym ýigit, şonuň üçinem meniň iň soňky haýyşymy berjaý etmekden ýüz öwürmäň. Ýene üç günden men-ä Pariže gidýän, sizem Frankfurta dolanýarsyňyz... Biz haçan duşuşarys?
— Ol haýyşmy näme?
— Siz. Elbetde, at münüp bilýänsiňiz?
— Hawa.
— Onda şeýle. Ertir irden men sizi ýanym bilen alyp gidýän. Ikimiz şäheriň daşyna gezelenje çykarys. Atlaryňam iň gowularyny müneris. Gezelençden gelibem siziň mülkli meseläňizi gutarnykly çözeris. Amin! Meniň bolşuma geň galmaň, ynjyklyk hasaplamaň, akylyndan azaşyp ýörendir öýtmäň — bularyňam bolaýmagy ahmaldyr welin. Näme çaklasaňyz çaklaň, ýöne «gitjek däl» diýmäň.
Mariýa Nikolaýewna Sanine ýüzüni öwürdi. Paýtunyň içi garaňkydy, emma şol garaňkylykda-da zenan gözleriniň lowurdysy göründi.
Sanin uludan dem alyp jogap gaýtardy.
— Baş üstüne! Men razy.
— Ana, siz uludan dem aldyňyz!
Mariýa Nikolaýewna ony öjükdirdi. — «Başlan işiňi gutarman goýma» diýipdirler. Ýöne ýok, ýok... Siz gowy ýigit bolanyňyz üçin... menem beren wadamda duraryn. Ynha, meň elim, özi-de elliksiz, ýalaňaç. Üstesine-de, sag elim — işe gaýym el. Şu eli alyň-da, onuň gysyşyna ynanyň. Men özümiň niçiksi zenandygymy bilemok, ýöne adam hökmünde päkdirin. Iş salşaňda maňa bil baglap bolar.

Sanin edýän hereketi hakynda düýpli oýlanman, onuň elini dodagyna ýetirdi. Mariýa Nikolaýewna elini yzyna alansoň, dymdy, tä paýtun saklanýança-da geplemän oturdy.

Ol ulagdan düşüp ugranda... Bu nämäniň alamaty? Ýa-ha Saniniň göwnüne şeýle bolup duýuldy, ýa-da hakykatdanam, ýaňagy ýiti köz basylan ýaly bolup, ýanyp gitdi.

— Ertir duşuşýançak, sag boluň! — diýip, özi geleni sebäpli, altyn suwy berlen ýaly eşik geýnen gapy sakçysynyň üsti dört şaha şemli ullakan şemdany alyp çykmagy bilen ýagtylan basgançaga ýeten Mariýa Nikolaýewna dillendi. Onuň nazary aşak bakýardy. — «Ertire çenli!»

Öz otagyna dolanyp gelen Sanin stoluň üstünde Jemmadan gelen hatyň ýatandygyny gördi. Ol ilki bir pursat gorky astyna düşdi, öz öňünde öz gorkusynyň üstüni çaltrak basyrmak üçinem begendi. Hat bary-ýogy birnäçe setirden ybaratdy. Jemma tutulan işiň başynyň şowunadygyna begenýändigini belläp, söýgülisine kanagatly bolmagy maslahat berýärdi, yzyndanam öýdäkileriň hemmesiniň sag-salamatdygyny, olaryň Saniniň dolanyp gelmegine öňünden begenip garaşýandyklaryny ýazýardy. Ol gyzyň hatyny birneme guraksy hasap etdi, ýöne kagyz-galama welin ýapyşdy... başga aladany taşlady. «Näme ýazmaly? Ertir özüm dolanýan. Çak boldy, çak boldy!»

Ol derrew ýorgana girdi-de, tizräk uklamagyň aladasyny etdi. Ýorgana girmän, aýak üstünde gezip ýören bolsa, belki, ol Jemma hakda pikir ederdi, häzir welin, söýgülisini ýatlamak, näme üçindir... utançdy. Belkem, wyždany az-kem oýanandyr. Ol ertir bu zatlaryň hemmesiniň ömürlik soňuna çykylýandygy bilen öz-özüni köşeşdirýärdi, ertir şol kakabaş zenan bilenem hemişelik hoşlaşyp, bu bolgusyz zatlary hakydasyndan çykarar.

Ejiz adamlar içini gepledenlerinde güýç beriji aňlatmalary höwes bilen ulanýarlar.

*Et puis... cela ne tire pas à conséquence!*

## XLI

Sanin ýorgana girende şeýle pikir etdi. Ýöne ertesi gamçysynyň merjen sapy bilen gapyny sabyr-takatsyz kakyp, at münülende geýilýän garamtyl ýaşyl eşiginiň uzyn art etegini eline alan Mariýa Nikolaýewna bosagada durdy. Onuň ýogyn örülen buýra saçlarynyň depesinde erkek adamynyň kiçijik papagy bardy, egnine ýuka nykap mata taşlanandy. Onuň dodaklaryny, gözlerini, özüne çekiji ýylgyryşlaryny gören pursady Saniniň näme pikir edendigi barada welin taryh dymýar.

— Taýynmysyňyz? — diýen şadyýan ses ýaňlandy.

Penjeginiň iliklerini ildiren Sanin sesini çykarman, papagyny aldy. Mariýa Nikolaýewna oňa ýakymly nazar aýlap baş atdy-da, basgançak bilen haýdap aşak gitdi. Sanin hem onuň yzyndan ylgady.

Kelle süňki bildirip duran eti ýuka, gara gözleri hanasyna sygmajak bolýan, sugun aýakly, biraz hortaň, ýöne sarç, owadan, altyn öwüsýän al reňkli tohum baýtal Mariýa Nikolaýewna niýetlenendi. Daýaw, üsti ýaýbaň, göwresi agyr, hiç hili tegmilsiz gara at Sanin üçindi, üçünji at hyzmatkär ýigidiňkidi. Mariýa Nikolaýewna baýtalynyň eýerine ýeňillik bilen gondy. Haýwan aýaklaryny tapyrdadyp, duran ýerinde aýlanyp başlady, guýrugyny jaýtardyp, sagrysyny ýygyrdy. Ýöne Mariýa Nikolaýewna jylaw tutmaga ökde bolansoň, oňa erk etmegi başardy. Balahanada peýda bolan şol bir

başgaply, egni öýde geýilýän eşikli, döşi açyk Polozow bilen sagbollaşmak gerekdi. Ol duran ýerinden elýaglygyny bulaýlaýardy, ýylgyrmaýardam, ýyrşarmaýardam, gaýtam ýüzüni çytýardy. Sanin hem atlandy. Mariýa Nikolaýewna Polozow bilen gamçysyny galdyryp sagbollaşdy, soňam gamçy bilen baýtalyň ýaý berip duran tekiz boýnuna urdy, ol çarpaýa galyp, öňe atyldy-da ozal öwredilişi ýaly ýygjam ädimläp, ähli damarlaryny titredip, demir agyzdyrygy bilen howa çeýnäp, burnuny batly parryldadyp ýöräp ugrady. Yzdan atly gelýän Sanin Mariýa Nikolaýewnany synlaýardy. Onuň inçemik, kemer bilen mäkäm guşalan çeýe bedeni baýtalyň hereketi bilen sazlaşykly hereket edýärdi. Ýüzüni yza öwren zenan ýoldaşyny gözleri bilen yşarat edip golaýyna çagyrdy. Sanin onuň bilen deňleşdi.

— Görýäňizmi, nähili oňat! Men size soňky pursat, aýralygyň öň ýanynda aýdýan: siz ajaýyp adam, hem puşmanda galmarsyňyz.

Şol iň soňky sözler agzyndan çykansoň, aýdanyny hereket bilenem tassyklamak hem onuň gymmatyny Saniniň duýmagyny gazanmak üçin Mariýa Nikolaýewna kellesini aşak-ýokaryk yrady.

Onuň şeýle bagtyýar görünýändigine Sanin haýran galýardy. Hatda Mariýa Nikolaýewnanyň ýüzünde edil çaga häsiýetlerine meňzeş şatlykly hoşallyk ýaly duýgy döredi.

Olar golaý aralykda ýerleşýän harby çäkara çenli atlary maýdalyna sürüp, ondan aňryk, şaýola düşülensoň, gorgunyna goýberdiler. Howa diýseň oňat, tomsuň güni ýalydy. Garşydan öwüsýän şemal gapdalyňdan ýakymly ses bilen pessaý sykylyk çalyp geçýärdi. Keýpiköklük, ýaş, sagat bedeniň, erkin, okgunly öňe barýan hereketiniň duýgusy at üstündäkileriň ikisini-de gurşap alypdy. Ol duýgy pursat geçdigi saýy güýjeýärdi.

Mariýa Nikolaýewna jylawy çekdi, ýaby ýene öz peýwagtyna ýöräp başlady. Sanin hem ýoldaşynyň göreldesine eýermeli boldy.

— Ine, — diýip, Mariýa Nikolaýewna gepi çuň, lezzetli dem almakdan başlady. — Ine, diňe şuň üçinem ýaşasaň bolýa! Amal etmegi mümkin däl islegiňi amal etmegi başardyňmy, şondanam, baş üstüne, artykmajy bilen peýdalanmagy oňar. — Ol elini kekirdegine keseligine goýdy. — Şonda adam özüni şeýle rehimdar, açyk, adamçylykly duýýar! Ynha, häzir men nähili hoşniýetli! Älem jahany gujaklaberesim gelýär. Ýok, tutuş älemi däl... Ana, şony welin, men gujaklamazdym. — Ol gamçysy bilen gapdaldan peýda bolan gyşarylyp barýan, gaty çüprek geýnen gojany görkezdi. — Ýöne men ony bagtyýar etmäge welin taýyn. Me, şuny alyň! — diýip, gaty gygyran zenan gojanyň aýagynyň astyna pul haltajygyny zyňyp goýberdi. Göwrümlije içi pully haltajyk (o mahallar aýallaryň göterýän gapjygy ýokdy) ýola gütläp düşdi. Aňk bolan garyp ýolagçy aýak çekdi, Mariýa Nikolaýewna bolsa ýabysyny öňürdigine goýberdi.

— At münmek size şeýle hoş ýakýamy? — diýip, onuň yzyndan ýeten Sanin sowal berdi.

Mariýa Nikolaýewna ýabysyny ýene duşaklanan ýaly edip, sakga saklady. Zenan ony başga hili edip duruzmaýardy.

— Men ýaňky garybyň minnetdarlygyndan gaçmak üçin ýaba gamçy çalypdym. Eden ýagşylygym üçin minnetdarlyk bildirilse, alýan lezzetim bozulýar. Sebäbi ol ýagşylygy ýagşylyk edýänim üçin däl-de, özüm üçin edýän ahyryn. Özüme ýagşylyk

bolsun diýip edýän işim üçin maňa minnetdar bolmaga oň nä haky barmyş! Siziň näme soranyňyzy men eşitmändirin...
— Men neme diýip soradym... men şu gün keýpiňiziň şeýle gowudygynyň sebäbini bilmek isledim.
— Bilýäňizmi, näme... — Ol ýa-ha Saniniň sowalyny eşitmedi, ýa-da oňa jogap gaýtarmak gerek hem däl hasaplady. — Yzymyzdan sokulyp gelýän hammal meni halys irizdi. Özi-de ol: «Bular haçan öýe dolanarkalar?» diýen sowalyň jogabyndan gaýry zadyň pikirini etmeýän bolsa gerek. Şondan nädip sypyp bolarka? — Ol jübüsinden çaltlyk bilen ýazgy depderjigini çykardy. — Oňa şähere hat äkitmegi buýurmalymy? Ýok, ol-a bolmaz. He! Bu başga gep. Öňden görünýän näme? Garbanyşhana dälmi?
Sanin onuň görkezýän tarapyna seretdi.
— Hawa, garbanyşhana ýaly.
— Garbanyşhana bolsa gowy-da. Men oňa tä biz dolanyp gelýänçäk, şol ýerde arpa suwuny iç-de, otur diýip buýruk bererin.
— Ol birhili pikir etmezmi?
— Onuň nähili pikir edeniniň bize näme dahyly bar! Aslynda-ha, ol hiç zadyň, arpa suwundan başga hiç zadyň pikirini hem etmez. Hany, Sanin (ol ilkinji gezek onuň diňe familiýasyny tutdy), gorgun sür!
Garbanyşhanaň deňine barlanda, Mariýa Nikolaýewna hyzmatkär ýigidini ýanyna çagyrdy-da, talabyny aýtdy. Asly iňlis, iňlis joşgunly hyzmatkär sesini çykarman elini çekgesine ýetirip, tagzym etdi, münüp oturan atyndan düşdi-de, rişmesini eline aldy...
— Indi biz erkin guş mysaly! — diýip, Mariýa Nikolaýewna hoş bolup dillendi. — Hanja uçýas — demirgazygamy, günortamy, gündogaramy, günbataramy? Men edil wenger korolynyň täç geýdiriş dabarasyndaky ýalydyryn (ol gamçynyň ujy bilen dünýäň dört tarapyny hem görkezdi). Hemme zat özümiziňki. Ýok, bilýäňizmi, näme... nähili ajaýyp dag, nähili owadan tokaý. Görýäňizmi? Daga süreli, daga!

*In die Berge, wo die Freiheit thront!*[31]

Ol şaýoldan sowlup, dogrudanam, daga barýan, ýörelip torç edilmedik ýoljagaza düşdi. Sanin hem atyny onuň yzyndan sürdi.

## XLII

Ol ýoljagaz bahym ýoda öwrüldi, ahyrynda-da salmanyň kesip geçmegi bilen ýitip gitdi. Sanin yza dolanmagy maslahat berdi welin, Mariýa Nikolaýewna unamady: «Ýok, meň daga barasym gelýä. Guşlaň uçuşy ýaly göni süryäs!» Ol öz ýabysyny ýapjagazdan böküp geçmäge mejbur etdi. Sanin hem ol hereketi gaýtalamaly boldy. Ýapjagazyň aňyrsyndan otluk düz meýdan başlanýardy. Meýdan başda gup-gurudy welin, soň çygly boldy, ahyrynda-da mazaly batgalyk ýere öwrüldi, basan ýeriňden suw çykýardy, çukanaklaram suwdan doludy. Mariýa Nikolaýewna ýabysyny

[31]Erkinligiň döwran sürýän ýeri bolan daga!

bilgeşleýinden suwly çukurjyklaryň üstünden sürýärdi-de, «jak-jak» urup gülýärdi, arasynda-da: «Hany, garagollyk edeli-le!» — diýýärdi.
— Siz «syçrantgy awlamak» diýmegiň nämedigini bilýäňizmi? — diýip, Mariýa Nikolaýewna Saninden sorady.
Sanin:
— Bilýän — diýip jogap gaýtardy.
— Meň daýym tazy bilen aw edýärdi. — Mariýa Nikolaýewna dowam etdi. — Bahar aýlary awa çykanda, menem kän gezek oň ýany bilen gidipdim. Duranja gudrat-da! Ine, ikimizem şol çisňeýän ýagşyň astynda. Ýöne görýän welin, siz rus adamy bolsaňyzam, italýan gyzyna öýlenmek isleýärsiňiz. Ýeri bolýa-da, ol siziň gaýgyňyz... Bu näme? Ýene garym barmy?.. Hop!
Ýaby ýapdan towsup geçende, Mariýa Nikolaýewnanyň başgaby ýere gaçyp, togar saçlary eginleriniň üstüne döküldi. Sanin atdan düşüp, başgaby almakçy bolanda, Mariýa Nikolaýewna: «Azara galmaň, özüm alaryn!» diýip gygyrdy. Ol eýer gaşynda oturan ýerinden aşak eglip, elindäki taýajygynyň sapyny ýukajyk mata işligine ildirip, başgaby ýokaryk göterdi-de, kellesine geýdi, ýöne saçlaryny welin ýygnaşdyrman, gykuwlap, ýabysyna gamçy urdy. Sanin hem yza galmady, onuň bilen bile joýalardan, päsgelçiliklerden, suwly çukurlardan geçdi. Onuň aty süssenekleýärdi, ýene galýardy, şeýdip, daga tarap eňip barýardy. Sanin şol ýagdaýda-da Mariýa Nikolaýewnanyň ýüzünden gözüni aýyrmaýardy. Ol nähili ýüzdi? Ol ýüz açyk aýdyň ýalydy: ýagty, teşnewi, jylawsyz erkin nazarlar, dodaklar... burnunyň giňän deşikleri nebsewürlik bilen dem alýar, ol gözler göni öňe seredýärler, ol gözler dikanlap seredýärler, şol gözleriň görýän zatlarynyň hemmesine: ýere, asmana, Güne, hatda howa-da ol zenanyň özi eýelik etmek isleýär, ol diňe bir zada — howpuň az gabat gelmeýändigine ahmyr edýär. Howp näçe bolsa-da, ol zenan ýan bermezdi. «Sanin! — diýip, ol gygyrýar. — Bu ýagdaý edil Býurerowanyň «Lenoresindäki» ýaly bolýar. Diňe siz öli däl diýäýmesek. Şeýle dälmi? Öli däl gerek?.. Men-ä diri!» Onuň damarlarynda gaýduwsyz güýç joş urdy. Bu eýýäm at üstündäki aýalyň aty öňürdige goýberişi däldi-de, at çapýan ýaş kentawr[32] zenandy, ýarym wagşy, ýarym hudaýdy. Zenanyň göçgünlilik bilen üstünde dabyrap ýörşüne, giň hem agras dem alýan sähra haýran galýardy.
Mariýa Nikolaýewna derden ýaňa endamyna ak köpürjik çykan, üsti hapa syçrantgydan dolan ýabysyny ahyr duruzdy. Ol janawar zenanyň aşagynda yraň atýardy, Saniniň agyr göwreli ýaş atynyňam demi-demine ýetişmeýärdi.
— Nähili? Hezilmi? — diýip, Mariýa Nikolaýewna aýratyn bir jadyly pyşyrdy bilen sorady.
— Jennet! — diýip, Sanin joşgunly ses bilen jogap gaýtardy. Onuňam gany damarda at saldy.
— Tagapyl ediň, entek nämäni görýäňiz! — Ol elini uzatdy. Ellik dagy ýyrtylyp giden eken.
— Men sizi hem daga, hem tokaýa elterin diýipdim. Ynha, size dag. — Aýdylýan hakykatdy: ýeser atlylaryň gelip saklanan ýerinden iki ýüz ädim çemesi öňde belent

[32]Kentawr — gadymy grek miflerindäki göwresiniň ýary adam, ýary at jandar (terjimeçiniň belligi.)

başly, tokaýa bürenen dag bardy. — Serediň, anha-da ýol. Az-kem demimizi dürsäp, gidibereris, atlary-da indi gaty gyssamaly däl. Biraz dynç bermeli.

Olar öňe gitdiler. Elini bir gezek batly silkip, Mariýa Nikolaýewna buýra saçlaryny arkasyna taşlap goýberdi, soňra ellerine garady-da, elliklerini çykardy.

— Elimden gaýşyň ysy geler durar. Ýa oň siz üçin parhy ýokmy? Ä?.. —Mariýa Nikolaýewna ýylgyrdy, Sanin hem oňa, ýylgyryş bilen jogap berdi. Şu günki göçgünli at münüşlik olary gutarnykly ýakynlaşan ýaly etdi, dostlaşyga getirdi.

— Siz näçe ýaşyňyzda? — diýip, Mariýa Nikolaýewna birden sowal berdi.

— Ýigrimi iki.

— Beýle däl bolaýmasa. Menem ýigrimi ikimde! Ömrüň gowy çagy-da. Ikimiziň ýaşymyzy birleşdirseňem, garrylyga çenli kän wagt galýar. Howa yssy. Meň ýüzüm gyzardymy?

— Edil haş-haşyň güli ýaly bolup gyzardy.

Mariýa Nikolaýewna ýaglygy bilen ýüzüni syldy.

— Tokaýa ýetip biläýsek... Agaçlaryň arasy salkyndyr. Köne tokaý köne dost ýaly bolýarmyş. Siziň dost-ýaryňyz barmy?

Sanin az-kem oýlanyp jogap gaýtardy.

— Bar... ýöne kän däl. Çyn dostum ýok.

— Mende hakyky dostlar bar, emma hemmesem ýaş. Ynha, at hem dost. Ol seni barjak ýeriňe ynjytman eltýär... Bu ýerler nähili ajaýyp! Eýsem, men birigün Parižе gidýärmikäm?

— Dogrudanam, gidýäňizmi? — diýip, Sanin hem gepi alyp göterdi.

— Sizem Frankfurta gidýäňizmi?

— Men hökman Frankfurta barmaly.

— Nätjek-dä! Taňry ýaranyňyz bolsun! Oňa derek şu günki gün biziňki... biziňki... biziňki!

***

Atlar tokaýyň gyrasyna baryp ýetdiler. Agaçlaryň goýy kölegesi olary ýumşak, salkyn ýapynja bolup töwerekleýin gurşady.

— Bu ýeri jennet eken! — diýip, Mariýa Nikolaýewna dillendi. — Aňyrrak, kölegäniň has goýy ýerine gitmeli, Sanin.

Atlar zordan yranyp, burunlaryny parryldadyp, «kölegäniň has goýy ýerine» tarap ýörediler. Olaryň barýan ýodajygy birden gapdala öwrüldi-de, örän darajyk jülgä eltdi. Mawumtyl gyzyl reňkli wereskanyň[33], paporotnigiň, çam şepbiginiň, geçen ýyl düşen ýapraklaryň tutuk ysy mäjum bolup, melul ediji agyrlyk döredýärdi. Ullakan guba daşlaryň çat açan ýerlerinden arassa salkyn howa urýardy. Ýodajygyň iki tarapyndaky ýaşyl moha bürenen tümmejikler güberlişip ýatyrdylar.

— Saklanyň! — diýip, Mariýa Nikolaýewna Sanine ýüzlendi. — Şu mahmallaň üstünde oturyp dynç alasym gelýär. Maňa atdan düşmäge kömek ediň!

[33]Wereska — gyrymsy agajyň ady.

Atdan towsup düşen Sanin oňa tarap atyldy. Mariýa Nikolaýewna onuň egnine ýapyşyp derrew ýere bökdi-de, mahmal moh ýapynan tümmejikleriň biriniň üstünde oturdy. Sanin bolsa onuň öňünde iki atyň jylawuny hem elinde saklap durdy.
Zenan oňa gözüni aýlady.
— Siz unutmagy başarýaňyzmy, Sanin?
Düýn paýtunyň üstünde bolan waka Saniniň ýadyna düşdi.
— O näme diýdigiňiz boldy... sowalmy ýa gyjalatmy?
— Men enemden dogup, hiç kime gyjalat beren däldirin. Siz jadygöýlige ynanýaňyzmy?
— O nähili?
— Jadygöýlik-dä.. Bilýäňizmi, biziň aýdymlarymyzda-da agzalýar. Sada rus halk aýdymlarynda.
— He-e! Ony diýýäňizmi? — Sanin sesini süýükdirdi.
— Şol hakda aýdýan. Men ynanýan, sizem ynanarsyňyz.
— Jadygöýlik... Jahanda hemme zat bolup biler. Beýle zatlara men ozal ynanmaýardym welin, indi ynanýan. Şoň üçinem özüm-özümi tanamok.
Mariýa Nikolaýewna esli oýlanyp, oňa garady.
— Göwnüme bolmasa, bu ýerler maňa ozaldan tanyş ýaly. Hany, Sanin. Şol ýaşyl meşe agajynyň arkasyna serediň, agaçdan ýasalan gyzyl haç barmyka ýa-da ýok?
Sanin gapdala birki ädim ätledi-de:
— Bar — diýdi.
Mariýa Nikolaýewna oýlanyp, töwerege garanjaklady.
— A, bolýa... Indi nirededigimizi bildim. Entek azaşamzok. Bu düňk-düňk näme? Agaç çapylýamy?
Sanin bir tarapa seretdi.
— Hawa, ho ýerde bir adam gury şahalary çapyşdyryp ýör.
— Del adam bar bolsa, saçymy bir tertipleşdireýin. Birden, erbet zadyň pikirini edäýmesinler onsoň. — Ol başgabyny aýryp, ses-üýnüni çykarman, tekepbir görnüşe girip, uzyn saçyny örmäge başlady. Sanin bolsa öňünde oňa seredip durdy. Kä ýerine mohuň gulpaklary ýelmeşen garamtyl begresiniň epinleriniň aňyrsyndan zenanyň syratly bedeniniň sudurlary mese-mälim bildirip durdy.
Saniniň arka tarapynda duran atlaryň biri birden silkindi welin, onuň özi hem özünden biygtyýar başdan-aýak titräp gitdi. Saniniň aňynda ähli zat bulaşypdy, damarlary çekilen tar ýaly dartyldy. Onuň öz-özümi tanamok diýmesi hem ýöne ýere däldi... Ol, dogrudanam, jadylanandy, tutuş durky bir, diňe bir pikir, diňe bir höwes bilen gurşalandy. Mariýa Nikolaýewna oňaýiti nazaryny aýlady.
— Indi hemme zat ýerbe-ýer boldy — diýip, ol başgabyny geýdi. — Siz oturjak dälmisiňiz? Ine, şu ýere! Ýok, garaşyň... oturmaň... Bu näme boldugy?
Agaçlaryň depesinde, tokaý howasynda güňleç sarsgyn gümmürdäp gitdi.
— Gök gübürdeýämikä?
— Dogrudanam, edil gök gürlän ýaly...
— Wiý, bu baýramçylyk, ýönekeý baýramçylyk. Bir ýetmezimiz şoldy. — Gümmürdi ikinji gezek hem asmana göterildi-de, sarsgyn bilen aşak düşdi. — Ajap! Örän ajap! Düýn size «Eneida» hakda aýdanym ýadyňyzdamy? Olaram tokaýda harasada gabat gelýäler. Bolsa-da, ýola düşmeli. — Ol derrew ýerinden turdy. —

Meň ýabymy getiriň... Eliňizi hem maňa basgançak ediň. Hawa, şeýle. Men onçakly agyr hem däldirin-le.
Ol ýeňil guş ýaly bolup eýere gondy. Sanin hem atlandy.
— Siz öýe gidýäňizmi? — diýip, Sanin gowşaksy ses bilen sorady.
— Öýemi? — diýip, sesini süýndüren zenan jylawy eline aldy. Soňundanam. — Meň yzymdan sürüň! — diýip, gödegräk äheň bilen buýruk berdi.
Ol ýola düşdi, gyzyl haçyň hem gapdalyndan öwrülip, oý ýere çykdy, çatryga ýetdi, saga sowuldy, ondanam daga tarap ýöneldi... Çaky, ol hanja tarap ýola düşenini gowy bilýäne meňzeýärdi. Ýol barha tokaýyň jümmüşine aralaşýardy. Zenan hiç zat diýmeýärdi, hiç zada garamaýardy, diňe hökümdar görnüşi bilen öňe barýardy. Özündäki erk uçgunlary sönen, ýüregi doňan Sanin hem tabynlyk bilen, sesini çykarman, onuň yzyndan sürüp otyrdy. Ýagyş şitirdäp başlady. Zenan ýabysyny gyssady, Sanin hem ondan galmady. Ahyr hem arçalaryň garamtyl ýaşyl şahalarynyň arasyndan, telär ýaly bolup duran gaýanyň aşagyndan pessejik gapysy örme diwara ýelmenen pukaraja garawulhana meňzeş jaý göründi... Mariýa Nikolaýewna ýabysyny çöp-çalamlyklary, şahalaryň arasyny böwsüp geçmäge mejbur etdi. Ol eýerden syrylyp düşdi, birdenem garawulhananyň gapysynyň öňüne baransoň, yzyna gaňryldy-da, Sanine «Eneý» diýip pyşyrdady.

***

Dört sagat geçenden soň, Mariýa Nikolaýewna bilen Sanin eýer gaşynda irkiljiräp oturan hyzmatkäri hem yzlaryna tirkäp, Wisbadene geldiler. Iş dolandyryja ýazan hatyny hem alyp çykan jenap Polozow aýalyny myhmanhananyň öňünde garşy aldy. Oňa has üns bilen sereden jenabyň ýüzünde az-kem närazylyk alamaty döredi, hatda ol:
— Be, jedelde utulaýdymmykam? — diýdi.
Mariýa Nikolaýewna jogaba derek diňe eginlerini gysdy.

***

Hut şol günüň özünde, iki sagat geçenden soň, Sanin öz otagynda Mariýa Nikolaýewnanyň öňünde perişan halda, tapdan düşen adam ýaly bolup durdy...
— Nirä gitmeli etdiň? — diýip, ol Sanine sowal berdi. — Parižemi ýa Frankfurta?
— Men seň bolýan ýeriňe gidýän — tä kowýançaňam ýanyňda bolýan — diýip, çykgynsyz ýagdaýdaky Sanin öz bendiwanynyň elleriniň üstünde başyny goýdy. Ol çekip alan ellerini Saniniň kellesine eltdi-de, on barmagynyň onusy bilenem onuň saçyny penjeledi, näme etse-de garşylyk görkezilmeýän zenan, saçlary howlukman dörüşdirdi, towlaşdyrdy, özi bolsa dikeldi, dodaklarynda söweşde üstün çykan ýylanyň dabara beslenişi ýaly görnüş döredi, giňden açyk ýagty gözleri bolsa, diňe rehimsiz çöňňelgi, ýeňşi hem doklugy aňlatdy. Tutan awuny penjeleri bilen parçalaýan gyrgynyň gözleri şeýle görnüşde bolýardy.

## XLIII

Ümsüm iş otagynda köne kagyzlaryny dörüşdirip otyrka, olaryň arasyndan goýy gyrmyzy reňkli haç tapan Dimitriý Sanin, ana, şol ýokarky beýan edilen zatlar barada oýlandy. Biziň aýdyp beren wakalarymyz onuň aň garaýşynyň öňünden yzly-yzyna, hakykat ýaly bolup geçip gitdi. Ýöne ol şeýle kiçelip hanym Polozowa ýalbaran pursadyny, tekepbirligini onuň aýagynyň astyna taşlan gezegini, oňatabynçylygynyň başlanan wagtyny ýatlanda göz öňüne gelen görnüşleri aňyndan kowdy, olary gaýtadan ýatlamak islemedi. Gep hakydanyň ýukalmagynda, wakalaryň ýatdan çykmagynda däldi. Şol pursatdan soň nämeleriň bolup geçeni onuň ýadyndady, gaty oňat ýadyndady, ýöne utanjy häzirem, nijeme ýyllar geçensoňam, bogup alyp barýardy. Hakydasyna dymmagy buýurmasa, ol ýeňip geçip bilmeýän, özüne bolan ýigrenjiniň möwç urup, beýleki duýgularynyň ählisini, şübhesiz gark etjekdiginden gorkýardy. Ýöne peýda bolýan ýatlamalardan hernäçe ýüz öwürse-de, gutarnykly daşlaşmak welin başartmaýardy. Ol Jemma ýazan, ýöne jogapsyz galan gözýaşdan, galplykdan, ejizlikden doldurylan bolgusyz hatyny ýatlady. Eden beýle dönükliginden, kezzaplygyndan soň onuň üstüne barmak... Ýok! Ýok! Şoňa düşünmäge ýeter ýaly onda entek az-owlak utanç-haýa galan ýaly. Üstesine-de, ol özüne ynamyny gaçyrdy, hormatyny ýitirdi. Indi onda çigit ýaly zada-da kepil geçip biler ýaly agram ýokdy. Sanin soň Polozowyň hammalyny Frankfurta ýollap (Nähili ejizlik!), öz zatlaryny getirdişini, gorkuşyny, namartlaýşyny, diňe bir zadyň — tizräk Pariže, Parize gitmegiň pikirini edendigini, Mariýa Nikolaýewnanyň buýrugy bilen Ippolit Sidorowiçe meňzemeli bolandygyny, barmagynda hanymyň edil özüne sowgat eden demir ýüzügi ýaly ýüzügi bolan Döngof bilenem arany sazlamaga çenli ýetendigini ýatlady. Ol zatlaryň yzyndan, olardanam beter, olardanam has masgaraçylykly ýatlamalar aňynda janlandy. Hyzmatkär oňa «tanytgyç petegini» getirýär. Tanytgyçda onuň hökmürowanlyk alyhezreti gersog Modenskiniň köşk aýdymçysy Pantaleone Çippatolanyň ady bar. Ol gojadan gaçyp gezýär, ýöne duşuşmakdan gaçyp gutulyp bilmeýär, myhmanhananyň dälizinde ikisi biri-birine pete-pet gelýär. Saniniň öňünde janyýangynly adamynyň ýüzi, ýokaryk hüžžerip duran çal saç, daşkömür közi ýaly bolup ýanyp duran garry gözler peýda bolýar, gulagyna haýbatly ýigrenji, ondanam beterräk *«Maledizione!*[34]*»* diýen ses eşidilýär. Hatda ondanam has aýylganç: *«Codardo! Infame traditore!*[35]*»*... Sanin gözlerini süzüp, başyny silkeýär, zol-zol ýüzüni bir tarapa sowýar. Barybir, özüniň paýtunyň öň tarapyndaky darajyk ýerde oturandygyny görýär... Yzky, has ynjalykly orunda Mariýa Nikolaýewna bilen Ippolit Sidorowiç ikisi otyr. Dört at sazlaşykly gorgun bilen paýtuny Wisbadeniň daş düşelen köçesi bilen Parize, Parize tarap alyp barýar! Ippolit Sidorowiç Saniniň arassalap beren armydyny iýýärdi. Mariýa Nikolaýewna bolsa oňa şol tanyş — hökmürowan hojaýynyň özüne tabyn bolan adamyň üstünden gülüşi ýaly, äsgermezçilikli ýylgyryşy bilen seredýärdi...

Eý, Hudaýym! Şäherden çykylýan ýerde köçäniň çatrygynda duran ýene Pantaleonä däldir-dä? Onuň ýanyndaky kimkä? Emiliomyka? Edil özi. Gojanyň ýanyndaky şol şadyýan hem wepaly ýigdekçe Emil-dä. Oglanyň juwan kalbynyň Sanine uýan, oňa ynanan, Sanini gahryman derejesinde kabul eden mahalyndan bäri kän wagt geçdimi?

---

[34]Näletkerde!

[35]Bigaýrat, dönük nejis!

Häzir bolsa onuň reňki öçük aksowult, asylly, görmegeý, örän görmegeý ýüzi — şol arada görmegeýligini saýgarmaga ýetişen Mariýa Nikolaýewna paýtunyň aýnasyndan boýnuny çykaryp, ýol üstünde duran ýigdekçä seretmeli boldy — ýigrenje, gazaba dolup durdy, *şo-ol* gözlere meňzeş gözler Saniniň içinden geçip barýardy, bir-birine gapyşan dodaklary birdenem öýkeli ýazylýardy...
Pantaleone bolsa elini uzadyp birine Sanini görkezýär. Kime? Gapdalynda duran Tartalýa, ol hem Sanine üýrýär. Bigünä, wyždanly itiň üýrmesi oňa diýseň agyr degýärdi. Murdarlyk!
Ol ýerdäki — Pariždäki durmuşy hem tutuş kemsitmeden, nägile bolmaga, gabanmaga ygtyýarsyz, ahyrynda-da geýlip şylhasy çykarylan gerekmez eşik ýaly, zyňylýan guluň aýylganç görgülerinden ybarat boldy.
Soň — Watana dolanyş, awuly hem eleşan durmuş, maýda hysyrdy, netijesiz hem hasratly puşman, edil şonuň ýaly hem, göze görünmese-de, agyr däl, ýöne bejerilmeýän, dermansyz kesel ýaly minut saýy törpüleýän zat — adamlar tarapyndan ünsden düşürilmek — aňyrsy görünmeýän, sanardan zyýat bergiňi ýeke teňňeden tölemek...
Sabyr käsesi pürepür boldy — bes indi!

***

Jemmanyň Sanine beren haçjagazy nähililik bilen ýitmän galypdyr, näme üçin yzyna gaýtarylmandyr, nädip şu güne çenli onuň üstünden barylmandyr? Ol pikire-oýa çümüp kän oturdy, köp-köp çarşenbäniň ajy tejribesini öwrenenem bolsa, şunça ýyllardan soňam asla söýmedik zenanynyň mekru-alyna aldanyp, şeýle ýürekden, şeýle mähir bilen söýen Jemmasyny terk etmeginiň sebäbine düşünmäge özünde güýç tapmaýardy. Şol günüň ertesi ol daşary ýurda gidýändigininiň habaryny ýaýratmak bilen ýoldaşlaryny haýran etdi.
Jemgyýetçilige düşnüksizlik aralaşdy. Sanin Peterburgy ak gyşyň örküjinde terk edýärdi, ýap-ýaňy eýelän, ýap-ýaňy içini düzeden, kebşirlän jaýyny, hatda hanym Pattiniň özüniň, hanym Pattiniň hut özüniň gatnaşýan italýan operasyna öňünden alan peteklerini hem taşlap gidýärdi. Saniniň dostlary, ony tanaýanlar muny geňlediler. Emma adamlara, umuman, özlerine dahylsyz bolmadyk işler bilen uzak meşgullanmak mahsus däl. Şeýlelikde, daşary ýurda ugranda Sanini ýola salmak üçin demir ýol menziline ýekeje fransuz tikinçisi geldi. Ol hem ony ugratmak üçin däl-de, *«pour un saute-en-barque en velours noir, tout à fait chic»* — şol mahallar ýörgünli bolan gara mahmaldan tikilýän deňizçi penjegini tikdirende bahasyndan galan algysyndan hantama bolup gelipdi.

## XLIV

Sanin öz dostlaryna daşary ýurda gidýändigini aýtsa-da, hut nirädigini welin ýaşyrypdy, ýöne okyjylar bolsa onuň göni Frankfurty nazarlaýandygyny çaklaýandyr. Indi ähli ýere ýaýran demir ýoluň kömegi bilen Peterburgdan ugran Sanin dördünji gün diýlende eýýäm barmaly menziline ýetdi. Ol Frankfurta 1840-njy ýyldan bäri gelip görmändi. «Ak guw» myhmanhanasy öňki ýerinde durdy. Indi ol ýokary

derejeli hasaplanmasa-da, örän oňatdy. Frankfurtyň baş köçesi bolan Seýliň ullakan üýtgän zady ýokdy, ýöne diňe bir hanym Rozelliniň jaýy däl, köçäniň gyrasyndaky süýji-köke satylýan dükanyň duran ýeriniň töweregindäki binalardanam nam-nyşan galman eken. Sanin birmahallar şeýle tanyş bolan ýerlerde makaw ýaly bolup gezdi, ýöne ozal gören zadyna gabat gelmedi. Öňki binalar ýok edilip, olaryň ýerinde mähnet-mähnet jaýly, ykjamja, sypaýy öýjagazly täze köçeler gurlupdyr. Hatda Saniniň Jemma bilen iň soňky duşuşan jemgyýetçilik bagy hem şeýlebir özgeripdir welin, onda özüne «Bu şol bagmyka beri?» — diýip sowal bermäge-de esas boldy. Sanin näme etmelidi? Ýitigiňi nireden, kimden soraglajak? Ondan bäri tutuş otuz ýyl geçdi ahyryn... Beýle gözlegden uç tapmak aňsatmy näme... Onuň ýüzlenen adamlarynyň hiç biri, hatda Rozelli diýen ady hem eşitmän ekenler. Myhmanhananyň eýesi näme netije çykjagyny aýdyp bilmese-de, Sanine jemgyýetçilik kitaphanasyna ýüz tutup, şol ýerdäki köne gazetleri dörüşdirmegi maslahat berdi. Kelebiň ujuny ýitiren Sanin, hatda jenap Klýuberiňem ideg-soragyny etdi. Onuň ady myhmanhananyň hojaýynyna belli eken, ýöne belli bolsa-da, bähbitli netije çykmady. Işi rowaç alyp, kapitalist derejesine ýetensoň, Klýuber, söwdasy batyp, garyp galypdyr, ahyram türmä düşüp, şol ýerde hem ölüpdir... Ol habar Sanini birjik-de gamlandyrmady... Soň ol öz başlan syýahatyny oýlanyşyksyz ädilen ädim diýip hasap etdi. Bir öwra Frankfurtyň salgy kitapçasyny agtaryşdyryp oturan Sanin ozalky maýor Döngofyň (Maýor a.D.) adyna gabat geldi. Ol at şol Döngofyňkymy ýa-da onuň atdaşynyňkymy, şol bolaýanda-da Döngof Rozellileriň maşgalasyny nireden tanamalymyş — parhy ýok, Sanin derrew paýtun tutup, ozalky maýoryň üstüne eňdi. Hawa-da, gark bolýan sypaldanam dalda islär diýleni-dä.

Sanin ozalky maýor fon Döngofy öýünden tapdy — özüni kabul eden çal saç jenabyň öňki garşydaşydygyny ol derrew tanady. Ol hem Sanini tanady, hatda onuň gelmegine begendem. Duşuşyk oňa ýaşlygyny, ýaşlyk bezzatlygyny ýatlatdy. Döngof Sanine Rozellileriň maşgalasynyň bireýýäm Amerika, Nýu-Ýorka göçendigini, Jemmanyň bir täjire durmuşa çykandygyny, onuň, ýagny Döngofyň Amerika bilen iş salyşýan täjir tanşynyň bardygyny, onuňam Jemmanyň äriniň salgyny bilýän bolmagynyň ahmaldygyny aýtdy. Sanin öý eýesinden şol täjiriň üstüne gidip gelmegini haýyş etdi. Ana, saňa çüwmek — Döngof Jemmanyň äri jenap Iýeremin Slokomyň salgysyny anyklady: *M-r J.Slocum, New York, Broadway,* № 501. Ýöne ele salnan salgy 1863-nji ýyla degişli eken.

— Biziň birmahalky frankfurtly perizadymyz entek ýaşap ýörendir hemem Nýu-Ýorkdan göçen däldir diýip umyt edeliň! — Ol sesini peseldip, geçmişden sowal berdi. — Wisbadende bir rus zenanymyhmançylykda bolupdy, ýadyňyzdamy? Hanym fon Bo... fon Bozolof... şol entek dirimi?

— Ýok — diýip, Sanin jogap gaýtardy. — Ol bireýýäm dünýäden ötdi.

Döngof gabagyny galdyrdy, ýöne Saniniň ýüzüni sowup, gaşlaryny çytanyny görensoň, ýeke söz hem diýmän, turmak bilen boldy.

***

Sanin şol günüň özünde Nýu-Ýorka Jemma Slokom hanyma hat ýollady. Haty ol Frankfurtdan, diňe bir maksat bilen, onuň yzyny çalmak üçin gelen ýerinden

iberýändigini; özüniň gysgajyk jogap gaýtarylmak hukugyndanam nähili derejede mahrumdygyna örän oňat düşünýändigini; günäsiniň ötülmegine hiç hili tutaryk ýokdugyny, diňe bir zada — bagtyýar durmuşda ýaşaýanlygy sebäpli, özümi unudandyr diýip çak edýändigini ýazdy. Ol tötänden dörän mümkinçiligiň geçmişini aňynda gaýtadan janlandyrandygy sebäpli, özi hakynda ýatlatmak aýgydyna gelendigini hatyna goşdy; hatynda ýalňyz, maşgalasyz, hasratly durmuşyny beýan etdi; özüne ýüzlenmeginiň sebäbine düşünmegini, bireýýäm derdini çeken, ýöne bagyşlanmadyk ajy ýazygyny mazara alyp gitmegine ýol bermezligini, baran täze dünýäsinde neneňsi ýaşaýandygy barada gysgajyk hat ýazyp, begendirmegini sorady. Sanin hatyny şeýle tamamlady: «Iň bolmanda, ýekeje söz ýazsaňyzam öz päk kalbyňyza mynasyp, ajaýyp iş etdigiňiz bolardy. Men hem tä iň soňky demime çenli size minnetdar bolardym. Men *«Ak guw»* (bu iki sözüň aşagyny çyzdy) myhmanhanasynda düşledim. Indiki bahara çenli, ýagny tä sizden hatyma jogap gelýänçä, şu ýerde garaşaryn».

Haty ugradan Sanin jogaba garaşmak bilen ýaşady. Ol tutuş alty hepdeläp otagdan çykman, hiç kimi görmän diýen ýaly oňdy. Russiýadanam, başga ýerlerdenem hiç kim oňa hat ýazyp bilmeýärdi, oňa geregi-de şoldy, öz adyna ýeke hat geläýse kimden, nireden gelenini şol bada biljekdi. Ol ertirden tä agşama çenli okaýardy. Okaýanlary-da žurnal däldi-de, düýpli — taryhy ýygyndylardy. Beýdip uzak wagtlap okamaklyk — dym-dyrslyk, balykgulagyň içindäki ýapyk ýaşaýşa meňzeýärdi. Ýöne beýle ýagdaý onuň häzirki ruhy durmuşyna, içki dünýäsine gaýym bap gelýän ýaşaýyşdy. Jemma diňe şonuň üçinem minnetdar bolaýmalydy. Ýöne ol dirimikä? Hata jogap gaýtararmyka?

Ahyrsoňy onuň adyna Nýu-Ýorkdan Amerikanyň poçta möhüri basylan hat geldi. Bukjanyň daşyndaky ýazgy iňlis dilindedi. Harplary tanamansoň, Saniniň ýüregi jigläp gitdi, bukjany derrew açmaga bogny ysmady, haty ýollanyň goluna garady: Jemma! Owalar derrew gözýaşdan doldy. Jemmanyň familiýasyny görkezmän, diňe adyny ýazmagynyň özi hem Sanin üçin ýaraşmaklygyň, bagyşlamaklygyň alamaty bolup duýuldy. Ol aragatnaşyk bukjasynyň ýukajyk gök kagyzynyň arasyny açdy welin, ol ýerden bir surat gaçdy. Ony gyssagly galdyran Sanin haýran bolmakdan ýaňa doňup galdy: Jemma! Hut Jemmanyň özi! Ýaşajyk Jemma! Saniniň otuz ýyl myndan ozal tanşan Jemmasy! Şol mähriban gözler, şol bägül dodaklar, şol öňki keşp! Suratyň arka tarapynda: «Meniň gyzym Marianna» diýlen ýazgy bardy. Hat başdan-aýak mylaýym, sada äheň bilen ýazylandy. Jemma özüne ynanmazçylyk etmän, ýüz tutany üçin Sanine minnetdarlyk bildirýärdi, ol sergezdançylyk döwründe agyr pursatlary başdan geçirendigini-de gizlemeýärdi, şol bada hem onuň bilen duşuşmagyny bagtlylyk hasaplandygyny, hemişe-de hasaplaýandygyny, sebäbi ol duşuşygyň özüni jenap Klýubere aýal bolmakdan halas edendigini, şeýlelik bilenem, indi ýigrimi sekizinji ýyl bile bagtyýarlykda, bolelinlikde, agzybirlikde, Nýu-Ýorka belli jaýda ýaşaşyp ýören adamsyna sataşmagyna-da, gönümel bolmasa-da, aýlawly täsir ýetirendigi üçin hoşal bolýardy. Jemma Sanine bäş çagasynyň, dört oglunyň hem ejesine örän meňzeş hasaplaýandyklary üçin suratyny ýollan, on sekiz ýaşly durmuşa çykjak gelinlik gyzynyň bardygyny habar berýärdi. Gamgyn habarlary Jemma hatyň soňuna goýupdyr. Frau Lenore gyzy bilen giýewisiniň yzyndan gelensoň, Nýu-Ýorkda ýogalypdyr, ýöne çagalaryna guwanmaga, agtyklaryny hüwdülemäge

ýetişipdir. Pantaleone hem Amerika gelmekçi eken, ýöne ugramazynyň edil öň ýany Frankfurtda ýogalypdyr. «Biziň Emiliomyz, mähriban, deňsiz-taýsyz Emiliomyz bolsa, beýik Garibaldiniň öňbaşçylygyndaky «müňleriň» biri bolup, Watanyň garaşsyzlygy ugrundaky söweşde, Sisiliýada gahrymanlarça wepat boldy. Gerçek ýigidiň ölümi zerarly gaty kän gözýaş dökdük, ýöne gözýaş etmek bilen birlikde biz hemişe onuň ruhuna hormat goýup, mertligine buýsanyp ýaşarys. Onuň belent hem öz peýdasyna çapmadyk kalby jepaly ölümiň täjine mynasypdy». Soňra Jemma, çaky, bişeýkel bolan durmuşy üçin, Sanine haýpynyň gelýändigini aýdyp, oňa hemme zatdan ozal sabyr-takatlylyk, dünýesiniň abat bolmagyny dileýärdi, görüşmeklige tamanyň gaty ujypsyzdygyna garamazdan, duşuşsa begenjekdigini beýan edýärdi...

Şol haty okan mahaly Saniniň başyndan geçiren duýgusyny ýazmakdan çeke durýarys. Beýle duýgularyň kanagatlanarly aňlatmasy ýok, ol duýgy söz bilen beýan ederden çuň hem güýçli. Ony diňe saz beýan edip bilerdi.

Sanin hata derrew jogap ýazdy, «Marianna Slokoma näbelli dostundan» diýen sözleriýazyp, dür bilen bezelen ajaýyp gyrmyzy haçjagazy gelinlige sowgat iberdi. Sowgat örän gymmatbaha bolsa-da, onuň üçin Sanin garyp galmaýardy. Sebäbi Frankfurta ilkinji gezek gadam basaly bäri geçen otuz ýylyň dowamynda ol ep-esli baýlyk toplapdy. Ol maý aýynyň ilkinji günlerinde Peterburga dolandy. Ýöne uzak wagtlyk däl bolsa gerek. Il arasynda Sanin ähli emlägini satyp, Amerika gidýärmişin diýen gürrüň peýda boldy.

**SOŇY.**

**Rus dilinden terjime eden**

**Atajan TAGAN**